TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝAZMALAR INSTITUTY

MAHMYT ZAMAHŞARY

# ÝAGŞYZADALARYŇ BAHARY

أبو القاسم محمود بن عمر جارالله الزمخشرى

# ر بيع الأبرار

## III

Arap dilinden terjime eden
we çapa taýýarlan
**Kakajan Janbekow**

AŞGABAT «MIRAS» 2004

**UOK 820/89(100-87)**
**Z23**

**Z23 Zamahşary M.**
Ýagşyzadalaryň bahary, III jilt, A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2004, 336s.

**JOGAPKÄR REDAKTORLAR**
**Hramow W.M., Bekiýew A.R., Aşyrow A.A.**

**REDAKTOR**
**A. Durdyýewa,** *dil-edebiýat ylymlarynyň kandidaty*

*Türkmenistanyň Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda we gönüden-göni tabşyrygy esasynda türkmen dilinde ilkinji gezek neşir edilýän bu kitap XI-XII asyrlarda ýaşap geçen beýik türkmen alymy Mahmyt Zamahşarynyň «Ýagşyzadalaryň bahary» atly köp jiltli eseri. Dünýä edebiýatynyň genji-hazynasyna giren bu eser milli mirasymyzyň ruhy gymmatlyklarynyň naýbaşy nusgalarynyň biridir.*

*Pähim-paýhaslardan, öwüt-nesihatlardan, nakyllardyr atalar sözlerinden ybarat bolan bu eser biziň ruhy dünýämiziň has hem gözelleşmegine, ynsaplaşmagyna hyzmat eder. Kitap eseriň Stambulda saklanýan golýazma nusgasy esasynda türkmen diline terjime edildi.*

**TMMMM №13**

**TDKP №79** **2004** **KBK84.35(5)**

© Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2004ý.
Zamahşary M., III jilt, 2004 ý.
Janbekow K., terjime, çapa taýýarlama, 2004 ý.

***Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň Ilkinji we Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda neşir edilýär.***

# GEÇMIŞIŇ ÝAŇY — GELJEGIŇ DAŇY

Türkmeniň ykbal asmanyndan nur saçýan Garaşsyzlyk halkymyza diňe bir Altyn eýýamyň altyn gapysyny açyp bermän, eýsem onuň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmeklige, medeni we ruhy miraslarynyň ilgünüň köňül ganatyna öwrülmegine hem giň mümkinçilik berdi. Bu bolsa häzirki türkmen döwletiniň berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar.

Türkmen topragy müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýä medeniýetiniň umumy taryhy üçin ähmiýetli wakalaryň mesgeni boldy. Bu toprak ekerançylyk, maldarçylyk, ylym, medeniýet we sungat sallançagy boldy. Alymlar biziň eýýamymyzdan 6 müň ýyl öň türkmenleriň ata-babalarynyň öňdebaryjy bilimleri özleşdirendigini nygtaýarlar. Irki ekerançylyk zamanasyndaky türkmen jemgyýetleri Garadepe, Göksüýri, Ýylgynly ýaly oturymly ýerleri — ajaýyp ýadygärlikleri miras goýdy. Gadymy oguz-türkmen döwleti, Parfiýa zamanasy, seljuk türkmenleriniň döreden onlarça döwletleri, osman türkmenleriniň soltanlyklary we beýleki türkmen döwletleri adamzadyň syýasy taryhynda özboluşly adalat baýdagy

bolup pasyrdady. Hut şonuň üçin hem Türkmenistany dünýä taryhynyň ösüşinde Hytaýyň, Mesopotamiýanyň, Müsüriň hatarynda goýýarlar. Ata-babalarymyz dünýä gymmatlyklarynyň arasynda özboluşly, milli öwüşgin bilen lowurdaýan ruhy we medeni baýlyklary bize miras galdyrdy.

Medeni miras — bu perzendiň üstünde kökenek gerýän türkmen enesiniň hüwdüsidir, agras türkmen gojasynyň pendi-nesihatydyr. Mukaddes topragy gany bilen goran gaýduwsyz gerçegiň iň soňky demdäki wesýetidir, naçar doganyň gerçegiň jesedini ýuwýan ajy gözýaşydyr.

Medeni miras — bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr.

Medeni miras — bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir.

Ruhnamada belläp geçişim ýaly, ***«Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň***

***taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyk-laryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr».*** Biz ata-babalarymyzyň öňündäki şol ogullyk borjumyzy berjaý etmek maksady bilen hem Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezini döretdik.

Asyrlaryň gatlaryna siňen medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek, Ruhnamanyň ruhunda ylmy esasda özleşdirmek, dünýäniň dürli künjeginde beýik döwletleri döreden halkymyza degişli miraslary tapmak, olary täzeden jana getirmek, ajaýyp kitaplara öwrüp, gaýtadan halkymyza hem-de dünýä ýaýmak «Miras» merkeziniň işgärleriniň öňünde duran gaýragoýulmasyz borçdur!

**Eziz halkym!**

Siziň eliňizde «Miras» merkeziniň taýýarlan kitaby. Bu kitabyň biziň ata-babalarymyzyň döreden ruhy we medeni gymmatlyklaryna teşne kalbyňyza teselli berjekdigine ynanýaryn. Käbelerimiz hem kyblalarymyz hakyndaky ýüreklerimiziň töründäki gyzgyn söýginiň oduny alawlandyrjakdygy mende ýakymly duýgy döredýär.

«Miras» merkeziniň çykarjak kitaplarynyň höwrüniň köp boljakdygyna ynanýaryn we oňa ak ýol arzuw edýärin.

Işiň rowaç, ýollaryň ýagty bolsun!



**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Saparmyrat TÜRKMENBAŞY.**

# OTUZ BIRINJI BAP

## ATLAR, LAKAMLAR WE KÜNÝELER[1] HAKYNDA

Enes Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Kimde-kim ýolda Allanyň ady ýazylan kagyz tapyp, Allatagala hormat goýup, ony ýerden galdyrsa, ol adamyň dünýäden öten ene-atasy müşrük bolan bolsalar-da, günäleri geçiler» diýýär.

* * *

Äşe (goý, Alla ondan razy bolsun!) tikinçiden köýnek tikip bermegini soraýar. Köýnek taýýar bolandan soň Äşe tikinçiden:

— Sen köýnegi tikeniňde Allanyň adyny aýdyp başladyňmy? — diýip soraýar.

Tikinçi:

— Ýok — diýýär.

Onda Äşe:

— Bu köýnek teniňe ýakym bermez — diýýär we köýnegiň puluny töläp, ony tikinçä goýup gaýdýar.

---

[1] Künýe – adamlaryň çagasy bilen baglanyşykly atlar. Meselem, Muhammet pygamberiň Kasym diýen ogly bolanda, Pygamberi Abul Kasym (Kasymyň kakasy) diýip atlandyryp başlapdyrlar.

* * *

Ibn Apbas Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Iblis esasan üç gezek gaýgy-gama batdy. Birinji gezek jennetden kowlanda, ikinji gezek Muhammet alaýhyssalam dünýä inende, üçünji gezek Allanyň ady bilen «Fatyha» süresi inende» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Bismilläh» bilen okalan doga kabul bolýandyr. Kyýamat güni meniň kowumym «Bismillä-hir-r-rahmany-r-rahym» diýip gelerler we olaryň mizan terezisinde günädir sogaby ölçenende, bu sözleri aýdan musulmanyň sogaby agyr geler. Bu ýagdaýy gören başga kowumlar «Muhammediň kowumynyň sogaby agyr gelýär» diýip haýran galarlar. Onda her kowumyň pygamberleri: «Olar her bir işe başlanda, Allatagalanyň ady bilen başladylar ahyryn» diýerler» diýýär.

* * *

Ekreme: «Bismillä» sözi dünýä inen güni daglar aýylganç ses etdi. Bu ses dünýäniň ähli künjegine ýaň saldy. Bu sesi eşidenler: «Muhammet alaýhyssalam daglary daňdy, diýip aýdypdylar» diýýär.

* * *

Isgender Zülkarneýniň goşunynda Isgender atly bir serkerde bardy. Isgender Zülkarneýn ony her gezek söweşe ugradanda ýeňlişe sezewar bolardy. Ahyry Isgender ony ýanyna çagyryp:

— Atdaş ýa-ha ýeňiş gazan ýa-da adyňy üýtget. Men halkyň arasynda özüm hakynda ýalňyş pikir döremeginden gorkýaryn — diýýär.

* * *

Bir adam Amr ibn Abydyň gapysyny kakypdyr. Amr gapynyň ýanyna baryp:

— Kim sen? — diýip sorapdyr.

Ol:

— Bu men — diýip jogap beripdir.

Onda Amr:

— Meniň dogan-garyndaşymyň, dost-ýarymyň içinde «Men» atlysy ýok — diýipdir.

* * *

Farazdak şeýle diýýär:

Ynsana berilýär at, künýe, lakam,
Adyna mynasyp heý taparmykaň.

* * *

Jahyz: «Gadymy şahyrlar goşgularynda şalara, halypalara dürli-dürli at we künýeleri berdiler. Soňra beýle etmek goşguda adata öwrüldi. Emma Sasanlylar döwletiniň hökümdarlary bu adatdan ýüz öwürdiler. Olaryň künýeleri şygyrda-da, hutbada-da ýatlanmady» diýipdir.

* * *

Araplarda edepsiz bir taýpa bardy. Olar Nuhammet alaýhyssalamyň ýanyna gelende, onuň adyny ýa-da künýesini tutup ýüzlenerdiler. Pygamberiň egindeşleri bolsa: «Eý, Resulalla» ýa-da «Eý, Nebiulla» diýip ýüzlenerdiler. Şeýle-de şol döwrüň halypadyr şalaryna: «Halyfatulla» ýa-da «Möminleriň emiri» diýip ýüz tutmak adat edilipdi.

* * *

Halypanyň ýanyna girende özüňi alyp barmagyň, gürlemegiň edebi bardyr. Bir gün Sagyt[1] ibn Mizretil Kindi halypa Mugawyýanyň ýanyna barýar. Mugawyýa ondan:

— Sen Sagytmy? — diýip soraýar.

Onda ol:

— Möminleriň emiri bagtlydyr. Men bolsa Mizretil Kindiniň oglydyryn — diýip jogap berýär.

* * *

Seýit[2] ibn Enes Mamunyň ýanyna girýär. Mamun ondan:

— Sen seýitmi? — diýip soraýar.

Onda Seýit:

— Eý, möminleriň emiri! Jenap sensiň, men bolsa Enesiň ogludyryn — diýip jogap berýär.

* * *

Jahyz şeýle diýýär:

Deňize iki dirhem peşgeş berdim men,
«Iki dirhemni al!» bolsun janyma hemdem.

Hajatyňa ulan aýt maňa öwgi-şükür,
Bu wakany eşiden adyma diýdi Bahr[3].

Abu Gamr[4] boldy künýäm,
Şoldur meň maly-dünýäm.

---

[1] Sagyt – bagtly.
[2] Seýit – jenap.
[3] Bahr – deňiz .
[4] Abu Gamr – eli açyk, sahy.

* * *

Jabyr Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadysy gürrüň berýär. Ol: «Kimde-kim ogluna Muhammet adyny daksa, Alla bu maşgalanyň rysgaly köpeler. Eger siz olara şu ady daksaňyz ony urup-sögmäň. Eger-de biriniň üç ogly bolup, ol adam üç oglundan birine Ahmet ýa-da Muhammet diýip at goýmasa, meni sylamadygydyr» diýer eken.

* * *

Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadysy gürrüň berýär. Ol: «Kimdir biri meniň adym bilen atlandyrsa, meniň künýäm bilen atlandyrmasyn. Eger-de kimdir biri meniň künýäm bilen atlandyrsa, meniň adym bilen atlandyrmasyn» diýýär.

* * *

Muhammet bin Hanypa Hezreti Alydan (goý, Alla olardan razy bolsun!) şeýle rowaýaty ýatlaýar. Hezreti Aly Muhammet alaýhyssalamdan: «Eý, Resulalla men ogluma seniň adyňy goýdum. Indi men ony seniň kunýäň bilen hem atlandyryp bilerinmi?» diýip soraýar. Resulalla: «Hawa» diýip jogap berýär.

* * *

Abu Derda Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadysy gürrüň berýär. Resulalla: «Eý, adamlar, kyýamat güni sizi öz adyňyzy we kakaňyzyň adyny tutup çagyrarlar. Şonuň üçin çagalaryňyza gowy atlar goýuň» diýýär.

* * *

Abu Wahhap Jaşany Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadysy gürrüň berýär. Resulalla: «Çagalaryňyza pygamberleriň adyny goýuň. Allatagalanyň ýanynda iň gowy görülýän atlaryň biri Abdylla we Abdyrahmandyr. Gowusy Harys we Halandyr. Iň erbet görülýän atlaryň biri Harb we Mirredir» diýýär.

* * *

Ibn Apbasyň aýtmagyna görä, Resulalla: «Atanyň perzendiniň öňündäki borçlarynyň biri, oňa ýagşy at we terbiýe bermekdir. Çaganyň öz adyna mynasyp we edepli bolup ýetişmegi onyň ene-atasynyň öňündäki perzentlik borjudyr» diýýär.

* * *

Abdyrahman Ibn Zeýt:

— Meniň eşidişime görä, aýy-güni etmän düşen çagalar kyýamat güni kakasynyň arkasyna geçip: «Sen meni taşladyň. Wagtyndan öň dünýäden gidip, maňa at hem berilmedi» diýerler — diýýär.

Bu gürrüňi diňläp oturan Omar ibn Abdyleziz:

— Onuň oglandygyny gyzdygyny bilmän nähili at goýjak — diýip soraýar.

Onda Abdyrahman:

— Olaryň ikisine-de degişli bolan Hamza, Ymara, Talha, Ataba ýaly atlary goýaýmalydyr — diýip jogap berýär.

* * *

Pygamber alaýhyssalam käbir egindeşleriniň jahylyýet döwründäki goýlan (dakylan) atlaryny üýtgedipdir. Syddygyň Abdylkäbe adyny Abubekr ady bilen, Ibn Awfyň Abdylharys adyny Abdyrahman ady bilen çalyşdy. Şeýle-de Pygamber

alaýhyssalam ýerleriň atlaryny üýtgetdi. Ol Şaabud Dalala (ýolundan azaşan halk) diýilýän kowumyň adyna Şaabul huda (dogry ýola düşen halk) adyny dakdy.

* * *

Halypalar we başga-da meşhur, wezipeli adamlar, eger, kimdir biriniň ady gowy bolsa, oňa hormat goýar ekenler. Eger ady erbet bolsa, onda ol adamy tanamanam, ony ýigrener ekenler. Kowumlaryň käsiniň öwlüp, käsiniň erbet görülmegi hem olaryň atlary bilen bagly bolupdyr.

* * *

Jahyz Abul Faraj ibn Nejaha[1] hat ýollaýar. Ol hatynda: «Eý, Abu Faraj! Allatagala saňa we seniň kakaňa ýagşy at beripdir. Size bu atlary berenler siziň geljegiňiz hakynda ýagşy umytlar edendirler. Seniň adyň manysy «şatlyk» diýmegi aňlatsa, kakaň ady «üstünlik» diýmegi aňladýar. Hüý-häsiýetiňiz adyňyza laýyk gelse, durmuşda, adamlaryň arasynda üstünlik hemraňyz bolar» diýip ýazýar.

* * *

Bir gezek Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!) kimdir biriniň kömek bermegine mätäç bolupdyr. Ol geçip barýan adamdan kömek bermegini isläp, onuň adyny sorapdyr. Ol adam:

— Zalym ibn Sarrak[2] — diýip jogap beripdir.

Onda Omar:

---

[1] Abul Faraj ibn Muhammet ibn Nejah ibn Selme Kätip. Onuň kakasy Nejah ibn Selme emewiler halypasy Mütewekkiliň diwanynda kätip bolup işleýär we 245-nji hijri ýylynda öldürilýär. Nejah öldürilenden soň Mütewwekil onuň ogly Abul Farajy tussaglykda saklaýar. Abul Faraj tussaglykdan azat bolandan soň maşgalasyny alyp, dogduk mekanyndan göç edýär.

[2] Sarrak – arap dilinde «ogry» diýmegi aňladýar.

— Özüň zalym bolup, kakaň hem ogry bolan bolsa, seniň kömek edeniň geregem däl — diýipdir we onuň ýardam bermeginden ýüz dönderipdir.

* * *

Bir gezek kuraýyşlylardan bir adam Hezreti Alynyň (goý, Alla ondan razy bolsun!) ýanyna gelip oňa:

— Ensarylar we muhajyrlar Abubekri we Omary senden ileri tutýarlar. Sen yslamy kabul edişiň boýunça, aslyň, gelip çykyşyň boýunça, adamlaryň arasyndaky abraýyň boýunça olardan ýokarda durmalysyň — diýýär.

Onda Aly:

— Allatagala musulmana musulmany öldürmegi gadagan etmedik bolsa, şu sözleriň üçin men seni öldürerdim — diýýär.

* * *

Bir adam başga birinden:

— Seniň adyň näme? — diýip soraýar.

Ol adam:

— Bahr — diýip jogap berýär.

— Kunýäň näme?

— Abul Faýz[1].

— Kimiň ogly?

— Fyradyň[2] ogly.

Onda beýleki adam kinaýa bilen:

— Onda, dostuň seniň ýanyňa myhmançylyga gämi bilen gelýändirow? — diýýär.

---

[1] Abul Faýyz – joşgun, suwuň joşmagy.

[2] Fyrat – Ýefrat derýasy.

* * *

Abu Selmäniň gyzy Zeýnep Muhammet ibn Amr ibn Atadan:

— Gyzyňa näme diýip at dakdyň? — diýip soraýar.

Ol:

— Birra (gowy, haýyr iş edýän) — diýip jogap berýär.

Zeýnep:

— Sen, name, Pygamber alaýhyssalamyň bu ady goýmagy gadagan edendigini bileňokmy?

Ol:

— Allatagala adamlaryň gowy-erbedini adyna seretmezden bilýändir — diýip aýdypdy ahyryn.

* * *

Bir arap oglanjykdan:

— Kakaň ady näme? — diýip sorapdyr.

Ol:

— Wow, wow — diýip jogap beripdir.

Sebäbi onuň kakasynyň ady Kelb[1] ekeni.

* * *

Bir adamyň özüniň ady Wassap[2] bolup, itiniň ady Amyr eken. Bir şahyr ol adamyň şanyna şu beýdi aýdypdyr:

— Bu adama Beýik Alla sähel ýardam eden bolsa,
Itiň ady Wassap goýup, oň adyny Amyr kylsa.

* * *

Abu Hureýre Pygamber alaýhyssalamdan şeýle hadysy gürrüň berýär. Ol: «Kimde-kim özüni Allatagalanyň atlary

[1] Kelb – it.
[2] Wassap – gaharjaň, topulýan.

bilen, ýagny «Mälikul muluk ýa-da Züljelal wel ikram» diýip atlandyran bolsa, kyýamat güni ol adam erbet görülýänleriň we ýigrenilýänleriň hatarynda bolar» diýýär.

* * *

Hasan Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys gürrüň berýär. Ol: «Alla we Rahman diýlip atlandyrylan adamlar hem şeýle bolarlar» diýýär.

* * *

Kasy ibn Kilap[1]: «Meniň dört oglum boldy. Men olaryň ikisini Hudaýymyzyň atlary bilen, ýagny Abdyl Uzza[2] we Abdyl Mennaf[3] diýip atlandyrdym. Galan ikisine özüme we öýüme degişli at berdim, ýagny Abdylkasy we Abdyd Dar[4] diýip atlandyrdym» diýýär.

Bu öýde kuraýyşlylar ýygnanyp maslahat eder ekenler. Kuraýyşlylar bu öýi Darun Nadwa[5] diýip atlandyrar ekenler.

* * *

Muhammet alaýhyssalamyň aýaly Hatyjanyň yzynda gelen ogly Hind ibn Abu Hala[1]: «Men dört sany adamy has

---

[1] Kasy ibn Kilap ibn Merre ibn Kagp ibn Lywa. Ol Muhammet alaýhyssalamyň bäşinji arkasyndan bolup, ýaş wagty ýetim galýar. Onuň ejesi beni uzradan birine durmuşa çykýar we Şam etraplaryna göç edýär. Kasy hem ejesi bilen Şama gidýär. Taryhçylar onuň hakyky adynyň Zeýt ýa-da Ýezit bolandygyny ýatlap geçýärler. Ulalandan soň ýene-de Mekkä gaýdyp gelýär we kem-kemden taýpasynyň aksakallygyny ele alýar. Beni kasy onuň diýeninden çykyp bilmezdiler. Ol Mekkede wepat bolýar. Kasy wepat bolandan soň taýpanyň aksakkallygy ogly Abdyl Mennafa geçýär.

[2] Abdyl Uzza – Uzzanyň guly.

[3] Abdyl Mennaf – Mennafyň guly.

[4] Abdyd Dar – öýüň guly.

[5] Darun Nadwa – Maslahat öýi.

hormatlaýaryn. Olar: kakam Muhammet alaýhyssalam, ejem Hatyja, doganym Patma we inim Kasym. Meniň üçin şu dördüsiniň hormaty-sylagy beýlekilerden ýokarda durýandyr» diýýär.

* * *

Bir gezek Abdylla ibn Abubekr[2] dogany Asma bilen gowakda müşrüklerden gizlenen Muhammet alaýhyssalam bilen Abubekre gijäniň içinde iýip-içer ýaly zat getirdiler. Bu getirilen tagamlary goýar ýaly olarda saçak tapylmady. Şonda Asma ýaglygyny ikä bölüp, bir bölegini olara saçak edinmäge berdi. Pygamber oňa: «Seniň şu bir ýaglygyň deregine Allatagala jennetde iki ýaglyk bagyş eder» diýdi. Başga bir rowaýatda Asmanyň iki ýaglygy bolup, şolaryň birinde Pygamber bilen kakasyna azyk daşar eken. Şonuň üçin hem Asma Zat Nitakeýn[3] adyny alýar.

* * *

Eger at özge dilden geçen söz bolsa, onda bu at şol ady göterýän adamy buýsandyrýardy we ony dürli-dürli lakam dakylmagyndan goraýardy.

---

[1] Golýazmada Hind ibn Hala diýip ýazylan hem bolsa ol Hind ibn Abu Hala Temimi Muhammet alaýhysallamyň öweý ogly. Ol Hatyjanyň birinji adamsyndan bolup, Muhammet alaýhyssalamyň elinde terbiýe alýar. Ol Hezreti Aly bilen bir günde wepat bolýar. Taryhy çeşmelerde onuň örän dilewar we alym bolandygyny ýatlap geçýärler.

[2] Abdylla ibn Abubekr Abubekr Syddygyň ogly, Asmanyň süýtdeş dogany. Ol yslam dinini ir kabul edenleriň biri. Birnäçe söweşlere gatnaşyp kakasynyň halypalyk eden döwründe ýagny 11- nji hijri ýylynda wepat bolýar.

[3] Zat Nitakeýin – iki ýaglykly.

* * *

Bir gün Ybada emewiler halypasy Mütewekkiliň ýanyna gelýär. Mütewekkiliň öňünde jam durdy. Jamyň içinde bolsa müň dinar bardy. Ol Ybada:

— Men senden bir zat soramakçy. Eger sen pikirlenmän dogry jogap berip bilseň, men şu jamy içindäki müň dinary bilen saňa berjek — diýýär.

Onda Ybada:

— Eý, möminleriň emiri, näme soraryn diýseň sorap bilersiň — diýýär.

Mütewekkil Ybada:

— Sen maňa ady bolup, künýesi ýok we künýesi bolup ady ýok zadyň nämedigini aýt — diýdi.

Ybada oýlanmazdan:

— Minara we Abu Riýah[1] — diýip jogap berýär.

Ybadanyň jogaby Mütewekkiliň göwnünden turup, oňa öňündäki jamy içindäki müň dinary bilen bilelikde bagyş edýär.

* * *

Osman ibn Affana (goý, Alla ondan razy bolsun!) Zunnureýn[2] diýip at berdiler. Sebäbi olar yslamda biri-birine mynasyp çatynjalardy. Rowaýat etmeklerine görä, bir gezek Resulalla bir kişini Osmanyň ýanyna goýberdi. Ol adam wagty bilen yzyna dolanmady. Haçan-da Pygamberiň ýanyna dolanyp gelende, Pygamber oňa:

---

[1] Abu Riýah – flýuger.
[2] Zunnureýn – iki nurly.

— Seniň näme üçin gijä galanyňy aýdaýyn. Sen Osman bilen Rukaýýanyň[1] husny-jemalyna guwanyp, olary synlap gijä galansyň — diýdi.

Ol adam:

— Hak aýtdyň Resulalla. Osman bir nur bolsa, Rukaýýa ikinji nurdur — diýdi.

Başga bir rowaýatda: «Osman Muhammet alaýhyssalamyň iki gyzyna Rukaýýa we Ümmi Gülsüme[2] öýlenýär we şonuň üçin iki nurly adyny alýar» diýilýär.

* * *

Nizal ibn Subra[3] Hezreti Alydan (goý, Alla ondan razy bolsun!) şeýle wakany gürrüň berýär. Hezreti Aly:

— Pygamber iki gyzyny Osmana durmuşa çykardy we şonuň üçin «Zunnureýn» adyna eýe boldy — diýýär.

Pygamber:

---

[1] Rukaýýa Muhammet alaýhyssalam bilen Hatyjanyň gyzy. Oňa ilki Muhammet alaýhyssalamyň agasy Abu Lähebiň ogly Ataba öýlenýär. Muhammet alaýhyssalama pygamberlik berlenden soň Abu Läheb ogluna Muhammediň gyzynyn talak etmegi buýrýar. Abu Lähebiň ogly Rukaýýa el gatman talak edýär. Soň Rukaýýa Osman ibn Affana durmuşa çykýar. Osmanyň Rukaýýadan ogly bolýar. Oňa Abdylla diýip at berýärler. Osmanyň adyny Abu Abdylla diýip tutup başlaýarlar. Emma çaga ýaşka horaz çokup öldürýär. Ondan soň olaryň çagasy bolmaýar. Rukaýýa iki gezek, birinji gezek Hebeşistana soňra Medinä hijret edýär. Oňa 2-nji hijri ýylynda gyzamyk örýär. Onuň kesellän wagty Bedr söweşine gabat gelýär. Osman Rukaýýanyň ýanynda bolmak üçin Bedr söweşinden galýar. Zeýt ibn Harysa musulmanlaryň ýeňişini buşlap şähere giren wagty Rukaýýa jan berýar.

[2] Ümmi Gülsüm Muhammet alaýhyssalam bilen Hatyjanyň gyzy. Ol hem ilki Muhammet alaýhyssalamyň agasy Abu Lähebiň ogly Akaba durmuşa çykýar. Muhammet alaýhyssalama pygamberlik berlenden soň Abu Läheb bu oglyna-da aýalynyn talak etdirýär. Osman ibn Affanyň aýaly, Ümmi Gülsümiň dogany – Rukaýýa wepat bolandan soň, 3-nji hijri ýylynda Ümmi Gülsüm Osmana durmuşa çykýar. Emma olardan çaga dünýä inmeýär. Ol 9- njy hijri ýylynda wepat bolýar.

[3] Nizal ibn Subra Hilali Kufy. Ol tabygylardan bolup, Abubekrden, Osmandan, Hezereti Alydan Muhammet alaýhyssalamyň hadyslaryny eşidip, rowaýat edýär.

— Eger meniň kyrk gyzym bolan bolsa, men olaryň hemmesini yzly-yzyna Osmana durmuşa çykarardym — diýdi.

Başga adamlar bolsa: «Osmandan başga hiç kim Pygamberiň iki gyzyna öýlenen däldir» diýýärler.

* * *

Tüfeýil ibn Amr Dusa[1] Zunnur[2] diýerdiler. Ol yslam dinini kabul edip, öýüne gaýtmakçy bolanda Muhammet alaýhyssalama:

— Eý, Resullala! Kowmym meniň sözlerime ynanar ýaly maňa delil ber — diýýär.

Muhamet alaýhysalam Tüfeýliň maňlaýyny sypalaýar welin, onuň maňlaýynda nur peýda bolýar. Tüfeýil Muhammet alaýhyssalama:

— Eý, Resulalla! Men namaz okap, maňlaýymda nur emele getirmek isleýärin — diýýär.

Onda Muhammet alaýhyssalam Tüfeýliň gamçysyny eline alyp sypalaýar welin, gamçy çyra kimin nur saçyp başlaýar. Tüfeýil gijelerine gamçyny çyranyň deregine ulanardy.

* * *

Bir gün Pygamberiň ýanyna bir ýehudy gelip, Muhammet alaýhyssalamdan algysyny talap edipdir. Pygamber:

— Men saňa bergimi berdim ahyryn — diýýär.

Ýehudy Pygamberiň bergisini berendigine subutnama talap edýär. Pygamber egindeşlerine:

---

[1] Tüfeýil ibn Amr ibn Taryf ibn As Dusy. Keseki ýurtlaryň birinden Mekkä gelende Muhammet alaýhyssalam hakynda eşidip, onuň ýanyna barýar we yslam dinini kabul edýär. Ol öz kowmynyň arasyna baryp, yslam dinini wagyz edýär. Soňra birnäçe gazawatlara gatnaşýar weÝemäme söweşinde wepat bolýar.

[2] Zunnur – nurly.

— Meniň bergimi berendigime kim şaýat bolup biljek — diýip soraýar.

Onda Hazyma ibn Sabyt:

— Men seniň bergiňi berendigiňe şaýat bolaryn — diýýär.

Pygamber:

— Sen bu adamy tanaman, meniň oňa bergimi berendigimi görmezden neneň şaýat bolup biljek? — diýip soraýar.

Onda Hazyma ibn Sabyt:

— Biz wahyny görmezden seniň Pygamberdigiňe ynandyk, diýmek seniň bergiňi berendigiňe hem ynanýarys — diýip jogap berýär we Pygamberiň bergisini berendigine şaýat bolýar.

Şondan soňra Sabyt Zuşahadateýin[1] diýip atlandyryldy.

* * *

Günleriň birinde Katada ibn Nugmanyň gözi hanasyndan çykýar. Ol Pygamber alaýhyssalamyň ýanyna barýar. Pygamber onuň gözüni ýerine salýar welin, gözi öňküsinden hem gowy görüp başlaýar. Wagtyň geçmegi bilen beýleki gözi batyl bolýar. Emma Pygamberiň melhem eden gözi öňküsi ýaly gowy görüp durdy. Şonuň üçin Katada Zuaýneýn, ýagny iki gözli diýip at berýärler. Sebäbi onuň bir gözi iki gözüň wezipesini ýerine ýetirýärdi.

* * *

Hüseýin ibn Zeýt ibn Aly köp aglaýardy. Adamlar oňa Zuddymag[2] diýip at berdiler. Kimdir biri onuň bu adyny

---

[1] Zuşahadateýin – iki şaýadyň ornuny tutan. Yslam dininde, bir zada şaýatlyk edilende, iki erkek ýa-da dört aýal şaýatlyk etmeli.

[2] Zuddymag – gözi ýaşly.

tutanda ol: «Sen ody we peýkamy ýylgyryp atdyňmy?» diýerdi. Ol beýle diýmek bilen Zeýt ibn Aly bilen Ýahýa ibn Zeýde peýkam atylandygyny ýatlatmak isleýärdi.

* * *

Şagby: «Dejjalyň künýesi Abu Ýusupdyr» diýýär.

* * *

Ýene-de bir şahyr şeýle diýýär:

Zyýadyň kakasynyň kimdigini bilemok,
Eşek Abu Zyýatdyr[1], men ony geň göremok.

* * *

Bir çarwa Abdylla ibn Japara:
— Eý, Abu Fazyl[2] — diýip çagyrýar.
Onda ýoldan geçip barýanlaryň biri:
— Onuň künýesi beýle däl — diýýär.
Çarwa:
— Onuň künýesi beýle däl bolsa-da, sypata şoňa meňzeýär — diýipdir.

* * *

Araplar içalyny «Züaýneýin[3]» ýa-da diňe «aýn» (göz) diýip atlandyrýarlar.

* * *

Abubekre (goý, Alla ondan razy bolsun!) Syddyk we Atyk diýip lakam berdiler. Atyk lakamy onuň görki, nurana

---

[1] Abu Zyýat – Zyýadyň kakasy.
[2] Abu Fazyl – mertebeli.
[3] Zuaýneýn – iki görgür gözli.

keşbi üçin, Syddyk lakamy bolsa Pygambere ilkinjilerden bolup ynanandygy üçin berlipdi.

* * *

Omar ibn Hattaba (goý, Alla ondan razy bolsun!) Faruk[1] diýip lakam berildi. Sebäbi Omar yslam dinini hiç hili ikirjeňlenmän, aç-açan, hemmelere bildirip, aýan eýläp kabul etdi. Ol: «Allatagala gizlin ybadat edilenok» diýip, hak bilen batylyň arasyny açmagy başardy.

* * *

Talha ibn Abdyllanyň sahylygy üçin «Talhalaryň talhasy» lakamyny berdiler.  Şol döwürde ýaşan Talha atlylaryň köpüsi jomartdy. Talha ibn Abdylla «Talhalaryň talhasy» diýilmegi «Jomartlaryň jomardy» diýilmegidi.

* * *

Sagyt ibn Ybadanyň[2] Kämil (kämil, kemsiz) lakamy bardy. Oňa okap, ýazmakdan, ýaý atmakdan, ýüzmekden, at münmekden gowy baş çykarandygy üçin Kämil lakamy berlipdir.

---

[1] Faruk – ýagşy-ýamanyň arasyny açan, pähimli.

[2] Sagyt ibn Sagyt ibn Ybada ibn Delim Ensary Hezreji. Yslam dininden öň hem soň hem hezrej taýpasynyň hormatlanýan adamlarynyň biri. Ol ýagşy okap we ýazyp bilýändigi, ýaý atyp, at münmegi başarýandygy üçin Kämil lakamy jahylyýet döwründe berilipdir. Muhammet alaýhyssalam wepat bolanda halypalykadan tama edýär. Emma Abubekr oňa ýol bermeýär. Ol ýaşynyň soňunda Şama göçýär we şol ýerde wepat bolýar.

* * *

Ýahýa ibn Mübärege[1] Ýezit ibn Mansuryň ogluna ders öwredeni üçin «Ýezidi» lakamyny berýärler.

* * *

Selim kakasyndan galan Gurhan kitabyny goşgy ýazylan depdere çalyşýar. Adamlar ony Selim Hasyr[2] diýip atlandyryp ugradylar. Bu goşgulary Reşit okap görüp, Selime köp halat-serpaý ýapyp, bu goşgulary satyn aldy we indiden beýläk Selimi Selim Rabyh[3] diýip atlandyrmaklaryny emr etdi.

* * *

Yslam dininde ilkinji bolup Ahmet ady dakylan Abu Halyldyr. Abdylmälik ady bolsa, ilkinji gezek emewiler halypasy Abdylmälik ibn Merwana dakylandyr.

* * *

Ibn Araby: «Manzur ibn Zuban Fazary ejesiniň göwresinde iki ýyl ýatdy. Ol dünýä inende, oňa eýýäm iki diş çykan eken. Köp garaşdyryp dünýä inendigi üçin Manzur (garaşylýan) diýip at berdiler» diýýär.

---

[1] Ýahýa ibn Mübärek ibn Mugyra Adawy Abu Muhammet Ýezidi 137-nji ýylda Bagdatda eneden dogulýar. Ol arap dilini we edebiýatyny kämil derejede bilen alym. Ol ilki Bagdatda ýaşaýar. Soň Harun Reşidiň ýanynda bolup, Mamuna ylym öwredýär. Mamum Merwde halypalyk edende, Ýahýa ibn Mübäregem Merwe göçüp gelýär we 202-nji hijri ýylynda wepat bolýar. Onuň arap diline we edebiýatyna degişli birnäçe kitaplary bardyr.

[2] Hasyr – söwdada utulan, batan.

[3] Rabyh – söwdada utan, peýda gazanan.

* * *

Pygamber alaýhyssalam Aly ibn Abu Talyba ilkinjilerden bolup yslam dinini kabul edendigi üçin Abu Turap[1] diýip künýe berdi.

* * *

Bir gezek Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!) ýolda gidip barýarka, aglap gelýän gara gyrnaga gözi düşýär. Omar ondan aglamagynyň sebäbini soraýar. Onda gyrnak:

— Meni Abu Isa[2] urdy — diýýär.

Omar gyrnakdan:

— Ol özüne Abu Isa diýip künýe beripdirmi? — diýip soraýar we ol adamyny getirmegi emr edýär.

Abu Isa diýilýän adam getirilende, Omar ondan:

— Sen özüňe Abu Isa diýip künýe berer ýaly, Isanyň, name, kakasy bolupdyrmy? Sen näme araplara Abu Selme, Abu Talha, Abu Hanzala ýaly künýeleriň berilýändigini bileňokmy? — diýdi.

Soňra Omar ol adamyň gyrnagy urandygy üçin jeza berdi.

* * *

Bir gezek Karyg ibn Awf düýe soýup, ähli aýallaryna paýlaýar. Onuň Japar[3] atly ogly gelende, düýäniň boýny bilen kellesi galypdy. Japar haýdan-haý düýäniň burnuna barmagyny sokup, düýäniň kellesini süýräp ugraýar. Ol bu kelläni ejesiniň ýanyna eltende ejesi ondan:

---

[1] Abu Turap – arassa toprak.

[2] Abu Isa – Isanyň kakasy.

[3] Beni sagt taýpasyndan bolan Japar ibn Karyg ibn Kagp Abu Batn. Ol «Düýe burun lakamy agzalanda halamazdy. Bir şahyr onuň bu lakamyny aýdyp, öwgi häsiýetdäki goşgy goşýar welin, ol şondan soň bulakamynyň tutulmaguny isleýär.

— Bu getireniň näme? — diýip soraýar.

Japar ejesine:

— Düýäniň burny — diýip jogap berýär. Şol wakadan soň Japary «Düýe burun» diýip atlandyryp ugraýarlar.

* * *

Barsuma Zamyr ejesinden:

— Eje, sen maňa başga at dakyp bilmediňmi? — diýip sorady.

Ejesi oňa:

— Wah, seniň şalara hyzmat etjegiňi bilen bolsadym, men saňa Zeýt ibn Mezit diýip at bererdim — diýdi.

* * *

Bir arap oglandan:

— Adyň näme? — diýip soranda, ýaňky oglan:

— Karrat[1] — diýip jogap berýär.

Onda oglanyň adyny soran:

— Kakaň saňa gowy at dakyp bilmändir — diýýär.

Karrad bolsa:

— At gowy bolmasa, onuň kemçiligini künýe bilen düzedýärler (ýapýarlar) — diýip jogap berýär.

Onda ol:

— Künýäň näme? — diýip soraýar.

Karrat:

— Abu Sahara[2] — diýip jogap berýär.

* * *

Çarwalar Süleýman adynyň görnüşini üýtgedip, Salam, Selim, Salym ýaly başga-da birnäçe täze at ýasaýarlar.

---

[1] Karrat – maýmyn oýnadýan.

[2] Abu Sahara – Çolli.

* * *

Abu Eýýup Süleýman ibn Wehbiň ejesiniň ölümine mersiýe (agy) düzýär. Ol şeýle diýýär:

Sen öýüň şamçyragydyň eý, Ümmi Salym,
Çyragy döndermäge bererin dünýe-malym.

* * *

Bir adam Süleýman ibn Wehbiň ýanyna gelip, onuň halyny soraýar. Süleýman oňa:

— Bu hem öňki ýagdaýynyň üstesine boldy — diýdi.

Gelen adam:

— Näme boldy — diýip sorady.

Süleýman:

— Ejemiň ölenine ýas tutup ýörkäm, Süleýman adym Salyma öwrüldi — diýýär.

Ol Abu Eýýubyň mersiýesini göz öňünde tutýar.

* * *

Hökümdar lakam berse begen. Sebäbi ol gowy gören adamyna lakam berýär. Hökümdar gazaplansa, onuň oý-pikrine lakam bermek ýa-da degişmek gelmez.

* * *

Abdylmälik Hajjajy gowy görendigi üçin ogluna onuň adyny dakrýar we şeýle diýýär:

Ogluma Hajjajyň adyny berdim,
Oňa meňzemegi nesihat etdim.

Abdylmälik beýle diýmek bilen oglunyň Hajjaç ýaly zalym bolmagyny isleýär.

* * *

Nabt ibn Zeýt ibn Ýaşjap dünýä inende, bedenine tutuş tüý bitendi. Şonuň üçin oňa Aşgar[1] diýip lakam berdiler. Onuň nesliniň hem bu lakam bilen tanalmagy, ýagny tüýlüler diýilmegi dowam etdi.

* * *

Jahyz bilen Sekkäk Reýisiň ýanyna barýarlar. Hyzmatkär Reýisiň ýanyna baryp:

— Siziň ýanyňyza Jähid[2] we Şekkäk[3] geldi — diýýär.

Onda Reýis:

— Olaryň atlary zyndyklaryň[4] adyna meňzeýär — diýdi.

Hyzmatkär Jahyzyň we Sekkägiň ýanyna dolanyp baryp, Reýisiň sözlerini ýetirýär. Jahyz hyzmatkäre:

— Hadky[5] geldi diýip aýt — diýýär.

Hyzmatkär Reýise:

— Halky[6] geldi — diýip aýdýar.

Reýis nämäniň nämedigine göz ýetirip, hyzmatkäre:

— Öýüň köýsün, bu diýeniňden-ä «Jahyd» diýeniň hem gowudy — diýip, olary ýanyna getirmegi emr edýär.

---

[1] Aşgar – tüýli.
[2] Jahyd – ynanmaýan.
[3] Şekkäk – şeklenýän.
[4] Zyndyk – dinsiz.
[5] Hadky – peträp duran gözli.
[6] Halky – bokurdakly.

* * *

Adamlara künýe bermek diňe araplara mahsusdyr. Şonuň üçin hem olar buýsanmaga haklydyr.

* * *

Omar ibn Hattap: (goý, Alla ondan razy bolsun!) «Adamlara hormat bilen ýüzlenmek üçin gowy künýeler beriň. Manysyz, erbet lakam bermekden bolsa saklanyň» diýýär.

* * *

Buhtury goşgusynda şeýle diýýär:

Çaga dünýä inenden berilýändir at,
Künýe bermeklik hem köneden adat.

* * *

Omar ibn Atabanyň guly bardy. Omar gowy gylyk-häsiýetliligi, edepliligi üçin ony azat edýär. Günleriň birinde Omar:

— Eý, Abu Ýezit — diýip ýüzlenýär.

Gul eýlesine-beýlesine garasa, hiç kime gözi düşmeýär. Onda Omar:

— Men saňa ýüzlenýärin — diýip — Eý, kuraýyşlylar! Mundan beýläk onuň adyny tutmaň — diýip jar çekdirýär.

Soňra ol guluna:

— Sen düýn meniňki bolsaň-da, bu gün azatsyň — diýýär.

* * *

Araplarda künýe adamyň adynyň ýerine ulanylýar. Ol belli bir derejede şol adamyň gysgaça terjimehalydyr ýa-da ol adamdaky gylyk-häsiýeti görkezýändir. Erkek adamlara çagalarynyň ady bilen baglanyşyklylykda künýe berilýändir. Aýallara hem şeýledir. Çagasy bolmaýanlara bolsa ýagşy niýet bilen perzentleriniň bolmagyny arzuw edip künýe berer ekenler. Köplenç zürýady ýok adamlara gylyk-häsiýeti ýa-da geýýän egin-eşigi bilen baglanyşykly künýeler dakylypdyr.

* * *

Lakamlar adamyň gylyk-häsiýeti, edýän işi bilen baglanyşykly döräpdir. Yslam dini bolar-bolgmaz lakam bermegi gadagan edipdir. Olar köplenç uly wezipeli adamlara dakylypdyr. Dini lakamlary «Alla» ýa-da «din» sözleri bilen baglanyşdyrypdyrlar. Şeýlelikde, Esedulla (Allanyň ýolbarsy) ýa-da Fahreddin (Diniň buýsanjy) ýaly lakamlar ýüze çykypdyr.

* * *

Günleriň birinde Äşe (goý, Alla ondan razy bolsun!) Resulalla:

— Meniň ähli joralarymyň künýesi bar. Meniň bolsa künýäm ýok— diýýär.

Onda Pygamber alaýhyssalam:

— Sen hem ogluň Abdylla ibn Zubeýriň adyny künýe edip al — diýýär.

Şondan soňra Äşäni Ümmi Abdylla[1] diýip atlandyryp ugradylar.

* * *

Apbaslylaryň halypasy Mamun gämi bilen sapara gidýär. Gäminiň üstünde onuň gözi bir ýaş oglana düşýär we ondan:

— Adyň näme? — diýip soraýar.

Ol oglan:

— Bilemok — diýip jogap berýär.

Onda Mamun:

— Heý-de adam çagasy adyny bilmezmi? — diýende, ol oglan:

— Meniň bilýän öz adym «Bilemok-da» — diýip jogap beripýär.

[1] Ümmi Abdylla – Abdyllanyň ejesi.



**Düýş.** *Maral Annanurowanyň çeken suraty.*

# OTUZ IKINJI BAP

## SAPARA GITMEK, SEÝIL ETMEK, GAÝDYP GELMEK, ARA DAŞLYK, ÝAKYNLYK WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Hasan Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadysy gürrüň berýär. Resulalla: «Eger kimdir biri din ýolunda sapar etse, sapar eden ýoly ýekeje şibr[1] hem bolsa onuň jaýy jennetdir. Oňa ýolda ýoldaş boljak Ybraýymdyr, pygamberi bolsa Muhammetdir» diýýär.

* * *

Abu Hureýre şeýle diýýär: «Eger ýolagçylar sapardaka Allanyň olara edýän rehmetini bilseler, ähli adamlar diňe sapara giderdiler. Allatagala mysapyrlara ýagny ýolagçylara rehimlidir». Ýusup pygamber guýudan çykarylyp satyn alnanda, şol ýerdäkileriň biri: «Eý, halaýyk bu keseki adam bilen gowy gatnaşykda boluň!» diýip gygyrdy. Onda Ýusup pygamber: «Allany özüne ýaran tutunan adam üçin kesekilik daşdyr» diýip jogap berdi.

[1] Bir garşa deň bolan uzynlyk ölçegi.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!) Şama sapara gidende şeýle diýýär: «Eý, Allam, saparyň kynçylygyndan, erbet öwrülişiklerden, mal-mülküme, maşgalama gyýa göz bilen seredilmeginden özüň gora. Eý, Allam, sen maňa saparda ýoldaşsyň, ýaransyň we maşgalama gözegçisiň. Bu iki işe bir wagtda hötde gelmek diňe saňa başardýar. Sebäbi maşgala gözegçi bolan bolsa ýoldaş bolup bilmez, ýoldaş bolan ýolagça hem yzyndakylara gözegçi bolup bilmez».

* * *

Muhammet alaýhyssalam sapara gidýän egindeşleriniň birine: «Ýoly iki salkynda, ýagny ertir we agşam çagy ýöregin. Ýolda ýoldaşlaryň bilen ýagşy gürrüňler et. Sebäbi gürrüňdeşlik ýol azabyny ýeňleder. Gijäniň birinji ýarymynda sapara çykmagyn. Allatagala bu wagty adamlaryň ýatyp ukusyny almagy we bedenlerine dynç bermegi üçin döretdi. Säher çagynda bolsa, Alla ýaryň bolsun, täze güýç-kuwwat bilen ýoluňy dowam etdirip bilersiň» diýýär.

* * *

Alladan inen kitaplaryň birinde: «Sapar kynçylykly bolandygy üçin uzak aýralykdan soňky duşuşygy süýji etdim» diýýär.

* * *

Çarwalaryň dana sözlerinden: «Başga kowumyň, taýpaň içinde otyrkaň, kesekidigiňi ýadyňdan çykarma».

* * *

Allatagaladan inen kitaplaryň birinde: «Adamlar günä işler eden mahalynda men olary eziz görýän adamlaryndan jyda düşürdim» diýilýär.

* * *

Çarwa: «Uzak wagtlap saparda bolan adam täze bir adama öwrülýär, gözýetimi giňeýär we onuň ruhy taýdan baýamagyna ýardam edýär» diýýär.

* * *

Alym adamlaryň biri: «Sapar etmek, keseki ýerlerde uzak bolmak ahlak terezisidir. Şeýle-de ol adamlaryň dogan-garyndaşynyň, dost-ýarlarynyň arasyndaky gadyr-gymmatyny aýdyňlaşdyrýar» diýýär.

* * *

Araplar «Rukubul Ahwal» diýip garadan gaýtmaz, her hili täzeligiň gözlegindäki ýa-da hatarly işlere baş goşýan adama aýdýarlar. Sapar edýän adam babatda hem bu söz ulanylýar. Sebäbi sapar etmek örän hatarly iş hasaplanýar.

* * *

Öýdeçil ýa-da öýünden daşlaşmaýan adama «Uluf lizilal»[1] diýip aýdylýar.

* * *

Dana adam: «Keseki ýurtda bolup, ýurduny küýsemeýän, ýurduny göresi gelmeýän adam, bu ýurtda keseki däl-de, öz asyl ýurdunda kesekidir» diýýär.

[1] Uluf lizilal – kölege söýüji.

* * *

Temim ibn Ows Dary: «Görülmedik, açylmadyk ýerler, geçilmedik düzdür çöller ýokdur. Hatda Redm[1] we Bar[2] hem görlendir» diýýär.

* * *

Bir gezek Hasan Basrynyň dosty Abdyl Wahyt ibn Zeýtden:

— Sapardan sag-salamat geldiňmi? — diýip soradylar.

Ol:

— Meni saparda Allatagala dürli synaglardan geçirdi. Sapar etmek diýmek dürli kynçylyklara döz gelmek diýmekdir. Men beýle synagy hiç mahal başdan geçirmändim — diýip jogap berdi.

* * *

Wagtyň geçmegi bilen keseki ýerlerde mekan tutup, ol ýeriň ilaty bilen ysnyşyp, ol ýerlere öwrenişeniňde, ata-watanyňdan nägile bolup, ýaramaz sözleri aýtmagyn. Watandan jyda düşmegiň gaýgy-gamyna mähriban adamyňdan aýrylanyňda duçar bolunýan gaýgy-gam hem deň gelip bilmez. Adam adamdan aýrylanda, wagtyň geçmegi bilen köşeşer. Emma watanyndan aýrylanyň ýüregindäki gaýgy-gama hiç bir melhem täsir etmez.

* * *

Ýerli ilat diňe watansöýüjiligi, watanyň aladasyny etmegi we watany goramagy bilen üstünlik gazanyp biler.

---

[1] Redm – Äjit-Mäjit geçmezligi üçin edilen berkitmäniň ady.

[2]Bar – Nejran bilen Hadramutyň aralygynda bir ýer. Bu ýerde jynlar ýaşaýandygy üçin adamlar bu ýere barmaga gorkar ekenler.

* * *

Bir gezek Iýas ibn Mugawyýa çeşmäniň ýanynda otyrka, egindeşlerine:

— Iň aýylganç eşidilýän ses keseki itiň sesidir (üýrmegidir) — diýýär.

Adamlar ondan:

— Sen ony nähili aňdyň — diýip soraýarlar.

Ol:

— Onuň sesinde ýerli itlere tabyn bolýanyny bildirýän äheň bardyr — diýip jogap berýär.

* * *

Abu Tammam şeýle diýýär: «Adamyň asyl gelip çykyşynyň, tiresiniň, kowumynyň başga ýerdendigine seretmezden, onuň önüp-ösen, terbiýe alan ýeri şol adamyň Watanydyr».

* * *

Isa ibn Aslam şeýle diýýär: «Günleriň birinde Mekgä gitmek isledim. Meniň ýanyma Gylan ibn Adawynyň agasy Hyşam ibn Akaba gelip, şeýle maslahat berdi. Ol: «Eý, agam ogly, sen sapara gitmek isleýärsiň, şeýtan sapardaky adamy azdyrmak üçin, güýçli hüjüm edýändir. Şonuň üçin hem sen Allatagala ybadatyňy köpelt. Namazyňy doly we dogry, wagtynda ýerine ýetir. Şol hem saňa kömek eder» diýdi».

* * *

Bir adama: «Sapar etmek azabyň bir görnüşidir» diýenlerinde, ol: «Ýok, azap saparyň bir bölegidir» diýip jogap beripdir.

* * *

Ibn Arabydan: «Sapara näme üçin «sapar» diýdikäler?» diýip soranlarynda, ol:

— «Sapar» «gitmek», «daşlaşmak» diýmekdir. Sapar edýän adam ahlagyndan daşlaşýandyr. Sapar onuň hakyky gylyk-häsiýetini açyp görkezýär — diýip jogap berýär.

* * *

Danalar keseki ýurtda ýaşaýany ýetim adama meňzedipdirler. Sebäbi ne onuň aladasyny etjek, ýüregi awajak ejesi, ne-de kyn gününde goldamaga kakasy bardyr.

* * *

Bir ýerden başga bir ýere göçüp gelen keseki adam edil ýaňy oturdylan nahal ýalydyr. Nahal wagt geçmän miwe-de bermez, ýapragam çykarmaz.

* * *

Afrasyýap: «Türkmenler misli dür we müşk mysalydyr. Bu iki zat öz gymmatyna magdanynyň daşynda eýe bolýandyr» diýýär.

* * *

Bir çarwa: «Saparda bolup, namazymyzy gysgaldyp okadyk diýmesek, utan zadymyz bolmady» diýipdir[1].

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): »Gowy görýän ýakyn adamyň ýitmegi onuň üçin kesekilikdir» diýýär.

---

[1] Saparda bolnanda musulman kişilere ýeňillik berilýär. Allatagala olara sünnet namazlaryny taşlap, parz namazlaryny gysgaltmaga rugsat edýär.

* * *

Bir gezek Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Şu alty zady ýerine ýetirmekde sogap bardyr. Olaryň üçüsi şeýle ýerine ýetirilýän iş bolsa, üçüsi sapara degişlidir. Ilkinji üçüsine Allatagalanyň kitaby Gurhany okamak, Allatagalanyň ýolunda metjit bina etmek we Alla ýolunda dogan tutunmak degişlidir. Sapardaky sogap işlere bolsa ýoldaşyňa kynçylykda ýardam bermek, gowy gylyk-häsiýetli bolmak we ýoldaşyň göwnüne degmejek sözler bilen degişmek degişlidir» diýýär.

* * *

Omar ibn Hattabyň (goý, Alla ondan razy bolsun!) hyzmatkäri Zakwan Mekgeden Medinä bir gije-gündizde barypdyr.

* * *

Jerir dostuny sapara ugradýarka şeýle goşgy aýtdy:

Najiýanyň dogany, edýärin saňa hormat,
Ahyret gününden öň başyň bolsun salamat.

Men seniň bu saparyň soňkudygyny bilsem,
Seniň hajatyň üçin taýýardyryn men her dem.

* * *

Omar ibn Akyl ibn Bilal ibn Jerirden:

— Seniň ataň sizi sapara ugradanda näme edýärdi? — diýip soranlarynda, ol:

— Atam sapara gidýän eziz adamlaryna aýralygyň gam-gussasyny bildirmezlik üçin gözüni başga tarapa sowýardy — diýip jogap berdi.

* * *

Aly ibn Jahym gazawata[1] çykýar. Ony Halap tarapdan bir atly gelip ýaralaýar. Ol gijäni söweş meýdanynda ejir çekip geçirýär we şeýle diýýär:

Söweş meýdanynda ýaralandy zürýadyň,
Zeýdiň ejesi kaýda eşitmez meň perýadym.

Eý, Dejildäki doganlarym, dostlarym,
Dejil nirede we men kaýda galdym.

Onuň öýi Bagdadyň Dejil köçesindedi. Ol Halapda jaýlandy. Onuň jübüsinden bir kagyz bölejigi tapyldy. Onda: «Ýat ülkedäki hossarsyz kesekä rehim ediň. Ol maşgalasyny, dost-ýarlaryny terk eýläp gaýtdy. Ol gaýdandan soňra ne-hä maşgalasy durmuşdan lezzet aldy, ne-de onuň özi» diýip ýazylgydy.

* * *

Bir çarwa sapara gitmek isleýär we aýalyna şeýle diýýär:

Ýyllar geçse-de, gelerime sabyr et,
Aýlar gysgadyr, ýetirmez saňa ezýet.

Onda aýaly adamsyna şeýle diýýär:

Ýatla söýgimizi, ýakyn-ýadyňy,
Unutma gyzlaryňy, perizadyňy.

[1] Gazawat – yslam dini üçin edilen söweş.

Aýalynyň sözlerini eşiden çarwa bir salym oýlanyp oturyp, sapara gitmek niýetinden ýüz öwürýär.

* * *

Kagp ibn Mälik: «Muhammet alaýhyssalam diňe sogapgün sapar etmäge çykardy» diýýär.

* * *

Sahar ibn Widaga Gamydy: «Pygamber alaýhyssalam esgerleri söweş meýdanyna, kerweni söwda ugradanda, günüň birinji ýarymynda ugradardy» diýýär.

Saharyň özi täjir adamdy. Ol hemişe kerwenini günüň birinji ýarymynda ýola çykarardy. Şeýdip, Allatagalanyň rehmeti bilen baý adama öwrüldi.

* * *

Pygamber alaýhyssalam ýola ýeke çykýanlary halamazdy. Ol: «Bir ýolagçy şeýtandyr. Iki ýolagçy hem şeýtandyr. Üç ýolagçy bolsa ýolagçydyr» diýýär.

Şeýtandyr diýmegi, ýagny şeýtanyň ýoluna düşmegi aňsatdyr diýdigidi.

* * *

Ibn Apbas Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Iň gowy ýolagçy dört bolar. Gowy kerwen atdan ýa-da düýeden düzüler. Gowy goşun dört müň esgerden ybarat bolar. On iki müň esgerli goşun bolsa ýeňilmezekdir» diýýär.

* * *

Pygamber alaýhyssalam: «Eger üç adam ýola çyksa, goý olaryň biri baştutanlyk etsin» diýýär eken.

* * *

Kazaga: «Omaryň ogly (goý, Allatagala olaryň ikisinden hem razy bolsun!) meni sapara ugradan-da maňa: «Alla seniň diniňi, amanadyňy gorap saklasyn we ähli işleriňi oň etsin diýip dileg etdi».

* * *

Aly ibn Rabyga: «Men Hezreti Alynyň (goý, Alla ondan razy bolsun!) ata münüşini gördüm. Ol ilki atyň üzeňňisine aýagyny goýanda «Bismillä» diýdi. Eýere ornaşanda «Alla öwgüler bolsun» diýdi, soňra-da «Subhanällezi sahhara länä häzä we mä kunna lähu mukrinin innä ilä rebbinä lämunkalibun»[1] diýip doga etdi, soňra üç gezek hem «Älhamdulilläh[2]» we üç gezek «Allahu akbar[3]» diýdi we «Eý, Allam, men özüme zulum etdim. Maňa geçirimlilik et. Günäleri geçip bilýän diňe sensiň» diýip, doga etdi-de güldi. Şu ýerde ondan:

— Eý, möminleriň emiri, näme üçin güldüň? — diýip soradylar.

Ol:

— Meniň edenlerimi we okan dogalarymy Pygamber hem okapdy. Ol hem ahyrynda güldi. Men ondan: «Eý, Resulalla, näme üçin güldüň?» diýip soranymda, ol: «Allatagala gulunyň «Maňa geçirimlilik et» diýen sözi diýseň ýaraýar. Sebäbi günäleri ondan başga hiç kimiň geçip bilmejegini ol bilýär — diýdi» diýip gürrüň berýär.

---

[1] Bu doga bir ýerden başga ýere sapar edilende ýa-da islendik ulag münülende okalýan doga.
[2] Älhamdulillah – Allaha şükür.
[3] Allahu akbar – Alla beýikdir.

* * *

Pygamber alaýhyssalam Nagym Nahhala «Kadymul yslam» diýip lakam berdi. Ol Mekgede ýaşaýardy. Pygamber Mekgäni açmaga (basyp almaga) goşun tutup gelende, Nagym onuň ýanyna gitmek isledi. Onda onuň kowumdaşlary:

— Haýsy dine uýsaň uý, ýöne biziň aramyzda bol — diýip ony goýbermediler.

Bu wakany eşiden Pygamber Nagyma:

— Seniň kowumyň meniň kowumymdan gowy eken. Meniň kowumdaşlarym meni Mekgeden kowup goýberdiler. Seniň kowumdaşlaryň bolsa, ähli zada taýýar bolup, seni öz aralarynda alyp galdylar — diýdi.

Onda Nagym:

— Eý, Resulalla, kowumdaşlaryň seni kowsa, sen hijret edip sogap gazandyň. Meni bolsa hijretiň sogabyndan mahrum etdiler — diýip jogap berdi.

# OTUZ ÜÇÜNJI BAP

## ÇAGALYK, ÝAŞLYK, GARRYLYK ÝA-DA ÝAŞ HAKYNDA

Ibn Apbas (goý, Alla ondan razy bolsun!) Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Allanyň bereketi ýaşulular bilendir» diýýär.

* * *

Enes: «Pygamberiň ýanyna bir iş bilen ýaşuly adam geldi. Pygamber oňa öz ýanyndan ýer açyp oturtdy we: «Kiçi ýaşla rehim etmeýän, uly ýaşla hormat goýmaýan adam bizden däldir» diýdi.

* * *

Japar ibn Muhammet kakasyndan eşiden şu wakasyny rowaýat edýär. Bir gezek Resulallanyň ýanyna iki adam — bir ýaşuly bilen bir ýetginjek ýigit gelýär. Olar gelip Pygambere salam berýärler we ýetginjek ýigit gürläp başlaýar welin, Resulalla oňa: «Ulal, ulal» diýýär.

* * *

Kim-de kim ýaşulyny sylasa, onuň ýaşyna hormat goýsa, Allatagala kyýamat güni onuň günäsini geçer.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!) Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Üç adama tagat etmek, ýagny ýaşuly musulmana, adyl patyşa we Gurhan göterýän adama hormat goýmak — Alla boýun bolmakdyr» diýýär.

* * *

Enes Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Ýaşlardan ýaşy ulyny sylan Allatagalanyň hormatyna mynasyp bolar» diýýär.

* * *

Ýene-de: «Meniň ymmatymdan segsen ýaşa ýeten ýaşula dowzah haramdyr» diýýär.

* * *

Pygamber alaýhyssalam: «Mömin adam segsen ýaşa ýetenden soň, Allanyň ýesirine öwrülýär we bu ýaşdan soňra onuň günäleri ýuwulyp, oňa sogap ýazylyp başlaýar» diýýär.

* * *

Alla segsen ýaşa baranlary gowy görýändir. Ýüz ýaşan musulman kişini Allatagala Muhammet alaýhyssalamyň maşgalasynyň agzasy hökmünde kabul eder.

* * *

Abdylla: «Sizden öň hiç bir adam ýüz ýaşamak hakynda arzuw edenokdy» diýýär.

* * *

Wehp: «Adam atanyň çagalaryndan iki ýüz ýaşa ýetmän ölenlerine, onuň ýaş ölendigi üçin yns-jyns ýas tutardylar» diýýär.

* * *

Enes Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol:

— Yslam dinine uýýan meniň ymmatymdan bolan ýaşuly adamlara Allatagala-da azap bermekden utanýar — diýdi we aglady.

Pygamberden aglamagynyň sebäbini soranlarynda ol:

— Allatagala bu adamyň ýaşyny sylap azap bermekden utanýar. Ol bolsa özüniň edýän işlerinden utananok — diýdi.

* * *

Ybada ibn Samyt şeýle diýýär: Bir gün Pygamber alaýhyssalam adamlardan:

— Men size kyýamat güni gowy görüljek adamyň kim boljagyny aýtdymmy? — diýip soraýar.

Adamlar:

— Ýok, Resulalla — diýip jogap berýärler.

Onda Pygamber:

— Uzak ýaşan we ömrüni dogry işler bilen geçiren adamlar kyýamat güni Allanyň sylagyna mynasyp bolarlar — diýýär.

* * *

Bir adam Fazyl ibn Merwandan: «Seniň ýaşyň näçe?» diýip soraýar. Ol: «Ýetmiş» diýip jogap berýär. Soňra birnäçe ýyl geçýär. Ol adam ýene-de Fazyla duşup, onuň ýaşyny soraýar. Fazyl ýene-de «ýetmiş» diýip jogap berýär. Onda ol

adam: «Mundan ýigrimi ýyl öň ýaşyňy soranymda hem sen ýetmiş ýaşyňdadyň, häzir hem ýetmiş ýaşyňda. Nädip beýle bolýar?» diýip soraýar. Fazyl bolsa: «Men bir ýyl bilen ysnyşsam, ýigrimi ýyl dagy başgasyna geçemok» diýip jogap berýär.

* * *

Eflatun: «Eý, ýaşlar! Gojalaryňyzy sylaň, olara hormat goýuň. Şeýtseňiz, indiki nesil hem size öýkünip, sizi sylar we hormat goýar» diýýär.

* * *

Abdylmäligiň garran çagynda dişleri düşýär. Ol dişlerini altyndan guýdurýar we:

— Eger aýallar bolmadyk bolsa hem-de münberde gürlemeli bolmasa, dişimiň düşenine üns hem bermezdim — diýýär.

* * *

Amr ibn Atysyň garrap lagar düşen eşegi bardy. Ol bu eşegine ýük urup bilmese-de, sapara gidende, ony ýanyndan goýmazdy. Sebäbi bu eşek ähli ýollara beletdi.

* * *

Ýunus ibn Habyp metjide barýar. Onuň garşydaşlarynyň biri Ýunusy görüp:

— Seniň ýaşyň gartaşsa-da, özüň ýaş görünýäň?! — diýýär.

Onda Ýunus:

— Eýle bolsa, men ýaşymyň yzyndan ýetip bilýän däldirin — diýip jogap berýär.

* * *

Bir danadan:

— Biziň patyşamyz hassa-da däl, garry-da däl, onda-da ol ýöränDe eline taýak alýar. Bu nämäniň alamatyka? — diýip soraýarlar.

Dana hem:

— Onda ol sapara gitmek isleýändir — diýip jogap berýär.

* * *

Masruk: «Kim-de kim kyrk ýaşa ýeten bolsa, Allanyň çakylygyna taýýarlansyn» diýýär.

* * *

Enes: «Ýetmiş ýaşly adam özüniň ýigrimi ýaşynda eden işlerine ser salsa, şonda eden işlerine öküner» diýýär.

* * *

Nahgy: «Eger bir adam kyrk ýaşa ýetenden soň, adamyň gylyk—häsiýeti ölýänçä üýtgemez» diýýär.

* * *

Ibn Apbas Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Kyrk ýaşan adamyň ömründe eden şer işleri haýyr işlerinden köp bolsa, onda ol dowzaha taýýarlyk görübersin» diýýär.

* * *

Muhammet ibn Aly ibn Hüseýin (goý, Allatagala olardan razy bolsun!): «Adam kyrk ýaşa ýetende, oňa asmandan: «Wagtyň geldi, goşuňy taýýarla» diýen owaz eşidilýär» diýýär.

* * *

Hylal ibn Ýassaf: «Medinäniň adamlarynyň köpüsi kyrk ýaşa ýetenlerinden soň, Alla ýoluna doly ybadata berilerdiler» diýýär.

* * *

Ybraýym Nahgy: «Adamlar kyrk ýaşa çenli mal-dünýä toplamak bilendir. Kyrkdan soňra ahyretiniň aladasyny edip ugraýarlar» diýýär.

* * *

Hasan: «Kyrk ýaşa çenli ajalyň bardygy adamyň ýadyna düşmeýär. Kyrka ýetende, ol öňki eden işleri üçin özüni kötekläp başlaýar» diýýär.

* * *

Enes Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Her bir zadyň iň ajaýyp döwri bolýar. Meniň ymmatymyň adamlarynyň şeýle wagty altmyş bilen ýetmişiň ýaş aralygydyr» diýýär.

* * *

Ybraýym Edhem: «Ýaş oglanka, öz aramyzda degişerdik, gülüşerdik. Emma özümizden uly birine duşaýsak, onuň gowy tarapyny almaga çalyşardyk» diýýär.

* * *

Hasan, onuň kakasy Sabyt we atasy Manzar, olaryň her biri bir ýüz kyrk ýaşap dünýeden ötdüler. Bu barada Hasanyň ogly Abdyrahman hemme ýerde magtanyp gürrüň berer eken. Onuň özi bolsa kyrk sekiz ýaşynyň içinde aradan çykypdyr.

* * *

«Zeburda»[1] şeýle diýilýär: «Ýetmiş ýaşa ýeten adam hiç bir sebäp ýok ýerden hem ynjalyksyzlanýar».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Adamyň ýaşy bir çene barandan soň, onuň galan ömründen haýyr ýokdur. Ol galan ömrüni geçen ömründäki eden işlerini ölçerip-döküp, özüni kötekläp geçýär» diýýär.

* * *

Bir garry adamdan:

— Sen näçe ýaşyňda — diýip soranlarynda, ol:

— Ýigrimi — diýip jogap berýär.

Onda adamlar oňa:

— Bu nähili beýle bolýar. Daşky görnüşiň-ä ýaşyň birneme ulalşandygyňy habar berýär — diýýärler.

Ýaňky ýaşuly:

— Eden işlerime toba edip, oýlanyşykly ýaşap başlanyma ýigrimi ýyl boldy — diýýär.

* * *

Ahmet ibn Isa Ulawy şeýle diýýär:

Ykbalym dürli-dürli synaglardan geçirdi,
Synagdan geçdim welin, ýyllar ara açardy.

Döwür meni üýtgetdi, oýnady ýumak kimin,
Özi hiç üýtgemedi aldady tapsa çemin.

[1] Zebur – asmandan inen dört kitabyň biriniň ady. Ol Dawut pygambere inen kitapdyr.

Döwür tanaplary bile berk daňdy meni,
Loly oýunlaryn etdi, bilmedi çeni.

* * *

Ibn Arus Kätip bolsa şeýle diýýär:

Ýaşlygymdan ýaşaýşa umyt-arzuw bekledim,
Ýaşlyk salgym kimin gitdi, durmuşy kötekledim.

* * *

Abdyrahman ibn Abu Bukra: «Kim-de kim uzak ýaş dilese, goý, ol adam durmuşyň ähli kynçylyklaryna taýýar bolsun» diýýär.

* * *

Enes Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Melikul Möwt[1] Nuh pygamberden: «Eý, pygamberleriň iň uzak ýaşany, bu dünýäni, onuň lezzetini nähili gördüň?» diýip soranda, ol: «Bu dünýäde adam iki gapyly öýe giren ýalydyr. Bu öýe giren adam jaýyň ortasyna baryp, bir-az salym durup, soňra beýleki gapydan çykyp giden ýalydyr» diýipdir.

* * *

Ýaşy bir çene baran adama: «Onuň eşegi suwa ýakar ýaly wagt ömri galypdyr» diýilýär. Sebäbi haýwanlaryň içinde tiz suwsaýany we suwdan tiz ganýany eşekdir.

[1] Melekul Möwt – Ezraýyl.

* * *

Ibn Mugtaz: «Ulyny syla, sebäbi Allatagala ony senden öň bu dünýä getirendir. Kiçä bolsa hormat goý, sebäbi ol senden soň bu dünýede galmalydyr» diýýär.

* * *

Ömrüniň az wagty galan adamy agşam namazyndan soňra batýan Güne deňeýärler. Sebäbi bu wagtda Gün tiz batýandyr.

* * *

Bir ýaşuly, eger ol hyzmatkär hem bolaýsa, ýaşyny sylap, onuň diýenine gulak goý.

* * *

Şumeýt şeýle diýýär: «Bir adam garrylykdan nalaýar. Ol:

— Meniň süňklerim gowşady, ukym bozuldy, agzym boşap galdy, naharymy siňdirip bilemok — diýýär.

Onda oňa Şumeýt:

— Sen bu ýaşdan soň ýaşlygyň gaýdyp gelmegini isleýärsiňmi? Seniň üçin iň gowusy Alla toba we ybadat edip, Allanyň emrine garaşyp ýatmakdyr».

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Saçy agaran musulmanlara kyýamat güni olaryň saçy özboluşly görk berer» diýýär.

* * *

Iýas ibn Katada Abşam sakgalyna düşen agy görüp:

— Görýän welin, wagtym ýakynlaşypdyr öýdýärin, bu ýagdaýa asla garşy bolup bilmerin — diýýär. Soňra:

— Eý, beni sagt, meniň ýaşlygym, gowy günlerim siziň bilen geçdi — diýip, öýüni adamlara metjit edip berýär. Maşgala agzalary:

— Sen ölümiň ýakynlaşýanyna şatlanýarsyňmy? — diýip soranlarynda, ol:

— Men neneň ölümime şatlanmaýyn. Meniň mömin bolup bu dünýäden gitmegim, mynapyk-ikiýüzli bolup gitmegimden haýyrlydyr — diýýär.

* * *

Hasan Basry: «Kyýamat güni iň uly hormata mynasyp boljaklar köp ýaşan musulmanlardyr» diýýär.

* * *

Abdyleziz ibn Abu Rawwat: «Üç zady — yslamy, Gurhany hem-de saça ýa sakgala düşen agy sylamadyk, hiç zady sylamaz» diýýär.

* * *

Saça, sakgala ak düşmegi adamyň ömrüniň we onuň arzuwlarynyň, ömrüniň paýawlandygynyň habarçysydyr.

* * *

Abu Hazym: «Alladan gorkmaýana we saçyna-sakgalyna ak girse-de, erbet gylygyny taşlamaýan imansyz adama meňzejek bolmaň» diýýär.

* * *

Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Adamlaryň saçyna ak girmegi olary Allanyň garşysyna gitmekden gorkuzmaýarmyka?!» diýýär.

* * *

Şagby: «Saçyňa ak girip ugrasa, ony togtadyp ýa-da ýok edip bolmaz. Oňa kesel ýa dert hem diýip bolmaz» diýýär.

* * *

Hekim Tary saçyna düşen agy görüp: «Hoş geldiň danalygyň we durmuş tejribesiniň nyşany, takwalygyň lybasy» diýýär.

* * *

Bir çarwa: «Ilki saçymyň agaryp başlamagyndan gorkardym. Soňra welin, gara saçlarymyň-da agarmagyny isledim» diýýär.

* * *

Ybraýym alaýhyssalam (goý, Alla ondan razy bolsun!) saçyna ak düşen ilkinji adamdyr. Ol Yshak bilen meňzeşdi. Adamlar, hatda, olary tapawutlandyryp bilenokdylar. Bir gün Ybraýym irden turanda, görse saçy agarypdyr. Ol: «Eý, Allam, onda bu näme?» diýip soraýar. Onda Allatagala: «Bu saňa özboluşly görk, aýratynlyk berer» diýýär. Ybraýym pygamber: «Eý, Allam, maňa has köpräk görk ber» diýip dileg edýär.

* * *

Saça, sakgala ak girmegi adama gaýgy-gam getirýär. Sebäbi, ol ýaşlygyň müdimilik gidendigini aňladýar.

* * *

Bir ýaş ýigit her gün bir garry adama duşup: «Garrapsyň» diýip geçer eken. Günleriň birinde ol adam:

— Eý, oglum, ýaşlyk açylyp oturan gül ýalydyr. Onuň hem solmaly wagty gelýändir — diýýär.

* * *

Ýaş oglan küýkerip barýan ýaşuly adamy group, gülmek üçin:

— Ýaşuly, sen bu ýaýyňy maňa satarsyňmy? — diýip soraýar.

Onda ýaşuly:

— Eý, oglum! Alla saňa uzak ömür berse, wagty gelende, bu ýaýy saňa mugt bererin — diýýär.

* * *

Bir saçy agaran adam ýolda gidip barýarka, ýetişen gyza lak atýar:

Ol gyza:

— Eger seniň adamyň bar bolsa, Alla onuň bagtyny getiripdir. Eger durmuşa çykmadyk bolsaň, onda habarlaşaly — diýýär.

Gyz oňa:

— Seniň bu sözüňi söz aýtmak diýip düşünmelimi? Onuň ýaly bolsa, meniň bir aýbym bar. Meniň saçyma ak düşdi — diýýär.

Ol adam münüp oturan ulagyny yzyna öwürýär. Onda ýaňky gyz:

— Meniň saçymda ýekeje ak tar hem ýok. Men entek ýigrimi-de ýaşamok — diýýär.

Ol adam:

— Onda näme üçin meni aldadyň — diýip soranda, gyz:

— Seniň halamaýan zadyňy men hem halamok — diýip jogap berýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Adamlaryň saç-sakgalynyň agarmagy Allanyň şol adama görk, owadanlyk bermegidir. Ol adam Allanyň nazar salan adamydyr. Allatagala: «Men öz beren görkümi oduma (dowzahda) ýakmaryn» diýýär.

* * *

Ak saç dogry ýoldan gidýäne nurdur, zulum edýäne zulumdyr.

* * *

Enes Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Ýaş ýigit orta ýaşly adama meňzese gowudyr. Eger orta ýaşan adam ýaş ýigide meňzejek bolsa bu erbetdir» diýýär.

* * *

Ibn Omar:

— Siziň gowularyňyz — ýaşlar, erbediňiz — garrylar — diýýär.

Adamlar:

— Ol näme üçin? — diýip soranlarynda, ol:

— Ýaşlar göreldäni ululardan alýar. Olar gowy ýaşulyny görseler, gowy ýoldan gidýärler, erbet adamy görseler hem özlerine-de şonuň ýaly bolmak ýaraşýandyr öýdýärler — diýip jogap berýär.

* * *

Umeýr ibn Hani: «Ýaş oglanlar toba gelende, toba: «Hoş geldiň!» diýýär. Garry adam toba gelende, toba: «Sende bar zady täzeden kabul edýäris» diýýär.

* * *

Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Bu dünýäniň lezzetini terk eýläp, özüniň ýaşlygyny Alla ybadat etmek bilen geçiren ýaş ýigide Allatagala ýetmiş iki musulmanyň sogabyny berer» diýýär.

* * *

Allatagala: «Eý, ýaşlygyny maňa bagyşlap, dünýäniň aýşy-eşretinden, haram şöhwetinden ýüz dönderen ýaş ýigit. Sen meniň üçin perişdelerimiň biri ýalysyň!» diýýär.

* * *

Ýunus alaýhyssalam: «Allatagala hikmetiň[1] tohumyny ulynyň hem kiçiniň hem ýüregine taşlar. Kiçi çaganyň ýüregine Alla tarapyn danalyk guýulsa, onuň derejesi uly danalaryňky bilen deňleşer. Uly ýaşly danalar bu hikmetiň Allanyň keramatydygyna düşünerler» diýýär.

* * *

Damaskyň golaýynda Hanasyra diýen obada Muhyt diýilýän bir ýaş oglan wepat bolýar. Onuň jynazasyna Omar ibn Abdyleziz gelýär we şeýle diýýär:

Muhytdan jyda düşüp, heläk bolýar adamlar,
Aýralyga hemmeler perýat edip nalarlar.

Soňra Omar ibn Abdyleziz: «Allatagala bu oglany goýup kakasyny alan bolsa gowy bolardy» diýýär. Sebäbi ol oglanyň kakasy sylanmaýan adamdy.

---

[1] Hikmet – danalyk.

* * *

Ýaşuly adamlar köp ýaşan agaç ýalydyr, dar danalygyň çeşmesidir. Köp ýaşan agaja ok hem kär etmez, suwa-da mätäç däldir. Olar ýaşlar erbet iş etjek bolsa pälinden gaýtarýarlar. Gowy işiň başyny tutanda bolsa bu işinde goldaw berýärler.

* * *

Mälik ibn Dinar: «Özüňiziň erbet gylyklaryňyza duşmana garşy göreşişiňiz ýaly göreşiň. Ýaşy uly adamlara erbet gylyklaryndan el çekmek kyn düşýär» diýýär.

* * *

Aly, Zubeýr, Talha we Sagt (goý, Alla olardan razy bolsun!) şol bir ýylyň içinde sünnet edildiler. Sebäbi olaryň ýaşy deňräkdi[1].

---

[1] Olar Aly ibn Abu Talyp, Zubeýr ibn Awwam, Talha ibn Abdylla we Sagt ibn Abu Wakgasdyr. Olar on sany jennete girjekdigi hakynda buşlanan adamlardandyr.

# OTUZ DÖRDÜNJI BAP

## WATANY, DOGAN-GARDAŞY, DOST-ÝARY KÜÝSEMEK, WATANY WASP ETMEK HAKYNDA

Asyl Gaffary Muhammet alaýhyssalamyň ýanyna gelýär. Resulalla ondan:

— Eý, Asyl, Mekgeden nähili gaýtdyň?! (nähili ýagdaýda Mekgäni taşlap gaýtdyň?) — diýip soranda, ol:

— Alladan ant içýärin, Mekgedäki galan ýakynym, dost-ýarym, ol ýerdäki bitýän ösümlikleriň ysy, agaçlaryň miweleriniň tagamy meniň ýadymdan çykanok, ýagny häli-şindi küýsedip dur — diýip jogap berýär.

Resulalla Gaffaryň sözlerini diňläp, damagy dolýar we:

— Eý, Asyl Allanyň özi saňa ýardam bersin — diýýär.

* * *

Bir gezek Resulalla Aban ibn Sagytdan:

— Eý, Aban Mekgäniň adamlaryny nähili taşlap gaýtdyň — diýip soranda, Aban:

— Men Mekgeden çykanymda, adamlaryň gözýaşyndan sil gelen ýaly boldy. Mekgä mahsus bolan ýerleri, ýaşap önüp-ösen ýerlerimi ýadymdan çykaryp bilemok — diýende, Resulallanyň gözi buldurap ýaşdan doldy.

* * *

Bir çarwadan:

— Watanyňy küýseýärsiňmi? — diýip soranlarynda, ol:

— Doglup, önüp-ösen, ýaşlygyň geçen çägelerini neneň küýsemejek — diýip jogap berýär.

* * *

Akly ýerindäki adam ýolbarsyň tokaýy küýseýşi ýaly watanyny küýseýändir. Düşünjeli, akyl-paýhasly adamyň watanyna, göbek ganynyň daman ýerine küýsegi, söýgüsi bolmalydyr.

* * *

Pylana ata-watanyndan habar gelip gowşanda, onuň dünýesi daralyp, sabyr-takatyny ýitirip, watany hakynda oý-pikire batardy. Onuň bu oý-pikiri ony bulutlaryň arasyna alyp giderdi we ähli kynçylykdyr-müşgil işlerini ýadyndan çykarardy. Hiç bir şahyryň goşgusy watana bolan duýgusyny, küýsegini doly berip bilmez.

* * *

Bir dana adam: «Atyň gowusy gamçydan gorkar, çaganyň düşünjelisi kitap söýer, ene-atanyň gowusy çagalaryna mähirlisidir, düýäniň gowusy ýatagyny küýseýänidir. Arassa söýgi ejeňe bolan söýgüdir. Adamyň gowusy adamlara özüni aldyranydyr (adamlaryň gowy gören adamydyr)» diýýär.

* * *

Bir çarwa: «Akylly adam düýäniň ýatagyny gowy görşi ýaly, küýseýişi ýaly watanyny gowy görmelidir we küýsemelidir» diýýär.

* * *

Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Men Zeýdi gowy görşüm ýaly, hiç kimi gowy hem görmedim, oňa meňzejek bolşum ýaly, ýene birine meňzejek hem bolmadym» diýýär.

# OTUZ BÄŞINJI BAP

## ŞER, GÜNÄ, PYSSY-PYJUR IŞLER HAKYNDA

Nawwas ibn Semgan Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Muhammet alaýhyssalam: «Kyýamat gopmazyndan öň Allatagala sowuk, gowy ysly şemal ösdürer. Ol şemal mömin, musulman bendeleriniň ruhuny öz içine alar. Galan şer işler eden adamlar bolsa biri-birini eşekler ýaly basgylap, aljyraňlylyga düşerler. Soňra olaryň eden günä-şer işleri soralyp, olaryň başynda kyýamat gopar».

* * *

Omar ibn Abdyleziz (goý, Allatagala oňa rehim etsin!):

— Maňa Tawusyň beren maslahatyny hiç kim bermändi. Ol maňa: «Halkyňa kyn gününde kömegiňi gaýgyrmasaň ähli işiň oňuna bolar. Eger-de halkyňa şer iş etseň, onda seniň hem işleriň oňuna bolmaz» diýipdi — diýýär.

* * *

Hasan Basry: «Erbet güman etmegiň soňy erbet, şer işlere eltýändir» diýýär.

* * *

Lukman Hekim: «Eý, oglum kim-de kim şer iş şer işi öçürýändir diýse, ol ýalan sözleýändir. Onda ol iki sany ot ýaksyn we biri bilen beýlekisini öçürsin. Ody haýyr işiň şer işleri öçürişi ýaly, diňe suw öçürýändir» diýýär.

* * *

Köpler üçin haýyr iş etmek kyndyr. Şer iş etmek bolsa aňsatdyr.

* * *

Eger bir adam gowy niýet etse, onuň niýet eden işi amala aşmasa—da, niýeti üçin hem sogap berilýändir. Ýaman iş etjek bolup niýet edilende, onuň niýet eden işi amala aşmasa niýeti üçin günä ýazylanok.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Ähli amallar (işler) niýete baglydyr» diýýär.

* * *

Mälik bin Dinar: «Bir adam öz ýanyndan gowy işler bilen ýagşyzada adamlaryň hataryna goşulmagy niýet edinse, ol gowy adamlaryň hataryna goşular» diýýär.

* * *

Eger adam ýaman iş etmegi ýüregine düwmese, bu işiň gyrasynda-da görünmez.

* * *

Dini takwalykdan, Allanyň ýolundan daşlaşan, imany kemelen, Alladan gorkmaýan adam şer işlere baş goşýandyr. Beýle adam şeýtana gulluk edýändir.

* * *

Dawa turuzýan adam abraý donuny çykaryp, masgaraçylygyň, şeriň donuny geýýändir.

* * *

Erdeşir ibn Hurmuz: «Şer işe bolan höwes her bir adamyň tebigatynda bardyr. Köp adam şere ýüz berýändir, köpüsi bolsa ondan ýüz öwürýändir» diýýär.

* * *

Bir gezek Sabyt ibn Jabyr Fehmi gap alyp, onuň içine ýylan salýar we gaby goltugynyň aşagyna salyp, ejesiniň ýanyna barýar. Ejesi oňa:

— Goltugyň aşagynda ýylany däl-de, şer işleri gizlemegi başar — diýýär.

Ol ejesiniň diýenine gulak asýar.

* * *

Semama ibn Aşras: «Şer iş edip şöhrat gazananyň şer bilen haýryň tapawudyny bilmezlikden gowudyr» diýýär.

* * *

Nowfyl Musahygyň agasynyň ogly goňşusynyň gyrnagyny göwreli edýär. Nowfyl oňa duşup:

— Eý, Allanyň duşmany, iň bolmanda azal etseň[1] bolmadymy? — diýip soranda, ol:

— Azal etmek mekruhdyr[2] öýtdüm — diýýär.

Onda Nowfyl:

— Mekruh iş etmekden gorkup zyna edýärsiň. Sen, name, zynanyň haramdygyny bileňokmy? — diýýär.

* * *

Jahyz: «Bir adam aýdymçy gyrnak aýala aşyk bolup, onuň yzynda sergezdan bolýar. Ol adamyň dostlary:

— Beýdip ýörenden sen galyňyny töläp ýa-da eýesinden satyn alyp, oňa öýlenseň bolmaýarmy? — diýip soranlarynda, ol:

— Onda meniň üçin gizlin we ogrynça duşuşyklaryň, onuň azat edilmegine garaşmagyň, ondan onuň eýesiniň ýüz öwürmegine garaşmagyň lezzeti ýiter — diýip jogap berýär.

* * *

Hyşam ibn Abdylmälik ogullarynyň biriniň halkyň arasynda bozuk, pyssy-pyjur işler bilen meşgul bolýandygyny eşidip: «Eý, Allam! Soltanlar ýaly pasyk, erbet iş edýän adamlar ýokdur. Olar islänini öldürip, islänine ömür bagyş edýär. Islänini baýadyp, islänini lagar garyp düşürýär» diýýär.

* * *

Bir çarwa umeýrany[3] gamçylaýan eken. Ony zyndana oklaýarlar. Ol şeýle diýýär:

---

[1] Azal etmek – zenanyň göwreli bolmazlygy üçin döl goýbermezlik.

[2] Mekruh – halanmaýan, ýigrenilýän iş.

[3] Umeýra – eliň künýesi, ýagny eli gamçylamak bilen meşgul bolmak. Onanizm (kepeki) bilen meşgullanmak.

Öýlendim elime, hiç kimde islegim ýok,
Zynadan gorandym, başga günä edemok.

Eger şu bolsa meniň ýazygym,
Taşlaryn, garşy gitmen Halyga.

* * *

Sahhakalar[1] babatynda bir şahyr şeýle diýýär:

Iki ot bir ýerde lowlap tutaşar,
Nadan iki ataşy bir ýerde ýakar.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!) «Sahhakalar iň uly günäkärlerdendir» diýýär.

* * *

Abu Gyna: «Bir gyrnak Nahasyndan Halaba gidýär we yzyna dolanyp barmakdan curt-kesik ýüz dönderýär. Men ondan:

— Näme üçin yzyňa dolanasyň gelenok? — diýip soranymda, ol gyrnak:

— Eý, hojaýyn, meniň eýäm ukudan turandan meniň bilen oýnaşýar we suwa düşünmezden namaz okaýar, maňa paýyş-paýyş sögünýär, Gurhany ýalňyş okaýar, diňe başgün we sogapgünleri agyz bekläp, remezan aýynda-da iýip-içýär. Ertir namazyny-da gün guşluk bolanda okaýar. Men neneň beýle adama hyzmat edeýin — diýip jogap berdi» diýýär.

[1] Sahhakalyk – iki aýalyň biri-biri bilen oýnaşmagy, teletinbazlyk.

* * *

Leýla Ahylyýa şeýle diýýär:

Ýaş ýigidiň gowusy ýaş toba eder,
Iň ýagşysy etse günäden heder.

* * *

Wehp: «Zyna eden adama berilýän jezany görüp, ýedi gat asman we ýedi gat ýer aglar. Ýer bu ýagdaýy group, ony göterip bilmez[1]» diýýär.

* * *

Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys gürrüň berýär. Muhammet alaýhyssalam: «Imanyň perdesi (eşigi) bardyr. Allatagala islän adamyna imanyň eşigini geýdirýändir. Eger ol adam zyna etse, onda Allatagala ondan bu iman eşigini çykarýar. Haçan-da ol adam toba edende, Allatagala oňa iman eşigini gaýdyp berýär» diýýär.

* * *

Ýene-de Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys gürrüň berýär. Muhammet alaýhyssalam: «Ýedi gat asmandyr ýer zyna eden garry gojadyr kempire lagnat okaýar» diýýär.

* * *

Enes Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys gürrüň berýär. Muhammet alaýhyssalam: «Dowzahdaky adamlar zyna eden adamlaryň jyns agzalaryndan çykýan ysa çydaman dat ederler» diýýär.

---

[1] Adam toprakdan ýaradylandygy üçin adama jeza berlende ýere agyr degýändir.

* * *

Muhammet alaýhyssalam isra gijesi arşa çykanda Jebraýyl bilen dowzaha aýlanyp ýörkä bir topar adamlary görýär. Olaryň bir gapdalynda arassa, hoşboý ysly et, başga bir tarapynda bolsa oý-pikrine gelmejek şeýle bir porsy ysly maslyk eti bar diýýär. Ol adamlar hars urup maslyk etini iýýärler. Bu ýagdaýy gören Muhammet alaýhyssalam: «Eý, Jebraýyl, arassa, gowy tagamy eti goýup, maslyk etiniň üstünde ölşüp oturan bu adamlar kim?» diýip soranda, ol: «Bular zyna eden adamlar» diýip jogap berýär.

* * *

Bir çarwa: «Her bir zatda nejasat bardyr. Diliň nejasaty utançsyz sözleri dile almakdyr, sögünip gürlemekdir» diýýär.

* * *

Osman ibn Affan (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Köp adamlar şer işleriň guludyr. Haçan-da olar toba edenlerinde Allatagala olary bu gulçulykdan boşadýar» diýýär.

* * *

Bir aýalyň künýesi Rakkal Hafyrdy (Naly ýuwkalan). Bu aýalyň beýle künýä eýe bolmagyna onuň erkeklere bolan islegi sebäp bolupdyr. «Erkek adam gözlemekden ýaňa ýöräp-ýöräp, onuň aýagynyň naly ýukalypdyr» diýýärler.

* * *

Wehp ibn Munebbihden:

— Gurhanda Äjit bilen Mäjit ýeriň ýüzünde bozgaklyk ederler diýildigi näme? — diýip soralanda, ol:

— Olar adamlara dürli-dürli ezýet bererler — diýip jogap berýär.

* * *

Zeýt ibn Umeýr Hyzaýy şeýle diýýär:

Ol Aýal hapalandy, zynany etdi ol bes,
Arassalandy, ýene zynany etdi höwes.

* * *

Zulma Kawwada ýaş wagty, mekdepde okanda, özi ýaly çagalaryň galam-kagyzyny, syýadanyny ogurlardy. Ýetişende, zyna etdi. Ýaşy gartaşanda, ahli aýallara buýruk berdi. Garranda, ähli endiginden daşlaşyp, geçi satyn aldy.

* * *

Sahybyl Mesalik wel Mämälik[1]: «Kammardan başga ähli Hindi şalary zyna rugsat edilýän zat hökmünde seredýärdiler. Men onuň şäherinde iki ýyl boldum we ondan dini berk tutýan şany görmedim. Ol şerap içýäne we zyna edýäne ölüm jezasyny berýärdi» diýýär.

---

[1] Abu Fazylylla Omary Şyhabeddin Abu Apbas Ahmet ibn Ýahýa ibn Muhammet Kirmany Omary Şapygy. Ol 700-nji hijri ýylynda eneden dogulýar we ýaşlygynda örän meşhur alymlaryň elinden ylym öwrenýär. Ol ilki Müsür şasy Nasyr Muhammet ibn Kalawunyň «Diwanus-syr», ýagny gizlin tabşyryklar diwanyny dolandyrýar. Soňra kazy Ylaýeddin tarapyndan işinden boşadylýar. Soňra Damaskda Diwanus-syry dolandyrýar. Ol ömrüniň ahyryna, ýagny 149-njy hijri ýylyna çenli bol-elinlikde ýaşaýar. Ol ýigrimi jiltlik kitap bolan «Mesälikul-absar wel-mämälikul-amsar» kitabynyň ýazarydyr.

* * *

Bir adam başga biriniň gyrnagyna seredýär welin, ýaňky gyrnak: «Gözüň göreji, nazar özüňki bolsa-da, zat başga biriniňkidir» diýýär.

* * *

Biri çarwa aýala seredýär welin, ol şeýle diýýär:

Sen öýlenen, senden maňa ne hajat,
Tagat et, göze seretmäňi bes et.

* * *

Bir şahyr şeýle diýýär:

Haýyr iş sogaby beýik dag misli,
Şer iş akgynly sil — dowzahdan asly .

* * *

Japar ibn Muhammet Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Mal-mülk köpelmese, baýlyk jemlenmez, dogulyş artmasa, adamzat örňemez, günä işler köpelmese-de, kyýamat bolmaz» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Men bir gezek: «Eý, Allam! Meni hiç bir adama mätäç etme» diýenimde, Pygamber alaýhyssalam:

— Eý, Aly! Hiç haçan beýle diýme, adama mätäç bolmajak adam ýokdur! — diýdi.

Men:

— Onda näme diýeýin — diýip soradym.

Ol:

— Eý, Allam! Meni adamyň namardyna mätäç etme — diýip aýt diýdi.

Men:

— Adamlaryň namardyny nähili tanaýyn — diýip soranymda, ol:

— Olar sadaka berse minnet edýän, kömek berse diline çolaýan adamlardyr — diýip jogap berdi.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Zyňylan daşy yzyna-da zyňyp bolýandyr, zyňman hem bolýandyr» diýýär, ýagny ýamanlyk edene ýamanlyk edip-de bolar, etmän hem bolar, oňa derek ýagşylyk bilen hem jogap berip bolar diýdigidir.

* * *

Hasan Basry: «Her bir ymmat günä işleri bilen gelse-de, Hajjajyň ýeke özüniň eden günä işleri olaryňkydan köp geler» diýýär.

* * *

Şagbydan:

— Hajjaç iman getiripmidi? — diýip soranlarynda, ol:

—Hawa, ol Taguta[1] iman getiripdir — diýip jogap beripdir.

* * *

Pygamber alaýhyssalam: «Şer iş edýän adamyň soňky ykbaly hakyky musulmany gorkuzmalydyr» diýýär.

[1] Tagut – şeýtanyň bir ady.

* * *

Wehp ibn Munebbih Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Beni ysraýylyň içinden erbet işler bilen meşgul bolýan adamlaryň çykyşy ýaly, siziň araňyzdan hem çykar» diýýär.

* * *

Ibn Apbas: «Ilki-ilkiler, adamlaryň erk-islegi dine tabyndy. Ýöne häzirki wagtda din erk-islege tabyn boldy» diýýär.

# OTUZ ALTYNJY BAP

## ŞEPAGAT, GEÇIRIMLILIK, ALADA ETMEK, DUŞMANÇYLYGY AÝYRMAK, ARAÇY BOLMAK HAKYNDA

Awf ibn Mälik Aşjagy: «Men Resulallanyň «Kyýamat güni ähli musulmanlar meniň şepagatyma bil baglap biler» diýenini eşitdim» diýýär.

* * *

Ibn Omar Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Resulalla: «Meniň gabryma zyýarat edene şepagatym wajypdyr» diýýär.

* * *

Mugkyl ibn Ýasar Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Meniň ymmatymdan iki adam şepagatyma eýe bolmaz: zalym, ýalançy ymam we dinden ýüz dönderen adam» diýýär.

* * *

Osman ibn Affan (goý, Alla ondan razy bolsun!) Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol:

«Kim-de kim mömin doganyny aldasa, oňa ýalan sözlese, meniň şepagatyma eýe bolmaz» diýýär.

* * *

Abu Musa Aşgary Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Allatagala kyýamat güni meniň diýenimi kabul eder ýaly sogap iş ediň we maňa salawat aýdyň» diýýär.

* * *

Mamun Ybraýym ibn Mätiniň günäsini geçenden soň: «Wagtyň geçmegi bilen meniň gaharym ýatyşdy we seniň günäňi geçýärin. Men beýle etmek bilen başga-da geçirimlilik eden beýik adamlaryň işini gaýtaladym» diýýär.

* * *

Ahnaf Musgap ibn Zubeýriň ýanyna tussag edilen kowumdaşlaryny azat etmegini soramaga barýar we: «Allatagala ýalňyşlyk bilen tussag edilen adamlaryň günäsizdigini açyk görkezýändir. Eger-de ol kowum hakykatdan hem günäkär bolsa olaryň günäsini geçip, tussaglykdan azat eden emiriň işini Allatagala hemişe oňuna edýändir» diýýär. Musgap onuň kowumdaşlaryny azat edip goýberýär.

* * *

Biri wezipeli adama: «Köp adam senlik işi bolanda, saňa ýüz tutman, seniň tanyşlaryňa ýüz tutup işlerini bitirýärler. Men bolsam göni seniň özüňe ýüz tutýaryn. Sebäbi men seniň bitiren işiň üçin başga birine sag bolsun aýdasym gelenok» diýýär.

* * *

Bir şahyr şeýle diýýär:

Ýürekdäki söýgiň bolsa şepagat,
Söýülýän adamdan ýokdur nepagat.

* * *

Är-aýalyň arasyna şeýtan düşüp, olaryň sözleri azaşýar we birnäçe günläp gürleşmän gezýärler. Bir gün gije äri aýalynyň ýanyna girip, är-aýal gatnaşygyny ýerine ýetirýär. Bu iş gutarandan soň aýaly ärine:

— Biz her gezek sögüşenimizde sen menden şeýdip, ötünç soraýaň welin, men hem garşylyk görkezip bilemok — diýýär.

* * *

Mamun Aly ibn Jahmy öldürmegi we onuň mal-mülküni elinden almagy emr edýär. Onda Ahmet ibn Abu Dawut Mamuna:

— Sen ony öldürseň, mal-mülki kimden aljak — diýip soraýar.

Mamun:

— Onuň galdyran mirasyndan — diýýär.

Ahmet ibn Abu Dawut:

— Onuň mirasy ol ölenden soň ogul-gyzyna, dogan-garyndaşyna degişli bolýar. Sen olaryň zadyny aldygyň bolýar. Beýle etseň, bu işiň möminleriň emirine ýararmy? — diýýär.

Mamun:

— Onda ilki mal-mülküni alyň, soňra öldüriň — diýýär. Emma az wagt geçenden soň köşeşip emrini yzyna alýar we Aly ibn Jahmyň günäsini geçýär.

* * *

Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys gürrüň berýär. Ol: «Musulman musulmana kyn gününde kömek berse, kyýamat güni Allatagala ol adama (kömek berene) hemaýat eder, ýagny günäsini ýeňleder. Musulman musulmana ýardam edende, Allatagala ol adama bu dünýäde-de, ahyretde-de ýardam eder» diýýär.

* * *

Jebraýyl perişde Muhammet pygambere: «Eger-de biz hem (perişdeler) Allatagala ýerde ybadat etmeli bolsak üç zat: musulmanlara içimlik suw tapmaly, maşgalaly adamlaryň aladasyny etmeli we musulmanlary günä işlerden goramaly bolardyk» diýýär.

* * *

Hasan bilen Hüseýiniň sözi azaşyp, biri-biri bilen gürleşmeýärler. Bu habary eşiden Ibn Hanypa Hüseýiniň ýanyna barýar we:

— Eý, Abu Abdylla! Seniň we Abu Muhammediň arasynda näme bolandygyny eşidip, sizi ýaraşdyrmaga geldim. Ýör, onuň ýanyna gideli — diýýär.

Onda Hüseýin:

— Men babamyň (Muhammet alaýhyssalam): «Iki adam sögüşip olaryň haýsy biri ilki ýaraşyk teklip etse, jaýy jennetdir» diýenini eşitdim we Abu Muhammetden öň jennete girmezlik üçin onuň ilki gelerine garaşdym — diýýär.

Soň Abu Hanypa Hasanyň ýanyna gidýär we Hüseýiniň aýdanlaryny gürrüň berýär. Hasan ony diňläp:

— Abu Abdylla dogry aýdypdyr — diýýär we Ibn Hanypa bilen gidip, Hüseýine ýaraşyk teklip edýär.

* * *

Abu Derda Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys gürrüň berýär. Ol:

— Men size namazdan, orazadan, sadakadan sogaply iş hakynda aýtmadymmy? — diýip soraýar.

Onda onuň egindeşleri:

— Ýok, Resulalla! — diýýärler.

Resulalla:

— Adamlaryň arasyndan duşmançylygy aýyrmak iň sogaply işleriň biridir — diýýär.

* * *

Hamyt ibn Abdyrahman Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys gürrüň berýär. Ol: «Iki sany sögüşen, tersleşen adamyň arasyny gowulaşdyrmak ýa-da ýaraşdyrmak üçin ýalan sözlemek günä däldir» diýýär.

* * *

Dawut ibn Kahzama[1] pul gerek bolýar. Ol Musgabyň hyzmatkäridi. Ol hojaýynynyň pulundan soraman ýüz müň dirhem alýar. Emma öýüne gelip, bolan işe ökünýär we eden işini bolşy ýaly hatda ýazýar hem-de ýüz müň dirhemi-de hatyň ýanyna goşup, aýaly Ümmi Fazyl bint Gylany[2] Musgabyň[3] aýaly Äşe bint Talhanyň[4] ýanyna iberýär. Ümmi

---

[1] Dawut ibn Kahzam Abdy. Ol beni kaýs taýpasyndan bolup, Basranyň ýaşaýjysy we Musgap ibn Zubeýriň iş dolandyryjysy.

[2] Ümmi Fazyl bint Gylan ibn Harşa. Ol Dawut ibn Kahzamanyň aýaly. Onuň kakasy beni dyba taýpasynyň aksakgaly we Abu Musa Aşgarynyň egindeşleriniň biri.

[3] Musnap ibn Zubeýr ibn Awwam.

[4] Äşe bint Talha ibn Ubeýdylla Temimi Kuraýşy. Onuň ejesi Muhammet pygamberiň aýaly Äşäniň dogany Ümmi Gülsümdir. Ol ilki agasynyň ogly Abdylla ibn Abdyrahman ibn Abubekr Syddyga durmuşa çykýar. Ol wepat

Fazyl äriniň günäsini geçmegini soramaga Musgabyň ýanyna barýar. Musgap gelip onuň bilen gürleşip oturýar. Ümmi Fazyl döwrüniň iň owadan aýallarynyň biridi. Soňra Musgap aýaly Äşeden:

— Ol näme üçin geldi — diýip soraýar.

Ol ýagdaýy gürrüň berýär. Musgap:

— Ol ýüz müň dirhem onda galsyn we men onuň üstüne ýene-de ýüz müň dirhem sowgat berýärin — diýýär we hat ýazyp Dawudyň aýalyna berýär.

Dawudyň aýaly adamsynyň ýanyna iki ýüz müň dirhem bilen dolanyp gelýär.

---

bolandan soňra Musgap ibn Zubeýre durmuşa çykýar. Musgap öldürilenden soňra bolsa Omar ibn Ubeýdylla durmuşa çykýar we onuň bilen sekiz ýyl ömür sürýär. Omar ibn Ubeýdylla hem 82-nji hijri ýylynda wepat bolýar. Ondan soňra Äşe bint Talha hiç kime durmuşa çykmaýar we bir ýyl Mekgede ýaşasa, bir ýyl Medinede ýaşaýar. Ol örän ylymly we baý aýaldy. Ol her ýyl baýlygyny garyp-gasarlara paýlardy.

# OTUZ ÝEDINJI BAP

## SABYR ETMEK, ÝAMAN IŞLERDEN ÖZÜŇI SAKLAMAK, DOGRY SÖZLEMEK HAKYNDA

Abdylla ibn Mesgut (goý, Alla ondan razy bolsun!) Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys aýdýar. Ol: «Sabyr etmek imanyň ýarysy bolsa, doly iman dogry sözlemekdir» diýýär.

* * *

Äşe (goý, Alla ondan razy bolsun!) Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Sabyrlylyk ýagşyzadalara mahsusdyr» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!) Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Utanç adamyň zynaty, sahylyk ýagşyzadalygyň alamaty, sabyr bolsa haýyr-yhsan gämisidir» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalamdan iman hakynda soralanda, ol:

— Iman sabyrlylyk edip bilýän we adamlara sahylyk etmegi başarýan adamda bolýandyr — diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!) Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Sabyr etmegiň üç görnüşi bardyr. Birinjisi adam sögünmekden, dawa-jenjelden daş dursa, Allatagala oňa üç ýüz dereje sogap ýazýar. Bu dereje ýerden asmana çeni aralyga ýeter. Ikinjisi adam başyna iş düşende sabyr edende (ýer titremek, ýangyn, dogan-garyndaşynyň wepat bolmagy) Allatagala oňa alty ýüz dereje sogap ýazýar. Bu dereje ýerden arşa çenli aralyga ýeter. Adam günä iş etmekden (zyna etmekden, adam öldürmekden) özüni saklasa, sabyr etse Allatagala oňa dokuz ýüz dereje sogap ýazýar. Bu dereje ýeriň daşyna iki gezek aýlanyp, arşa çenli aralyga ýeter» diýýär.

* * *

Hasan Basry: «Durmuşda köp barlagdan geçdik, barlagdan geçirdik, tejribe topladyk. Iň peýdaly zadyň wyjdandygyna, iň zyýanly, erbet zadyň sabyr-takatyňy ýitirmekdigine göz ýetirdik. Sabyrsyz hiç bir iş başa baranok. Ähli işler hem sabyrsyz ýerine ýetenok» diýýär.

* * *

Resulalla: «Adam kyn ýagdaýa düşende ilkinji hökmany zat sabyrdyr» diýýär.

* * *

Köne kitaplarda: «Sabyr müşgil işleriň açary we ýeňşiň esasy bölegidir» diýilýär.

* * *

Adamda sabyr bolmasa, ol durmuşyň aladasynyň, gaýgy—gamynyň girdabyna batar.

* * *

Sabyr sogabyň doganydyr.

* * *

Ajy günleri süýjä öwürýän sabyrdyr-takatlylykdyr.

* * *

Sabyr bela-beteriň ganatyny gyrkýandyr.

* * *

Patyşa Buzurgmehrden:

— Nähili häsiýetler bilen ýeňiş gazanyp bolar — diýip soranda, ol:

— Sabyrly bolmak hem ätiýaçlylygy elden bermän syr saklamak bilen ýeňiş gazanyp bolar — diýýär.

* * *

Ahnaf: «Men ýumşak häsiýetli däl-de, sabyr-takatly ýaşadym» diýýär.

* * *

Hezreti Alydan (goý, Alla ondan razy bolsun!):

— Haýsy iş küpüre ýakyndyr — diýip soranlarynda, ol:

— Sabyr-takatyny ýitiren adam küpür işlere ýakyndyr — diýýär.

* * *

Kynçylyklara döz gelýän adam akyl-paýhasyň eýesidir.

* * *

Wehbe biri:

— Pylany ylymda uly derejä ýetdi. Emma soňra ylym bilen meşgullanmagy bes etdi — diýende, ol:

— Sen ylym öwrenip, soň ony taşlany beýik adam hasap etme-de, dogry sözläp, dogry ýoly saýlap bilýäni beýik adam hasap et — diýýär.

* * *

Abdylla Darany Mälik ibn Dinara: «Eý, Mälik! Ybadatyň lezzetini duýmak üçin ybadat bilen bu dünýäniň şöhwetleriniň arasyna haýat gur» diýýär.

* * *

Abu Haýýa Numaýri şeýle diýýär:

Tejribeli ömrümde her kesi gördüm men,
Sabyrdan zyýada häsiýet bardygyn bilmen.

Hajatyňa ýaran edin sabyry,
Sabyrly bendeleň ýeňiş ahyry.

* * *

Mälik ibn Dinaryň goňşusy keselläp, ölüm ýassygynda ýatyrka, Mälik onuň halyny soramaga barýar we:

— Näme isleýärsiň? — diýip soraýar.

Ol ak çörek bilen süýt içesiniň gelýändigini aýdýar. Mälik onuň diýen zatlaryny getirýär. Onda onuň goňşusy:

— Men bütin ömrümde islegimi basyp ýatyrmagy başardym. Indi hem eşegiň suwsuz gezýän wagty ýaly ömrüm galanda, isleglerimi ýerine ýetirtjek bolýan — diýip, Mäligiň getiren zatlaryny datman, bu dünýeden ötýär.

* * *

Muhammet ibn Wasyg: «Bir erbet işi etmegi dowam etmek, şol şer işiň özünden hem erbetdir we günälidir» diýýär.

* * *

Bir gezek Ahnafa:

— Sen ýaşy ulalşan adam, oraza tutmak seni tapdan düşürýär. Sen bolsa onda—da oraza tutmagy dowam edýärsiň — diýenlerinde, ol:

— Men ahyretde azaby çekip çydanymdan, bu dünýäde suwsuzlyga, açlyga sabyr edenim gowudyr — diýýär.

* * *

Abdylla ibn Rabyg ibn Hasym Sury ogly kesellände şeýle diýýär:

Derdim bejermäge tebip arandan,
Saňa ýüz tutýaryn, beýik, Ýaradan!

Başyma düşen işde ber maňa sabyr-takat,
Dogry ýola gönükdir, guý ýüregime kanagat.

Kynçylygyň soňy haýyrly bolsun,
Ýaradan ogluma şepagat bersin.

* * *

Ahnaf: «Kim bir söze sabyr eýläp bilmese, birnäçe söz eşider» diýýär.

* * *

Ýunus ibn Ubeýd: «Biz köp işlerimizde gyssanmasak sabyrly bolardyk» diýýär.

* * *

Dawut Ytamdan: «Nähili aýalsyz gezip bildiň?» diýip soranlarynda, ol: «Sabyrly adam çörek bilen suwdan başga zatsyz oňup biler» diýýär.

* * *

Ibn Semmäk: «Adamyň başyna bir kyn iş düşende, ol sabyr edip bilmese, bir kynçylyk iki kynçylyga öwrülýändir» diýýär.

* * *

Harys ibn Eset Muhasyby: «Her bir zadyň göwher daşy bardyr. Adamdaky göwher daş onuň akylydyr. Sabyr-takat bolsa akylyň göwher daşydyr» diýýär.

* * *

Muhammet ibn Amr ibn Hazm: «Men örän köp kowum bilen tanyşdym. Olardan köpüsi suw içmezligi ýüregine düwseler, ölseler hem suw içenokdylar. Olara berlen sabyr-takatyň çägi ýokdy» diýýär.

* * *

Amr ibn Ubeýd: «Men suw içesim gelse-de, içmezlige synanyşdym. Men beýle etmek bilen özümdäki sabyr-takaty türgenleşdirdim» diýýär.

* * *

Abu Hüseýin ibn Abdylla ibn Süleýman ibn Wahhap şeýle diýýär:

Kalbymdaky häsiýetleň sabyr-takat seresi,
Şol bolmasa dereksizdir häsiýetleň ählisi.

* * *

Bir çarwanyň ogullary wepat bolýar. Oňa bu habary aýdanlarynda, ol özüniň duýgusyny basyp ýatyrýar we: «Olar

ilkinji wepat bolanlar däldir. Men hem beýle kynçylyk başyna düşen ýeke-täk adam däldirin» diýýär.

* * *

Ibn Aýt: «Dürli kynçylyklary ýeňip geçmek üçin sabyry galkan edin» diýýär.

* * *

Hasan Basry: «Mömin adama nadanlyk edilse-de, ol nadanlyk we zulum edýän däldir. Özüne zulum edilse-de, geçirýändir. Zadyny gysganýan däldir. Eger-de oňa zadyny gysgansalar-da, sabyr edýändir» diýýär.

* * *

Lukman Hekim: «Mekirlige sabyrlylyk bilen jogap bermek akyl-paýhasyň alamatydyr» diýýär.

* * *

Eksem ibn Saýfi: «Başyňa kyn iş düşende gyssanmaçlyk, sabyrsyzlyk bilen hereket etmek ökünç miwesini berer» diýýär.

* * *

Haýwan ýarasyna melhem edilende agyry duýsa-da çydaýandyr. Sebäbi ol bu agyrynyň uzaga çekmeginden gorkýar. Adam hem başyna kyn iş düşende şol haýwanyň çydaýşy ýaly sabyr etmegi başarmalydyr. Sebäbi beterinden beteri bardyr.

* * *

Rüstem: «Sabyr-takat ýeňiş şuglasydyr» diýýär.

* * *

Abu Müslime:

— Sen nädip beýle derejelere ýetdiň — diýenlerinde, ol:

— Sabyr-takatly boldum, syr saklamany başardym, duşmany dost tutunmadym we dosty duşman tutunmadym — diýip jogap berýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Meniň size bäş sany wesýet galdyrasym gelýär. Şolary ýerine ýetiren ýagşyzadalaryň hataryna goşulyp biler.

1. Hiç biriňiz Alladan başgadan dileg etmäň, tamakin hem bolmaň!

2. Alladan çekinmän günä iş etmekden gorkuň!

3. Biriňizden nämedir bir zat hakynda soralanda, bilmeseňiz, «bilemok» diýmäge utanmaň!

4. Bilmeýän zadyňyzy başga birine öwretjek bolmaň!

5. Sabyr-takatly boluň! Başsyz göwräniň bolmaýşy ýaly, sabyrsyz-takatsyz iman bolmaz. Başsyz göwreden bolsa hiç hili haýyr ýokdur» diýýär.

* * *

Musa alaýhyssalam Allatagala bilen Tur dagynda gürleşenden soň, aýallar bilen gatnaşykdan daşlaşdy we et iýmezlige ant içdi. Emma Harunyň bu işleri etmäge sabyr-takaty ýetmedi we öýlendi. Bu hakynda Musa alaýhyssalama aýdanlarynda, ol: «Men Allanyň razylygyny gazanmak üçin terk eden işlerime dönmerin» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Sabyrly adam ýeňiş (üstünlik) näçe uzak wagta çekse-de, oňa garaşmagy başarar» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Özüňdäki gaýgy-gamy, umytsyzlygy sabyr-takatlylyk bilen ýeňmegi başar» diýýär.

* * *

Ýene-de Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Sen eliňden giden zat üçin gynanma, bu dünýäde seniň eliňde bolup biljek, emma bolmadyk, amala aşmadyk ähli zatlar üçin gynan» diýýär.

* * *

Bir gezek rumlylar dökülip, Beşir Tabarynyň sygyr sürüsini sürüp gidýärler. Sürüni bakýan gullar Beşiriň ýanyna baryp:

— Hojaýyn bar sygyrlar gitdi — diýýärler.

Onda Beşir:

— Sygyrlar giden bolsa, siz hem gidiberiň — diýip, bu gullary azat edip goýberýär.

Bu ýagdaýy görüp duran ogly:

— Kaka, sen bizi lagar düşürdiň ahyryn — diýende, ol:

— Eý, oglum! Sygyrlaryň gitmegi bilen Alla meniň sabyr-takatymy barlap görmek isledi. Gullary azat etmegim bolsa meniň sabyrlylygymyň subutnamasydyr — diýýär.

* * *

Allatagala Dawut alaýhyssalama: «Adama meniň häsiýetlerim berlendir, ýagny meniň häsiýetim mahsusdyr. Meniň bir häsiýetim sabyrlylykdyr. Şonuň üçin hem kyn gün başyňyza düşende sabyr ediň» diýýär.

* * *

Welidiň ýanyna ýaşuly adamlar gelýärler. Olaryň arasynda gözüne şikes ýeten bir ýaşuly adam bardy. Welit ondan nädip beýle bolandygyny soranda, ol:

— Bir gezek ähli maşgalam, malym (baýlygym) bilen ýola çykdym. Ýolda garaňky gatlyşdy. Biz gijäni jülgede geçirmeli bolduk. Gijäniň ýarymynda sil geldi we meniň ýanymdaky bir oglanjykdan hem eşekden özge zatlaryň baryny, adamlary sil alyp gitdi. Eşek ürküp, gaçyp gitdi. Men oglanjygy depäniň üstüne çykaryp, özüm eşegiň gözlegine çykdym. Uzak gitmänkäm, oglanjygyň aglaýan sesini eşidip, yzyma dolandym. Gelsem, oglanyň garnyny möjek iýip durdy. Men oňa hiç hili kömek edip bilmän, ýene-de eşegi kowalap ugradym. Eşegi tutjak bolanymda, ol meniň maňlaýyna goşa toýnagy bilen depdi. Meniň iki gözüm atylyp çykdy. Şeýdip bir gijäniň içinde men gözden, maşgaladan, baýlykdan, oguldan jyda düşdüm — diýip gürrüň berýär.

Bu gürrüňi eşiden Welit:

— Eý, halaýyk! Bir gijäniň içinde şunuň ýaly ezýet gören barmydyr — diýýär we ol adama halat-serpaý ýapmagy emr edýär.

* * *

Jahyz: «Ähli adamlara içigaralyk etmek we sabyr—takatsyzlyk häsiýetleri mahsusdyr» diýýär.

* * *

Hasan hyzmatkär: «Men Harun Reşit bilen Käbäniň daşynda aýlanyp ýördüm. Reşit Käbäniň matasyndan asylyp duran ýagdaýynda: «Eý, Allam! Maňa Japary öldürmäge ýardam bermegiňi soraýaryn» diýenini eşitdim.

Bu wakadan alty ýyl geçenden soňra, Reşit hakykatdan hem Japary öldürtdi» diýýär.

* * *

Bir şahyr şeýle diýýär:

Sabyr atyna atlansa kişi,
Sylaglydyr özi, hem deňi-duşy.

* * *

Ýene bir şahyr şeýle diýýär:

Sabyr-takatlyga men haýran boldum,
Ol gitdi gözýaşly perişan galdym.

Kyn günlerim geçdi onuň bilen ap-aňsat,
Ajaýyp günler gitdi, turdy uly harasat.

* * *

Bir adam: «Eger bir maksat tutunsaň, onda oňa ýetmek üçin sabyr-takat bilen ýaraglan» diýýär.

* * *

Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Eger-de sabyr-takat we şükür etmek iki sany münülýän ulag bolsa, onda men haýsysyna münjegim hakynda uzak pikir etmeli bolardym» diýýär.

* * *

Omar ibn Abdyleziz ogly Abdylmäligi depin edip duran wagty bir adamyň çep tarapa elini uzadyp gürläp duranyny görýär we oňa:

— Eý, adam, gürleseň-de, eliňi sag tarapa uzadyp gürle — diýýär.

Onda ol adam:

— Başyňa beýle kynçylyk düşende-de, biriniň elini çepe ýa-da saga uzadany gyzyklandyrarmy? — diýende, Abdyleziz:

— Bu kynçylygy maňa Allatagala inderdi. Meniň bolsa oňa diňe sabyr edäýmegim galýar — diýip jogap berýär.

* * *

Muhammet ibn Hanypany Ibn Zubeýr Taýyfa alyp gidýär. Muhammet ibn Hanypa Taýyfdan doganynyň ogly Ibn Apbasa hat ýollaýar. Ol: «Eý, agam ogly! Allatagala bizi ýagşyzadalardan edip ýaratdy. Biz kynçylyk, bela-betere sabyr, ýagşylyga şükür etmelidiris. Şeýle etsek ne meniň, ne-de seniň duşmanyň bolar» diýýär.

* * *

Harun Reşidiň başyna iş düşende, ol: «Allanyň emrine sabyr etmelidir» diýip zol-zol gaýtalaýardy. Ol ýene şeýle diýerdi:

Başyňa kyn iş düşse hergiz sabyr et,
Kynçylykda goýmaz kowumyn Muhammet.

# OTUZ SEKIZINJI BAP

## HÜNÄRMENLIK, SENETÇILIK, IŞEWÜRLIK, SENETÇI, IŞEWÜR ADAMLAR HAKYNDA

Sehl ibn Sagt Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Erkek adamlaryň ýagşysy tikinçilik bilen, aýallaryň ýagşysy egirmek bilen meşgul bolmalydyr» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam eşiginiň, köwşüniň tikin işlerini özi ederdi. Onuň öýünde köplenç meşgul bolýan işi tikinçilikdi.

* * *

Sagyt ibn Müseýýip: «Lukman Hekimiň käri tikinçidi» diýýär.

* * *

Ibn Şuzap: «Idris pygamber hem tikinçidi» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!) tikinçiniň gabrynyň ýanyndan geçip barýarka, saklanyp oňa: «Eý, tikinçi, men Resulallanyň: «Kyýamat güni müşderisine hyýanat eden tikinçini müşderisine hyýanat eden donunda ýa-da köýneginde

sorag ederler» diýenini eşitdim. Şonuň üçin müşderiň hakyny iýme, artykmaç haka tamakin bolma» diýýär.

* * *

Hasan Basry iligini dakdyrmak üçin tikinçä barýar. Tikinçi işini bolandan soň Hasan oňa bir dirhem berýär. Tikinçi pul almakdan boýun gaçyrýar. Onda Hasan oňa:

— Iňňäňden altyn teňňe dökülýän hem bolsa eden işiň hakyny al! Meniň berýän pulum seniň eden işiň üçin azdyr — diýýär.

* * *

Pelsepeçi: «Seneti, hünäri bilmeýän adamyň bu senetiň hünärmenleriniň hünär bilşini synagdan geçirmegi ýa-da baha bermegi iň erbet zatlaryň biridir» diýýär.

* * *

Mugawyýa Sagyt ibn Asdan:

— Halal, dogruçyl adam nähili bolmaly? — diýip soranda, ol:

— Adam kesp-kärli, hünärli we ile göreldeli bolmalydyr — diýýär.

* * *

Eýýup Suhtyýany elmydama: «Eý, ýaşlar! Hünär öwreniň. Şeýle etseňiz başga adamlaryň garamagynda (mätäç halda) bolmarsyňyz» diýýär.

* * *

Bir tikinçi köýnek tikýär. Ol köýnekde kiçiräjik aýp bardy. Tikinçi bu köýnegi bir hyrydara satyp goýberýär. Ara

uzak wagt düşmänkä, hyrydar köýnegi yzyna getirýär. Ony gören tikinçi aglap başlaýar. Bu ýagdaýy gören hyrydar:

— Aglama, men köýnegi şeýleligine-de alaryn — diýýär.

Onda tikinçi:

— Men bu köýnegiň gaýdyp gelenine aglamok-da, kyrk ýylyň içinde eden işlerimiň zaýa çykaryndan we ähli tiken eşiklerimiň yzyna gaýdyp gelerinden gorkup aglaýaryn — diýýär.

* * *

Eger kimdir birine «Ýaşyl garyn» diýilse, onda onuň geýim-gejim dokaýandygyny aňladýardy. Sebäbi dokalýan eşik agaja ildirilip, dokmaçynyň garny zol-zol agaja degip garny (köýneginiň üsti) garalýardy. Adamlar «Ýaşyl garyn» adamy görenlerinden ýa-ha özi ýa-da kakasy dokmaçydyr» diýýärdiler.

* * *

Enes Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Dokmaçylyk bilen meşgul bolýan adamlara gargyş etmäň! Sebäbi ilkinji bolup bu kesp-kär bilen meşgul bolan adam Adam atadyr» diýýär.

* * *

Sufýan ibn Uýaýnadan:

— Kufanyň iň ybadathon adamlary kim? — diýip soranlarynda, ol:

— Dokmaçy Mujima Teými we pul çalyşýan Rabyg ibn Reşit — diýip jogap berýär.

* * *

Bir meselede Abu Hajyp dokmaçy şaýat bolýar. Kazy Bikär şaýady görmek isleýär we dogany Abu Safwany ony getirmek üçin goýberýär. Abu Safwan onuň ýanyna gidýär. Haçan-da ol dokmaçyny tapyp baranda, dokmaçy onuň bilen uzak oturman:

— Meni bagyşla, meniň ýanymda bir oglan işleýär. Ol bir aýalyň guly we gazanjyny ol aýala eltip berýär. Ol oglan eglense, men hem seniň bilen oturyp galsam, ol aýala zyýan ýeter öýdüp gorkýan — diýýär.

Abu Safwan agasynyň ýanyna dolanyp gelip:

— Abu Hajyp geler diýip tama-da etme. Ol meniň bilen az salym oturyp bilmedi, seniň ýanyňa neneň gelsin? — diýýär.

* * *

Bir dokmaçy: «Eger iýmit gymmatlasa, onda maňa iki çörek bir günüme ýeterlik. Eger iýmit arzanlasa, onda bir çörek bilen oňňut ederin. Adam iýip-içmese, zatlaryň gymmatlandygyny ýa-da arzanlandygyny bilip hem bolanok» diýýär.

* * *

Bir dokmaçy Ybraýym Harbydan:

— Baýram namazyndan soňra halwa satyn almasam, näme etmeli bolarka? — diýip soraýar.

Onda Ybraýym ýylgyryp:

— Garyp-gasara iki dirhem sadaka ber — diýýär.

Dokmaçy daşlaşandan soňra:

— Goý, garyp-gasaram biraz begensin — diýýär.

* * *

Bir dokmaça:

— Eger-de sen halypa bolan bolsaň näme ederdiň? — diýip soranlarynda, ol:

— Hurma bilen owuz iýerdim — diýýär we ýanynda duran oglundan:

— Sen näme islärdiň? — diýip soraýar.

Onda ogly:

— Kaka, sen maňa saýlara zat goýmadyň ahyryn — diýip jogap berýär.

* * *

Bir adamdan:

— Siziň obaňyzda dokmaçy barmy? — diýip soralanda, ol:

— Ýok — diýip jogap berýär.

Ondan:

— Size egin-eşigi kim dokaýar? — diýip soranlarynda, ol:

— Her kim özi üçin özi dokap berýär? — diýýär.

Görüp otursalar, şol obanyň adamlarynyň ählisi dokmaçy eken.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Bendäniň hünäri bilen gazanç eden puly halaldyr we lezzetlidir» diýýär.

* * *

Ýene-de: «Allatagala kesp-kärli, hünärli möminleri gowy görýändir» diýýär.

* * *

Ýene-de: «Allatagala hünär öwrenip, adamlara nepi degýän möminleri gowy görýändir. Ylym, hünär öwrenip, adamlara nepi degmeýän musulmany ýigrenýändir» diýýär.

* * *

Abu Ulkama bilen bir adamyň sözi azaşýar. Abu Ulkama oňa: «Eger-de sen bir aýagyňy Hyra[1], beýleki aýagyňy hem Sabire[2] goýýan uly adam bolýan bolsaň-da, seni pagta çigidini çigitlän (sykan) ýaly ederin» diýýär.

* * *

Farazdak Bilal bilen degişip oturýarlar. Bilal beni temim taýpasyny kötekläp, Abu Musany öwýär. Farazdak:

— Abu Musanyň bir artykmaç tarapy bar. Şol bolmasa ol hem olardan tapawudy bolmazdy — diýýär.

Bilal:

— Ol nähili artykmaçlyk — diýip soraýar.

Farazdak:

— Adamdan hapa ganlary aýyrmagy başarýanlygy ýagny hajm edip[3] bilýänligi — diýýär.

Onda Bilal:

— Ol muny Resulalla mätäç bolany üçin etdi. Öň-hä bu iş bilen meşgul bolanokdy — diýýär.

Farazdak:

— Öň etsin, soň etsin. Ýöne ol edýän işine «Alla ýolunda edýän» diýip yhlasly ýapyşýar — diýip jogap berýär.

---

[1] Hyra – Mekgeden üç mil uzaklykda ýerleşýän dag. Muhammet pygambere ilkinji gezek wahy şu dagyň gowagynda gelipdi. Jebraýyl perişde hem Resulallanyň ýanyna şu dagda gelýär.

[2] Sabir – Mekgäniň töweregindäki daglaryň biri. Ol Hyranyň garşysynda ýerleşýär, özem Hyradan pesräkdir.

[3] Hajm etmek – adamyň bedeninde ýygnanýan hapa ganlary kesip çykarmak.

* * *

Adamlar ynsany hünäri ýa-da ady bilen tanap bolmaýandygyny bilseler-de, näme üçindir dokmaçy we hajjam[1] bilen gürrüňdeş bolmakdan gaça durupdyrlar. Sebäbi bu käri edýänleriň köpüsi gysyk hasaplanypdyr.

* * *

Bir gezek Mamun Ybraýym ibn Rüstemi ýanyna çagyryp kazylyk etmegi hödürleýär. Onda Ybraýym:

— Men kazylyk etmegi başarman, meniň kärim deri eýlemek — diýýär.

Mamun:

— Kesp-kär adama zyýan edermi? Yhlasly ýapyşan adam islendik käri derrew ele alar — diýýär.

* * *

Bir adamyň gowy görýän gyrnagy bolupdyr. Ol gyrnagyny aýdym-saz öwretmek üçin ussat sazanda şägirtlige berýär. Birnäçe wagtdan soň ol gyrnagyndan:

— Näme öwrendiň? — diýip soraýar.

Ol:

— Owazy saza goşmagy — diýýär.

Onda ol adam:

— Şol ýeterlik — diýip, gyrnagy hajm öwrenmek üçin hajjama şägirtlige berýär.

Gyrnak hajm hünärini doly ele alýar. Bir gün bir aýdymçy ýaňky adamyň öýüne barsa, onuň gyrnagy hajm edip oturan eken. Bu ýagdaýy gören aýdymçy şeýle diýýär:

[1] Hajjam – bedenden hapa gany alýan.

Dep urman saz çalmak üçin döretdim ony,
Ýatladar gassaby onuň elindäki pyçagy

Islendik saz guralyndan gowudyr onuň owazy,
Ajaýyp posalary ýada salar bahar-ýazy.

Öý eýesi onuň aýdanlaryna gülüp goýberýär we aýdymça iki ýüz dirhem peşgeş berýär.

* * *

Abu Atahyýa şeýle diýýär:

Takwalyk etmeklik bendä däldir nogsanlyk,
Dokmaça, hajjama mahsus bolsun pespällik.

* * *

Dawut alaýhyssalam: «Eý, adam, gazan, işle, iýip-iç, Allatagala işläp iýýänleri halaýandyr. Işlemän iýýänleri bolsa ýigrenýändir» diýýär.

* * *

Sufýan Söwri: «Alym adamyň hünäri we ýeri bolmasa, ol beýleki adamlar üçin tümlük (garaňkylyk) ýalydyr. Nadan adamyň hünäri bolmasa, onda ol pasyklygyň, pyssy-pujurlygyň ilçisidir» diýýär.

* * *

Bir adam Hasan Basrala Gurhan berip:
— Al we günuzyn Gurhan oka — diýýär.
Onda Hasan:

— Ýok, men ony diňe irden we agşam okap bilerin. Gündiziň güni bolsa meniň işläp gazanç etmegim hökmandyr — diýýär.

* * *

Dellek Hasan Basrynyň sakgalyny syryp berýär. Hasan ýanyndaka:

— Dellege iki dirhem ber — diýýär.

Onda ol:

— Hiç zat gerek däl, ol bizden zat soranok — diýýär.

Hasan oňa:

— Biz hiç kimi mugt işlemäge mejbur etmeli däldiris — diýýär.

* * *

Dawut alaýhyssalam halkdan gizlin ýagdaýda (keşbini üýtgedip) özi hakynda soraýar. Adamlar:

— Adyl, ýöne beni ysraýylyň baýlygynyň hasabyna ýaşaýar — diýýärler.

Dawudyň başarýan hünäri ýokdy. Ol Allatagala özüne bir kesp-kär öwretmegi sorap mynajat edýär. Allatagala oňa tikinçilik kärini berýär.

* * *

Süleýman alaýhyssalam sebet örüp satyp, şondan gazanan puluna eklener eken.

* * *

Araplarda kärdeş kärdeşini görende biri-birine: «Ýa ibnu amaly» (meniň kärimiň eýesi, kärdeş) diýen sözler bilen ýüzlener ekenler.

* * *

Resulalla: «Meniň ymmatymda köp ýalan sözleýäni boýagçylar we zergärlerdir» diýýär.

* * *

Arap nakylynda: «Işini göwnejaý etmeýän hünär eýesi ýalan sözlemäge mejbur bolýar» diýilýär.

* * *

Dellallar hem ýalançy hasaplanylýar. Sebäbi her kim işläp gazanç edýär. Dellal ýalan sözläp gazanç edýär.

* * *

Ilkinji dellal Iblis[1] hasaplanylýar. Ol: «Baky ýaşaýyşyň miwesi» diýip, Adam ata miweli agajy görkezýär we onuň miwesiniň tarypyny ýetirýär.

* * *

Kagp: «Dokmaça maslahat salmaň. Allatagala oňa akyldan we rysgaldan kem berdi» diýýär.

* * *

Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Eger bir adam maňa ýarasa, göwnümden tursa, men ýanymdakylardan: «Ol näme kär edýär» diýip soraýaryn. Eger-de ol hiç bir hünäri başarmaýan bolsa,onda men öňki pikirimden dänýärin» diýýär.

* * *

Bir tikinçi Ibn Mübärekden:

---

[1] Iblis – şeýtanyň bir ady.

— Men soltanlaryň egin-eşigini tikýärin welin, sen meniň meşhur zalymlaryň hataryna goşulmagymdan gorkaňokmy? — diýip soraýar.

Onda Ibn Mübärek:

— Ýok, saňa iňňedir mata satanlar meşhur zalymlardyr. Sen bolsa olaryň kölegesindäki ýönekeý zalymsyň — diýýär.

* * *

Mujahyt: «Merýem Isany gözläp ýörkä, dokmaçylaryň ýanyna barýar we Isanyň nirä gidendigini soraýar. Olar aldap, nädogry ýoly salgy berýärler. Merýem dokmaçylaryň oňa ýalan sözländigini bilende: «Eý, Allam! Bu adamlaryň rysgalyny kemelt, adamlaryň gözünden düşer ýaly et» diýip dileg edýär. Allatagala onuň dilegini kabul edýär» diýýär.

* * *

Gurhandaky şu aýat[1]: «Allany päkleýän kişiler bardyr. Ne lezzetli gürrüňler, ne-de söwda-satyk olary Allanyň zikrinden, namazy berjaý etmekden, zekat bermekden saklap biler. Olar kalplary bilen kyýamat gününden gorkarlar» tefsirde şeýle düşündirilýär: Demir ussasy eline çekijini alyp galdyran wagty azan aýdylsa, ol bar işini goýup, namaz okamaga gidýär.

* * *

Eýýup: «Abu Kaglaba işlemegi gowy görýärdi we «Adamyň janynyň sag bolmagy iň uly baýlykdyr» diýerdi» diýip gürrüň berýär.

---

[1] «Nur» süresiniň 37-nji aýaty.

# OTUZ DOKUZYNJY BAP

## GURHANYŇ, GOŞGYNYŇ HARPLARYNY DOGRY OKAMAK WE AÝDYMYŇ HALALDYGY, HARAMDYGY HAKYNDA

Resulalla:

— Hidanyň[1] nähili dörändigini bilýärsiňizmi? — diýip soraýar.

Olar:

— Ýok, bilemizok, bu ata-babalarymyzdan galan zat — diýýärler.

Onda Pygamber alaýhyssalam:

— Mudarr atly bir baýyň düýeleri ýitýär. Ol munuň gözlegine çykýar. Düýelerini gözläp ýörkä, çopana duşýar-da, taýak bilen onuň eline ýagşyja berýär. Çopan oglan eliniň agyrysyna çydaman: «Wa, ýadaýýa» (waý, elim) diýip gygyrýar. Bu sesi eşiden düýeler yzyna dolanyp geläýýärler. Bu ýagdaýy görüp duran Mudarr: «Ýekeje sözüň özi düýeleriň başyny jemläp bilýär» diýip haýran galýar. Şeýlelik bilen haýwanlaryň başyny jemlemek (olary çagyrmak) üçin dürli-dürli ses şekilli sözler ulanylyp başlanylýar» diýýär.

---

[1] Hida – haýwanlary çagyrmak üçin ulanylýan ses şekilli söz.

* * *

Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!) saparda bolanda Ribahdan aýdym aýtmagyny soraýar. Ribah aýdym aýdandan soňra, Omar:

— Men üns bilen diňledim we maňa diýseň ýarady, berekella — diýýär.

Onda Ribah:

— Sen maňa «Zih» (ajaýyp) diýen bolsaň meniň üçin has gowy bolardy — diýýär.

Omar:

— «Zih» diýdigi näme bolýar? — diýip soraýar.

Ribah oňa:

— Kisra zih diýse, aýdymça dört müň dirhem bererdi — diýip jogap berýär.

Omar:

— Men zih diýen sözüňi-hä aýdyp bilerin. Emma dört müň dirhemi meniň bermäge hukugym ýok. Mendäki pullar ähli musulmanlaryň puly — diýýär.

Ribah:

— Ol puluň içinde saňa degişlisi hem bar ahyryn — diýenden soň, Omar oňa dört ýüz dirhem peşgeş berýär.

* * *

Abdylla ibn Mesgut: «Allatagala pygamberleri ýakymly owazly we syratly adamlardan saýlaýar» diýýär.

* * *

Ruhanylaryň ýakymly, mylaýym owazlary bolupdyr. Olar aýdym bilen Allany öwüpdirler, şeýdip uzak gijeleri gysgaldypdyrlar, özleriniň eden ýalňyş günä işlerini ýatlap aglapdyrlar.Olar jenneti, ondaky özlerine garaşýan nygmatlary ýatlap hiňlener ekenler.

* * *

Bir adam Kasym ibn Muhammetden aýdym aýtmak hakynda soranynda, ol:

— Allatagala hak bilen batyly ýaradanda aýdymy haýsyna degişli etdikä? Seniň pikiriňe görä, ol hak bilenmi? — diýip soraýar.

Onda ol adam:

— Ýok — diýýär. Kasym:

— Hawa, ol batyl işlerdendir — diýýär.

* * *

Hatma bir adamyň öýüne myhmançylyga barýar. Oňa ýaş oglanlaryň aýdym aýdýan owazy eşidilýär. Ol: «Meni bu gykylykdan daşlaşdyryň. Aýdym zynanyň ýaranydyr» diýýär.

* * *

Emewiler halypasy Süleýman ibn Abdylmälik: «At baýtaly görende kişňeýär, iner (erkek) maýany görende esreýär, teke geçini görende çekreýär. Adam hem özüniň göwnüne jaý aýal maşgalany görende aýdym aýdýar» diýýär.

* * *

Yshak Mosullydan:

— Merwanlylaryň aýdyma bolan höwesini nähili gördüň? — diýip soranlarynda, ol:

— Olardan Mugawyýa, Abdylmälik, Süleýman aýdym bilen öz aralaryna tuty tutdular. Olara aýdymyň lezzeti nätanyşdyr. Olardan soňkular aýdyma dürli hili seretdiler. Ýöne Ýezit ibn Abdylmälik ýaly nadany bolmady — diýýär.

Yshakdan:

— Omar ibn Abdyleziz aýdyma nähili seredýärdi? — diýip soranlarynda, ol:

— Omar halypa bolmazyndan öň gyrnaklaryna aýdym aýtdyryp diňleýärdi. Emma soňra aýdymdan ýekeje harp hem diňlemek islemedi — diýýär.

Ondan Ýezit Nakys hakynda soralanda, ol:

— Onuň aýdym diňläp-diňlemedigi hakynda hiç zat eşitmedim — diýip jogap berýär.

* * *

Zuhary şeýle diýýär:

Bir gün Harun Reşit menden:

— Medinede aýdym aýtmagy kim haram etdi? — diýip sorady.

Men:

— Allanyň buýrugyna boýun bolýanlar — diýdim.

Onda Harun Reşit:

— Meniň eşidişime görä, Mälik ibn Enes aýdym aýtmagy haram edipdir — diýdi.

Men:

— Haram, halaly çözmek Mälige galypmy? Haram, halaly Ýaradanyň iň gowy görýän bendesi Muhammet ýa-da ondan gelýän wahy-da çözenok. Bu mesele Allatagalanyň emridir — diýdim.

* * *

Muhammet alaýhyssalam Mekgeden Medinä hijret edende, Medinäniň ýaşaýjylary ony aýdym aýdyp garşy alýarlar.

* * *

Huzeýfa Muhammet alaýhyssalama: «Bizden soň geljekler Gurhanyň aýatlaryny aýdym ýaly (kyragat bilen) okarlar. Olaryň bokurdagyndan çykýan ýakymly şirin owazy

olaryň öz ýüregini, diňleýjileriň ýüregini özüne magşuk eder. Beýle owazy biziň döwürdeşlerimiz bilmez» diýýär.

* * *

Ymran ibn Abdyleziz Talha: «Bir gezek Pygamber alaýhyssalam Gurhany aýdym edip okady» diýdi welin, Kasym oňa düýpgöter garşy çykdy we «Allatagala Gurhan eziz kitapdyr»[1] diýidi» diýýär.

* * *

Farygdan Gurhany kyragatly okaýanlar hakynda soranlarynda, ol: «Ýalňyşlyk aýdym aýtmak bilen Gurhan okamak garyşdyrylandan soň ýüze çykdy. Aýdym aýdýan adamlar Gurhany şirin owaz bilen okamaga çalyşdylar we okalyş düzgünini ünsden düşürdiler. Beýle ýalňyş okanyňdan ýönekeý ses bilen okanyň gowudyr. Emma kyragat bilen dogry okamany başarsa, Gurhan adamlary özüne çekýär we olar: «Gör, onuň owazy nähili ýakymly» diýip haýran galýarlar» diýýär.

* * *

Ýunan ýurdunda şirin owazly bir guş bar eken. Ol ýakymly owazy bilen saýranda, başga guşlar onuň daşyna üýşer ekenler.

* * *

Eneleriň owazy jadyly güýçdür. Ol aglap oturan çagany diňdirmäge, onuň ukusyz gözlerini ýumdurmaga ukyplydyr.

[1] «Fussilat» süresiniň 41-42-nji aýaty.

* * *

Deňizçiler deňizde dürli-dürli ýakymly, şirin owazlar eşidýärdiler. Olar muny deňiz jandarlarynyň owazy diýip güman edýärdiler. Bu owazlar olaryň aýdýan aýdymynyň heňine meňzeýärdi.

* * *

Amr ibn Masawih Mutatabbibden bir wakany eşidip, şeýle gürrüň berýär. Ol: «Deňziň kenarynda ýapraksyz, şahasyz agaç ösýär. Bu agajyň üstünde ýüzi ynsanyňka, döşi tawus guşuňka, bedeniniň gurluşy gaplaňyňka, arkasy düýäniňkä, tutuş sypaty hem ata meňzeýän guş otyrdy. Ol dürli-dürli şirin owazlar bilen aýdym aýdýardy. Ol guş Arhanyň golaýynda höwürtge gurnupdy. Onuň ýakymly owazy şähere eşidilýärdi» diýýär.

* * *

Käbir adamlar: «Aýylganç sesiň balygyň suwuň ýüzünde işbil taşlamagyna we balygyň ölmegine getirmegi mümkin, şeýle-de kepderiniň ýumurtgasynyň wagtyndan öň düşmegine getirip biler. Ýakymly, şirin owaz bolsa adamyň akylyny haýran edip, onuň beýnisine ýetýär, onuň ýüregini para-para edýär we janyna rahatlyk berýär» diýýärler.

* * *

Düýe hida bilen, ýakymly owaz bilen çagyrlanda bu ses oňa güýç-kuwwat berýär. Düýe gulagyny keýerjekledip sagyna-soluna seredýär we uzak ýoly ýadawsyzlyk bilen geçmegi başarýar.

* * *

Pili awlamaga çykanlarynda awçylar ýanlary bilen saz gurallaryny we aýdymçylary alar ekenler. Sazandalaryň we

aýdymçylaryň sesini eşiden pil gaçmak ukybyny ýitirip, göni duzaga düşer eken.

* * *

Ibn Rabn: «Yrakly balykçylar derýanyň ortasynda bir çatmajyk gurup, şol ýerde aýdym aýdar ekenler. Bu owaza maýyl bolan balyklar çatmanyň töweregine ýygnanar eken. Balykçylar arkaýyn şol balyklary tutar ekenler» diýýär.

* * *

Käbir pelsepeçiler: «Dag geçisi ýakymly owazy, aýdym sesini eşidende başyny egip, gözlerini ýumup ýatýan ýalydyr. Ol bu aýdymyň sesinden lezzet alýar» diýýärler.

* * *

Birnäçe adamlar: «Adamyň uzak wagtlap, aýrylmazdan aýdym diňlemegi onuň akylyna zyýan ýetirer» diýýärler.

* * *

Eger çopan goýunlaryna sesini gataldyp gygyrsa, goýunlar gulaklaryny üşerdip, onuň sesinde üýtgeşiklik duýýarlar we çopanyň golaýyna üýşmek bilen bolýarlar.

* * *

Sykylyk sesini eşiden suw jandarlarynyň ýagdaýy gowulanýar we köp suw içip başlaýarlar.

* * *

Bir dana adam: «Ýakymly owaz adama güýç-kuwwat berýär, adamy ruhubelent edýär. Adamzat hiç zatdan aýdymdan lezzet alşy ýaly lezzet almaýar. Başga bir zatdan lezzet almak üçin köp işler etmeli bolýar. Emma aýdymdan lezzet almak üçin diňe sesiňi goýup, ümsüm diňlemek

ýeterlikdir. Aýdym dynç almagyň iň ajaýyp serişdesidir» diýýär.

* * *

Eflatun: «Kim-de kim gaýgy-gama batsa, goý, aýdym diňlesin. Gaýgy-gam adamdaky nury öçürýär. Ýakymly, şirin owaz adamy ýadawlygyndan, gaýgy-gamyndan saplaýar, onuň öçen nuruny täzeden tutaşdyrýar» diýýär.

* * *

Şalar ruhdan düşen, gaýgy-gamly, kesel, hassa adamy aýdym bilen bejermegi, melhem etmegi emr edipdirler. Olar özleri dürli pikirlenmelerde, gam-gussaly halatda aýdym-saz bilen dynç alypdyrlar. Bu dynç alyş usuly, soňlugy bilen araplarda-da adata öwrülýär. Bu babatda Ibn Asla Şibany şeýle diýýär:

Şirin aýdym aýtmagy hem diňlemegi,
Ajamlar öwretdi owadan gürlemegi.

* * *

Apbaslylar halypasy Mansuryň azançysy Baalbeki azan aýdýar. Ol wagt Mansuryň eline suw akydyp duran gyrnak azançynyň şirin owazyna maýyl bolup, elindäki küýzäni Mansuryň aýagyna gaçyrýar.

Mansur azançysyny ýanyna çagyryp:

— Bu gyrnak seniňki, ýöne indiki gezek men elimi ýuwanymdan soň azana çek — diýýär.

* * *

Şagby bir toýa barýar we ol ýerdäki adamlara: «Siz jynaza üýşen ýaly-la, hany aýdym-saz, hany dep sesi» diýip soraýar.

* * *

Abu Amr ibn Yla: «Älemde aýdym-saz ýaly özüne çekiji zat ýokdur» diýýär.

* * *

Yshak ibn Ybraýym Mosully: «Abu Hafsanyň ogly meniň kakamyň ýanynda agşamlyk naharyny edindi. Soňra ol nahardan ymykly doýup: «Indi biziň gulaklarymyzy hem gandyrsaň, Alla saňa rehim eder» diýdi» diýýär.

* * *

Bir adam Hasan Basrydan:

— Sen aýdym-saz hakynda nähili pikirde? — diýip soranda, ol:

— Aýdym iň bir ajaýyp zatlaryň biridir. Ol adamlaryň gam-gussasyny, ýadawlygyny aýyrmaga ukyplydyr — diýýär.

Ol adam:

— Sen aýdym hakynda şeýle pikirdemi? — diýýär.

Hasan:

— Hawa, sen nähili pikirde, aýdym babatynda näme bilýärsiň? — diýip soraýar.

Ol:

— Aýdym aýdýan adam agzy-burnuny gyşardyp, özüni bilmän aýdym aýdýar — diýýär.

Onda Hasan:

— Akyly ýerinde bolup gören zadyny beýle derejede ulaldýan adamy birinji gezek görýärin — diýýär.

* * *

Bir gezek Resulalla Hassan ibn Sabytyň ýanyna gidýär we Hassanyň dostlary bilen kölegede Sirine aýdym aýtdyryp

oturandygyny görýär. Sirin Pygamberiň gelýändigini görüp şeýle diýýär:

— Maňa bolarmy günä, gam-gussadan saplasam,
Gam-gussadan saplanyp, Ýaradany ýatlasam.

Bu sözleri eşiden Resulalla gülüp: «Alla halasa günä bolmaz» diýýär.

* * *

Çarwa aýal Dibaja Yshak Mosulla: «Seniň sözleriň sazsyz hem ýakymly. Sen gürläniňde aýdym aýdan ýaly, eger-de saz bilen gürleseň (aýdym aýtsaň) nähili bolarka?» diýýär.

* * *

Bir adam başga birine: «Maňa owaz bilen aýdym aýdyp ber» diýende, aýdymçy: «Sen Weliul Ahdyň (tagt mirasdüşeri) owazyndan başga owaz bileňok öýdýän» diýýär.

* * *

Selefleriň[1] biri: «Aýdym adamlaryň ýüregini para-para edýär, lerzana getirýär. Munuň sebäbi aýdym Iblisiň jennetden aýrylanda eden nalyşyndan dörändir» diýýär.

* * *

Sagydy: «Pygamberiň hadysyndan başga şatlygymyz, lezzetimiz aýdym-saz we goşgy diňlemekdi» diýýär.

* * *

Süleýman ibn Abdylmälik esgerleriniň arasynda aýdymçynyň bardygyny eşitdi we ondan aýdym aýdyp özüni

[1] Selef – ata-babalarymyz, öten-geçenler, danalar.

şatlandyrmagyny sorady. Ol aýdym aýdyp bolandan soň, Süleýman egindeşlerine:

— Onuň aýdymynyň maýany gören erkegiň (ineriň) gykylygyndan tapawudy ýokdur. Ony aýallaryň diňlemegi ahmal — diýýär we ony agtalamagy emr edýär.

* * *

Ibn Rawendi: «Adamlar aýdym diňlemek babatynda iki topara bölündiler. Bir topar bolýar diýse, başga topar garşy çykdy. Men hem bu toparlara garşy çykýaryn we aýdym diňlemek wajyp (hökman) diýýärin».

* * *

Salyh ibn Kisan aýdymda hiç hili erbetlik görenokdy. Ol: «Aýdym ýüregiň jümmüşinden çykyp, gulaklardaky gozgalaňy basyp ýatyryp, gulaklary gandyrýandyr we oňa hiç kim päsgel berip bilmez» diýýär.

* * *

Mosully: «Bir gün Mugtasymyň ýanyna bardym. Onuň ýanynda aýdym aýdyp oturan gyrnakdan başga hiç kim ýokdy. Mugtasym maňa:

— Eý, Abu Yshak, gyrnagy neneň gördüň? — diýip sorady.

Men:

— Onuň aýdym aýtmak sungatynyň çeperçiligini doly ele alandygyna göz ýetirdim. Owadan zatdan owadan owaz çykýandyr. Onuň owazy saýrak bilbiliň owazy kimin — diýdim.

Onda Mugtasym:

— Seniň öwgiň onuň özünden we ýakymly owazyndan has gowudyr — diýdi.

* * *

Medinäniň adamlary aýdym ýaryşyny geçirip, baýraklary goýar ekenler.

* * *

Aýdym diňlän bir adam: «Atyň oty çeýnäp garnyna oklaýşy, soňra-da birnäçe wagtdan täzeden çykarşy ýaly, aýdym diňlänimde men onuň girdabyna doly girdim. Aýdymyň başynda we ortasynda men özümi bilýärdim. Emma soňra bar zat düýşdäki ýaly bolup geçdi» diýýär.

* * *

Abdylla ibn Awf: «Bir gün Omar ibn Hattabyň öýüne bardym. Gapynyň daşyndan Omaryň hiňlenýän sesini eşitdim. Men gapyny kakyp girmäge rugsat soradym. Ol menden:

— Meniň aýdym aýdanymy eşitdiňmi? — diýip sorady.

Men:

— Hawa — diýip jogap berdim.

Ol:

— Biz hem işimizden boş wagtymyz beýleki adamlar öýünde näme edýän bolsa şony edýäris — diýdi.

* * *

Nafyg: «Bir gün Ibn Omar bilen gidip barýarkak tüýdügiň sesi eşidildi. Ol ýoldan bir gyra çykdy-da, barmaklary bilen gulagyny ýapdy we:

— Eý, Nafyg! Heý bir zat eşidýärsiňmi? — diýip sorady.

Men:

— Ýok — diýenimden soňra, ol elini gulagyndan aýryp:

— Resulalla bilen bir gezek ýoldaş bolanymda şeýle ses eşidende şeýle edipdi — diýdi.

* * *

Abu Amama: «Resulalla aýdymçy gyzlary satmagy, satyn almagy, olaryň söwdasyny etmegi rugsat bermedi. Olaryň söwdasy edilip gazanylan pul haramdyr» diýdi. Bu mynasybetli Gurhanyň «Lukman» süresiniň alty aýatynda aýdylýar». Soňra Pygamber: «Bir adam aýdym aýdyp başlanda, Allatagala iki şeýtany goýberýär. Olar aýdym aýdýanyň egninde oturyp, ol tä aýdym aýtmasyny goýýança, aýaklary bilen döşüne depýärler» diýdi diýip gürrüň berýär.

* * *

Bir çarwa pars aýdymyny eşidip haýran galýar we şeýle diýýär:

Manysyna düşünemok, emma çekýär özüne,
Ýüregim para-para, haýran boldum sazyna.

Düýbünden kör bolup men, söýdüm natanyş zady
Gulaklarym ker boldy, eşitmez dat-perýady.

* * *

Bir barly adamyň iki sany aýdym aýdýan gyrnagy bar eken. Olaryň biriniň gowy owazy bolup, beýleki biriniň owazy o diýen däl eken. Olaryň gowy owazlysy aýdym aýdanda, ol adam köýnegini ýyrtar eken. Beýlekisi aýdym aýdanda oturyp ýyrtan köýnegini tiker eken.

* * *

Ybraýym ibn Mäti bilen Yshak Mosully aýdym aýtmak babatynda dawalaşýarlar. Şonda Yshak: «Ikimiziň aramyzdaky bu dawany kim çözüp biler?» diýýär.

Sebäbi olaryň ikisi hem meşhur aýdymçydy we ol ikisinden ussat aýdymçy ýokdy.

* * *

Bir gün Mugawyýa Amr ibn Asy ýanyna çagyryp:

— Meniň ýanyma her hili bidereklik bilen güýmeýäni getir — diýýär.

Ol Abdylla ibn Japaryň aýdym aýdýan hyzmatkäri Saýyp Hasyry göz öňünde tutýar. Amr Japaryň öýüne baranda Saýyp gyrnaklar bilen aýdym aýdyp otyrdy. Amr Saýyby alyp, Mugawyýanyň ýanyna gelýär. Mugawyýa ondan aýdym aýdyp bermegini soraýar. Saýyp aýdym aýdýar. Gyrnaklar onuň yzyndan gaýtalaýarlar. Mugawyýa çapak çalyp, aýaklaryny uzadyp hereketlenip başlaýar. Amr bu halaty görüp:

— Ol aýdym aýtmaýarka, seniň halyň hem gowudy, hereketiň hem azdy — diýýär.

Onda Mugawyýa:

— Sesiňi gap-da, aýdymdan lezzet al. Bar lezzet şondadyr — diýýär.

* * *

Bir pelsepeçi ýakymsyz owazly aýdymçynyň sesini eşidip: «Gadymyýetde öňdengörüjiler: «Eger bir adam baýguşyň sesini eşitse öler» diýer ekenler. Bu aýdymçynyň sesinden soňra ähli baýguş öler» diýipdir.

* * *

Apbas ibn Abdylmuttalyp aýylganç gaty sesli bolupdyr. Ol gygyranda goýunlary duran ýerinde ýedi gezek aýlanar eken. Ol barada Nabyga şeýle diýýär:

Abu Arwa gygyranda, goýun özün ýitirdi,
Dagda durup owazyny ol tokaýa ýetirdi.

Ol bir gezek dagyň üstünde duran ýerinden özüniň tokaýda gezip ýören hyzmatkärlerine gygyrdy. Hyzmatkärleri onuň sesini eşidip geldiler. Dag bilen tokaýyň aralygyndaky uzaklyk sekiz mildi.

* * *

Apbas: «Huneýn güni men Resulalla bilen wagyz-nesihat etmek üçin adamlaryň arasyna gitdim. Adamlar Resulallany diňlemän, her kim öz işine gümrady. Meniň belent owazym bardy. Pygamber olaryň halatyny görüp, maňa: «Eý, Apbas gygyr» diýdi. Men: «Eý, Ensarylar!» diýip gygyrdym welin, adamlar köşegini göresi gelen düýe ýaly ýuwaşadylar» diýýär.

* * *

Bir danadan:

— Gözellik nämede? — diýip soranlarynda, ol:

— Gözleriň görejinde, adamynyň ýüzüniň gülüp durmagynda, aýallaryň abraýyny saklamagynda we ýakymly şirin owazda — diýip jogap berýär.

* * *

Bir gün Hajjaç ýanyndaky egindeşlerinden kime nähili owazyň ýaraýandygy hakynda soraýar. Onda olaryň biri:

— Men bir gije karynyň Gurhan okaýan sesini eşitdim. Men beýle şirin owazy hiç haçan eşitmändim — diýýär.

Hajjaç:

— Hawa, Gurhanyň okalyş owazy gowudyr — diýýär.

Onda başga biri:

— Aýalymyň ir bilen metjide gidip, ýuwaşlyk bilen ýanyma gelip biziň çagamyzyň boljagyny buşlandandakysy ýaly ýakymly owazy hiç eşidip göremok — diýýär.

Hajjaç oňa-da:

— Ol diýýäniň hem gowudyr — diýýär.

Onda Şagba ibn Alkama Temimi:

— Meniň üçin aç wagtym gazanyň taňňyrdysyndan we ýalaňaç wagtym täze eşigiň çykarýan sesinden ýakymly owaz ýok — diýýär.

Hajjaç oňa:

— Sen iýip-içmekden başga zat hakynda oýlanyp bilýärsiňmi? — diýýär.

* * *

Muhnisden:

— Haýsy owazy gowy görýärsiň? — diýip soranlarynda, ol:

— Täze eşigiň we gowrulýan etiň sesini halaýaryn — diýip jogap berýär.

* * *

Bir gün Sagyt ibn Museýýip Medinäniň emiri Omar ibn Abdyleziziň Muhammet alaýhyssalamyň metjidinde adamlara ymam bolup, namaz okaýanyny eşitdi. Onuň örän gowy sesi bardy. Ol sesine bat berip, Gurhandan aýaty okap durdy. Sagyt oňa:

— Eý, ymam! Eger sen aýaty Alla üçin okaýan bolsaň, sesiňi peseldip, ýuwaş okap bilersiň. Allatagala sen içiňden okasaň hem eşider. Eger adamlar üçin okaýan bolsaň, onda sesiňi gataldyp okap bilersiň. Emma Allatagalanyň derejesiniň öňünde adamzat hiç kimdir — diýýär.

Omar ibn Abdyleziz namazyň galan rekatyny sesini ýumşadyp okaýar. Soňra bolsa köwüşini alyp, metjitden çykyp gidýär.

* * *

Resulalla: «Eger-de kimdir biriňiz gije ukudan turup namaz okasaňyz, Gurhany gaty ses bilen okaň. Sebäbi siz namaz okanyňyzda perişdeler size uýýandyr» diýýär.

* * *

Dawut alaýhyssalam hepdäniň bir güni adamlary Kudusyň çöllügine ýygnap, şirin owazy bilen Zebury okap berer eken. Hatda wagşy haýwanlar we guşlar ony diňlemäge geler ekenler.

* * *

Mälik ibn Dinar: «Biziň Muhammet alaýhyssalamdan eşidişimize görä, kyýamat güni Dawut alaýhyssalam Allatagalanyň arşynyň ýanynda durar. Allatagala oňa: «Eý, Dawut! Öňki şirin owazyň bilen meni mahabatlandyr diýer» diýýär.

* * *

Bir gezek Resulalla Abu Musanyň kyragatyny diňläp:

— Saňa Dawut alaýhyssalamyň owadan, şirin owazy berlendir — diýýär.

Onda Abu Musa:

— Eý, Resulalla! Seniň diňländigiňi bilen bolsam, men kyragatymy has-da owadanlardym — diýýär.

* * *

Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys gürrüň berýär. Ol: «Kim-de kim horazyň gygyran sesini eşitse, Alladan islän zadyny dilesin! Sebäbi horaz perişde görüp gygyrýandyr. Eger, kim-de kim eşegiň aňňyranyny eşitse, onda: «Auzubillähi-mineş-şeýtany-rejim» diýsin! Sebäbi, eşek şeýtany görüp aňňyrýandyr» diýýär.

* * *

Ibn Apbas Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys gürrüň berýär. Ol: «Allatagala horazy ýer ýüzünde akylly, pähimli jandar edip ýaratdy we oňa birnäçe syrlary aýan etdi. Gijäniň üçden biri galanda, horaz ganatyny kakyp: «Subhana Mälikul Kuddus, Sabbihu Mälikul Kuddus, Subhana Rabbana Mälikul Kuddus lä ilähä länä gaýruhu» (Mukaddeslikleriň şasy bolan Alla öwgüler bolsun! Mukaddeslikleriň şasyna öwgüler aýdyň. Mukaddeslikleriň şasy bolan, öwgi aýdylýan Alla biziň Rebbimizdir we ondan başga Hudaýymyz ýokdyr) diýýär. Onuň bu diýenlerini ýerde, asmanda yns-jyns ähli eşidýär» diýýär.

* * *

Jabyr ibn Abdylla Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Eger-de itiň üýrýändigini ýa-da eşegiň aňňyrýandygyny eşitseňiz, Alla toba ediň. Sebäbi olar siziň görmeýän zatlaryňyzy görýändir» diýýär.

* * *

Abu Musa Aşgary: «Bir gezek Resulalla bilen sapara gitdik. Biziň öňümizden Medinäniň hormatlanýan ýaşululary gygyryp çykdylar. Onda Resulalla: «Eý, adamlar, siz ker ýa-da aramyzda ýok adamy garşylaňyzok ahyryn. Siziň gygyrýan adamyňyz öňüňizde dur ahyryn» diýdi» diýip gürrüň berýär.

* * *

Hekem Wady: «Men we birnäçe adam Magbatdan aýdym aýtmagyň tälimini alýardyk. Ol bize ýakymly owaz bilen aýdym aýdyp berdi. Men beýlekilerden öň bu aýdymy öwrendim. Meniň yhlas etmegim onuň göwnünden turdy. Men öýe gaýdyp barýarkam, ýaňky aýdylan aýdyma täze heň

düzdim. Ertesi Magbadyň ýanyna baranymda, düýnki aýdymy täze heň bilen aýdyp berdim welin, ol bir sagat ýaly gürlemän oturdy. Soňra bolsa: «Düýn men senden bir zat çykjagyna ynanýardym. Bu gün bolsa senden hiç zada garaşamok. Sebäbi sen eýýäm meniň ynamymy ödediň» diýdi.

* * *

Mugtasym Yshak Mosullydan:

— Sen iki sany meňzeş heňdäki aýdymy nähili tapawutlandyryp bilýärsiň? — diýip soranda, Yshak:

— Biri-birine meňzeş zat ýokdur. Ýöne olary sypatlandyryp, tapawutlandyryp başarmaly — diýýär.

* * *

Alas ibn Harys aýdymçy bolandygy üçin oňa adamlar «aňňyrýan» diýip lakam beripdirler. Onuň diýseň şirin owazy bolupdyr. Adamlar: «Eşegiň özi oňa bu lakamy götermäge rugsat edipdir» diýerdiler.

* * *

Abu Allama Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Adamlar jennete girende onuň başujynda we aýagujynda hüýr-gyz oturar. Olar ýakymly şirin owaz bilen aýdym aýdarlar. Olaryň bu owazyny eşiden yns-jyns haýran galar. Olaryň aýdymy şeýtanyň heňleri däl-de, Allatagala bolan öwgüdir» diýýär.

* * *

Resulalla adamlar bilen oturanda, jenneti wasp eder eken. Oturan adamlaryň biri:

— Eý, Resulalla, ol ýerde aýdym eşitmek barmydyr? — diýip soraýar.

Ol:

— Hawa, Alla zikir edip, günä işlerden daşda durup, ýaşan bendelere Allatagala jennetde bir agaja emr edip, olara aýdym eşitdirer. Ol agaçdan şeýle ýakymly owaz çykar. Beýle ýakymly, şirin owazy hiç bir halaýyk eşiden däldir — diýýär.

* * *

Sufýan ibn Uýaýnadan:

— Näme üçin jynazada ýuwaş gürleşmek gowy görülýär — diýip soralanda, ol:

— Adamlar ölümi görüp, ahyrynda ýene-de Onuň ýanyna dolanyp barjakdyklaryna gözi ýetip, Allatagaladan gorkup, ýuwaş gürleşýärler — diýýär.

* * *

Hajjaç haýsydyr bir öýden ahy-nala owazy eşidilse, ol öýi ýumurmagy emr eder eken. Haçan-da öz ogludyr agasy aradan çykanda, şol ahy-nalany eşidesi geldi. Bu barada Farazdak şeýle diýýär:

Her ýerde eşdiler ahy-nala owazy,
Sowuldy seniň ogluň bahary-ýazy.

Her kesde ölüm bardyr başar etmegi sabyr,
Ölen gaýdyp gelmez hiç, soňky öý bolar gabyr.

* * *

Bir gezek Mamunyň ýanynda oturan iki adamyň sözi azaşýar. Olar tersleşip, gygyryşyp başlaýarlar. Olaryň sesi gatalyp ugraýar. Mamun olara:

— Ýalňyşyňa düşünmeklige gaty ses bilen däl-de, aýdyňlaşdyrmak ýoly bilen ýetilýändir — diýýär.

* * *

Emewiler halypasy Welit ibn Ýezit ibn Abdylmälik Aşgaby getirmegi buýurýar. Ol gelende Welit oňa maýmynyň derisini geýip, aýdym aýdyp, tans etmegi emr edýär. Aşgap onuň aýdyşy ýaly edýär. Ol Welidiň göwnünden turýar. Ol Aşgaba halat-serpaý ýapýar.

* * *

Bir gün Welit Haýsandan bir zat okap bermegini soraýar. Haýsan onuň diýen zadyny okap berýär. Soňra Welit Haýsandan aýdym aýdyp bermegini soraýar. Haýsan aýdym aýdýar. Welit oňa: «Seniň aýdym aýdyşyňdan okaýşyň gowy» diýýär.

* * *

Yshak Mosully kakasy Ybraýym bilen bolan wakany gürrüň berýär. Mäti Ybraýymdan aýdym aýdyp bermegini soraýar. Ybraýymyň aýdan aýdymy onuň göwnünden turýar we:

— Näme isleýän bolsaň dile — diýýär.

Onda Ybraýym:

— Medinedäki Aýn Merwany ykta ber — diýýär.

Mätiniň gözleri gyzaryp, hanasyndan çykara gelýär. Soňra bolsa:

— Sen bir aýdym aýdyp, emewilerden kynlyk bilen alnan oljalary ykta bermegimi soraýarsyňmy? — diýýär we wezirine:

— Bu samsygy hazyna alyp bar we näme islese ber — diýýär. Ybraýym hazynadan elli müň dinar alýar.

* * *

Hammat ibn Yshak Mosully: «Harun Reşit halypalyga geçende ilkinji bolup onuň halat-serpaýyna mynasyp bolan

meniň atamdyr» diýmegi halardy. Hammat Mosullynyň atasy Ybraýym Mosully Harun Reşide şeýle kytgany aýdýar:

Bileňokmy adamzat, çogly gün öň hassady,
Harun halypa bolanda nur saçmaga başlady.

Älem-jahan görke girdi, zynatlandy-bezendi,
Bu gün Ýahýa Mälik Haruna wezir bellendi.

* * *

Bu aýdymy eşiden Harun Reşit Ybraýyma ýüz müň dinar, onuň weziri Ýahýa bolsa elli müň dinar peşgeş berýär.

# KYRKYNJY BAP

## DOGRUÇYLLYK, DOGRYŇY AÝTMAK, HAK IŞLER ETMEK HAKYNDA

Abdylla ibn Omar[1] şeýle gürrüň berýär:

Bir adam Resulallanyň ýanyna geldi we:

— Eý, Resulalla, jennete girjek adamlardan bolmak üçin näme etmeli? — diýip sorady.

Onda Resulalla:

— Dogruçyl bolmalydyr. Eger bende dogry sözlese gowy, haýyr iş etdigidir. Eger haýyr iş etse imanly boldugydyr. Eger imanly bolsa-da, jennete girer — diýipdi.

Onda ol adam:

— Eý, Resulalla, dowzaha girýän adamlar nähili günä iş edýändir? — diýip sorady.

Resulalla oňa:

— Kezzaplyk edip, ýalan sözlär. Eger bende ýalan sözlese, kezzaplyk etse, onuň soňy pyssy-pyjurlyga elter. Pyssy-pyjurlygyň soňy kapyrlyga elter. Kapyr bolan hem dowzaha barar — diýip jogap berdi.

---

[1] Abdylla ibn Omar ibn Hattap.

* * *

Resulalla: «Dogry sözlän adamyň haýyr, gowy iş etdigidir. Gowy iş eden hem jennetidir. Bendäniň dogry sözlülige endik etmegi onuň sadyk, emin adama öwrülmegine getirer» diýýär.

* * *

Ýene-de Muhammet alaýhyssalam: «Saňa zyýan edýän bolsa-da, dogry sözle, eger-de saňa peýda getirýän bolsa-da ýalan sözlemekden daşda dur» diýýär.

* * *

Ysmaýyl ibn Abdylla[1]: «Bir gün Abu Wepanyň ýanyna baranymda, ol ogullaryny ýanyna jemläp olara:

— Eý, ogullarym, Allatagalla tagat ediň, Gurhany okaň we borçlaryňyzy ýerine ýetiriň, eger dogry sözüň üstünde öldürilýän bolsaňyz-da, dogry sözläň! Gurhany okalym bäri hiç haçan ýalan sözlemedim diýer ýaly boluň» diýip wesýet etdi — diýýär.

* * *

Bir gezek Äşe[2] (goý, Alla ondan razy bolsun!) Muhammet alaýhyssalamdan:

— Mömin adam nähili tanalýandyr? — diýip soranda, ol:

— Agraslygy, ýumşak häsiýeti we dogry sözlüligi bilen — diýip jogap berýär.

---

[1] Ysmaýyl ibn Abdylla ibn Japar ibn Abu Talyp. Ol ynamdar hadys rowaýat edýän adamlaryň biridir. Ol kakasyndan, dogany Yshakdan eşidip hadys rowaýat edýär. Ondan hem doganynyň ogly Salyh ibn Mugawyýa, Huseýin ibn Zeýt ibn Aly ibn Huseýin we Abdylla ibn Musgap ýaly adamlar hadys rowaýat edýärler. Ol garrap 145-nji hijri ýylynda wepat bolýar.

[2] Äşe bint Abubekr Syddyk.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Mömin üçin dogruçyllyk baýlykdan we mirasdan haýyrlydyr» diýýär.

* * *

Ahnaf[1] ogluna: «Eý, oglum, dogruçyl bol! Allatagalla kezzaplara lagnat edýändir. Dogruçyl adamyň abraýy uludyr. Onuň aýdan sözüne hatda duşmany hem ynanýandyr we kabul edýändir. Kezzabyň sözüne bolsa, ne dosty ne-de duşmany ynanýan däldir» diýýär.

* * *

Her bir zadyň görki-bezegi bardyr. Sözleýşiň bezegi — dogry sözlülikdir.

* * *

Mahmyt Warrak[2] şeýle diýýär:

Dogry sözlülik görk-görmegi syddygyň,
Ynanarlar sözüňe dost-u duşmanyň.

Rebbine ýakyndyr dogry sözlüler,
Dogry sözli görseň şähdiň açylar.

* * *

Dogry söz diniň sütünidir, edebiň möhüm bölegidir, asylzadalaryň esasy häsiýetidir. Dogry sözlülik bolmasa bu üç zat ýerine ýetýän däldir.

---

[1] Ahnaf ibn Kaýs Sagdy Temimi.
[2] Mahmyt ibn Hasan Warrak.

* * *

Aristotel: «Gürleýän dogry gürlese, diňleýji hem ondan lezzet alsa, şol iň gowy söhbetdir» diýýär.

* * *

Kuteýba[1]: «Soltanlara üç häsiýet: güman etmezlik, gowynyň gadyryny bilmek we dogry sözlemek wajypdyr» diýýär.

* * *

Muhallap ibn Abu Safra[2]: «Batyr esgeriň elindäki gylyjy hernäçe kesgir bolsa-da, ol hem dogry sözçe bolup bilmez» diýýär.

* * *

Iki adamyň, ýagny, soltanyň we dogry sözlüniň deňinden bagt, üstünlik aýlanyp geçmez.

* * *

Bir dana adam: «Dogry söz dostdur. Özüňe zyýan ýetse-de, dogry sözlemek mertlikdir we abraýlylykdyr» diýýär.

* * *

Resulalla: «Dogry sözli täjir garyp düşmez» diýýär.

* * *

Eflatun: «Hakykat akyllylaryň aklydyr» diýýär.

---

[1] Kuteýba ibn Müslim Bahyly.

[2] Muhallap ibn Abu Safra Atky Azady.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Hakykat ýoluny tutýan adamyň soňy, ahyreti gowudyr. Erbetlik, ýalňyşlyk ýoluny tutýan adamyň misli mergi keseli bilen keselleýşi ýalydyr. Ondan şypa tapmak ýokdur» diýýär.

* * *

Ýene-de Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Kim-de kim hak işiň garşysyna çyksa, onda ol adam bu göreşde ýeňiler» diýýär.

* * *

Ýene-de: «Kim-de kim hakykatdan, hak işden daşlaşsa heläk bolar» diýýär.

* * *

Ýene-de: «Kim-de kim hakykaty gizlese, Hak (Alla) ýolundan daş düşer» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!)[1]: «Eger dogry sözli täjir saparda aradan çyksa, onda ol şehitdir. Eger-de ol düşeginde wepat bolsa, onda ol syddykdyr (dogry sözli adam)» diýýär.

* * *

Hakykat we dogruçyllyk akyl terezisine ölçerip dökmäge ýardam berýär.

---

[1] Alynyň bu nesihatlary ogly Hasana eden wesýetleridir.

* * *

Nesihatlar kitabynda[1]: «Eger dogry söz haýwan sypatynda göz öňüne getirilse, onda ol aýylganç arslan sypatynda bolardy. Eger-de ýalan söz haýwan sypatynda göz öňüne getirilse, ol mekir tilkiniň sypatynda göz öňüne gelerdi» diýilýär.

* * *

Emewi halypasy Abdylmälik Hajjaja:

— Akylly adam özüni tanaýandyr, özüniň kemçiliklerini gizlemän dogry aýdyp bilýär — diýýär.

Onda Hajjaç:

— Men gyzma, bahyl, zalym — diýýär.

* * *

Eger erbet işler köpelse, diýmek seniň hak, haýyr işleriň azalandyr.

* * *

Diliňi diňe dogry sözlemäge endik etdir.

* * *

Abu Zar: «Dogruçyllyk adamzat ýolunyň çyrasy bolsa, onuň dogry, hak sözlemegi çyranyň nur saçmagydyr» diýýär.

* * *

Hakykat, dogry söz ähli zatdan öwgülidir.

[1] Zamahşarynyň nesihatlar kitabyndan.

* * *

Jahyz[1]: «Musa ibn Ymran[2] kezzaplyk ýolundan ýöreýän adam däldi. Emma ol gaty dogruçyllygy bilen hem tanalanokdy. Şonuň üçin hem ol özüne nämeden zyýan ýetjegine, nämeden nep geljegine akyl ýetirip bilenokdy» diýýär.

* * *

Ibn Hubeýk[3] Antaky: «Ähli gowy hüý-häsiýetler dogruçyllyga mätäçdir ýa-da baglydyr. Dogruçyllyk bolsa olaryň hiç birine-de bagly däldir. Eger-de bende Allanyň öňünde onuň gowy parzdyr-wajyplaryny dogry, hakyky ýerine ýetirse, diňe Allatagalla mälim bolýan zatlary bilmäge çalyşmasa, onda ol ýerde-de, asmanda-da ynamdar adamlardandyr» diýýär.

* * *

Amyr ibn Zarp Adwany wesýetinde: «Men dogry sözlemek, ýalan gürlemekden daşda durmak ýaly häsiýetleri iň gowy häsiýet diýip hasaplaýaryn. Şonuň üçin dogry sözli boluň. Kim-de kim dogry sözlese, dili dogry sözlemäge endik eden bolsa, ol adama gürlän wagty oý-pikirindäki sözleri saýlap-seçip gürlemegiň hajaty ýokdur. Ol diline näme gelse

---

[1] Abu Osman Amr ibn Jahyz.

[2] Musa ibn Imran. Ol Jahyzyň döwürdeşi. Ol hakda Jahyzyň «Haýwanlar » diýen kitabynda ýatlanýar.

[3] Abdylla ibn Hubeýk Antaky. Ol hakynda Abu Nagym «Hilliýatul awliýa» diýen eserinde ýatlap geçýär. Ol gowy ahlakly, ynamdar, ähdine wepaly adam hökmünde sypatlandyrylýar. Ol Antakiýada ýaşap geçýär. Bu eseriň 1-nji jiltinde Zamahşary ony Abdylla ibn Huneýk hökmünde ýatlap geçýär. Megerem şol bu nusgada (jiltde) ýatlanýan Abdylla ibn Hubeýkdir. Emma onuň 1-nji jiltdäki ýatlanan Abdylla ibn Habyp ibn Nugman ibn Müslim Antaky bolmagy hem mümkin.

şony-da gürläp biler we aýdan sözi üçin utanmaly bolmaz» diýýär.

* * *

Hasan Basry wagyz-nesihat edende: «Adamlar ýaşap geçenden soň hem olar hakynda ýatlamalar galar. Şonuň üçin hem özüniz hakynda gowy ýatlama galdyryň! Amanada hyýanat etmäň! Dogry sözli boluň! Bir eneden bolup, şol enäniň süýdüni emen adam seniň doganyňdyr. Emma saňa dogrusyny sözleýän, haýyr-yhsan edýän adam seniň hakyky doganyňdan hem ýakyndyr» diýýär.

* * *

Bilal[1] dogany Halyt ibn Ribahy[2] öýermek üçin kuraýyşly gyzyň maşgalasyna:

— Biz öň gulduk. Allatagalla bizi azat etdi. Biz öň azaşanlardandyk, Allatagalla bizi dogry ýola saldy. Biz öň pakyr-pukaradyk, Allatagalla bizi baýatdy. Eger gyzyňyzy doganyma çykarmaga razy bolsaňyz, Allatagalla öwgüler bolsun. Eger sözümizi gaýtarsaňyz, onda-da Allatagalladan müňde bir razydyrys — diýýär.

Gyzyň dogan-garyndaşlary biri-biriniň ýüzüne seredip:

— Bilal, Seniň aýdyp beren geçmişiň Pygamber alaýhyssalamyňky bilen birdir — diýip, Bilalyň doganyna gyzlaryny durmuşa çykarmaga razy bolýarlar.

Bilal bilen dogany olaryň ýanyndan çykyp barýarka dogany Bilala:

---

[1] Bilal ibn Ribah Pygamber alaýhyssalamyň azançysy.

[2] Halyt ibn Ribah Bilal azançynyň dogany. Onuň Abu Ruweýha diýen künýesi bardy. Başga rowaýata görä ol Bilalyň süýtdeş dogany däl-de doganokaşanydyr. Ol Bilal bilen bile Şama gidýär. Olar Hulana barýarlar we öý tutunýarlar.

— Guda bolmak üçin. Resulalla bilen geçiren günleriňi ýatlanyň üçin Allatagalla seniň günäňi geçsin — diýýär.

Onda Bilal:

— Men Pygamber bilen bile bolanym üçin däl-de, dogry sözlänim üçin olar saňa gyzlaryny çykarmaga razy boldular — diýýär.

* * *

Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Eger öldürilýän hem bolsaňyz dogryňyzy sözläň» diýýär.

* * *

Bir şahyr şeýle diýýär:

Dogry ýoly görkezýändir hakykat,
Akyl eýeleri tapar bereket.

* * *

Bir adam Omar ibn Abdylezize (goý, Alla ondan razy bolsun):

— Sen soňky wagtlar özüňi ýokary tutýarsyň — diýdi.

Onda Omar:

— Sen näme üçin ony maňa aýtdyň? — diýip soranda, ol adam:

— Sen näme Allatagallanyň dogrusyny aýdýan, hakykaty ýaşyrmaýan adama sogap ýazýandygyny bilmeýärdiňmi? — diýýär.

* * *

Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!) metjitde hutba aýdyp otyrka adamlara:

— Eger-de men sizi ýalňyş ýola, ýagny erbet işleri etmäge çagyrsam näme ederdiňiz? — diýip sorady.

Adamlar jogap bermäge ýaýdandylar. Onda Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!) ýerinden turup:

— Eý, möminleriň emiri, biz seniň päliňden gaýdyp, toba etmegiňi talap ederdik we toba etseň-de, seniň tobaňy kabul ederdik — diýýär.

Omar ondan:

— Eger toba etmesem näme? — diýip soraýar.

Hezreti Aly:

— Toba etmeseň we päliňden gaýtmasaň, urup, iki gözüňi çykarardyk — diýýär.

Omar Hezreti Alynyň jogabyny eşidip:

— Dogry ýoldan azaşanymyzda dogry, hak ýoluna gönükdirip biljek, dogry, hakykaty sözläp biljek adamlaryň ymmatymyzda bardygy üçin Alla öwgüler bolsun — diýýär.

* * *

Günleriň birinde apbaslylar halypasy Mäti metjitde münbere münüp hutba aýdyp durka:

— Eý, halaýyk Alladan gorkuň! — diýýär welin, bir adam ýerinden turup, — seniň özüň Alladan gork! Edýän işleriň hakykatdan daş — diýýär.

Ol adamy derhal Mätiniň ýanyna alyp gelýärler. Mäti oňa:

— Eý, haramzada, men münberde gürläp durkam maňa beýle diýmäge Alladan gorkmadyňmy? — diýýär.

Onda ol adam:

— Hut şonuň üçin, ýagny münberde durup, özüň hakykatdan daşda bolup, başga adamlara-da Alladan gorkmagy buýurmagyň meni bu sözleri aýtmaga mejbur etdi — diýýär.

* * *

Omanyň şasy Selme ibn Abbat[1] Resulallanyň ýanyna gelýär. Ol Resulalla şeýle diýýär:

Ähli adamlara haýyrly sensiň,
Ýaşamagy bize öwreden sensiň.

Ýykylan hak ýoly täzeden gurduň,
Hakykat çeşmesi — Gurhany berdiň.

* * *

Omar ibn Abdyleziz Gylan ibn Dymaşky[2] hakynda: «Ol dana, dogruçyl, Allatagallanyň ýoluna özüni bagyş eden adamdy. Şeýle häsiýetli adamlary hem halardy» diýýär.

* * *

Emewiler halypasy Hyşam halypalyga geçende, Abu Haruny ýanyna çagyrýar. Onda Abu Harun:

— Haýyn, zalym adama hyzmat etmezlik üçin Alladan kömek soraýaryn. Alym, dana adamlar, ymamlar zalymlara garşy durardylar. Olary pyssy-pyjurlyklaryndan el çekdirip, hak ýola gönükdirerdiler — diýdi we Hyşama hyzmat etmekden boýun gaçyrdy.

Onda Hyşam onuň iki elini we aýaklaryny kesmegi emr edýär.

---

[1] Aýyz ibn Selme ýa-da Selme ibn Abbat. Ol Oman şasydyr. Onuň ýokardaky goşgusyny Marzubany öz kitabynda ýatlap geçýär. Başga kitaplarda onuň Selme ibn Aýyz Azady bolmagy hem mümkin diýilýär.
[2] Ol Abu Merwan Gylan ibn Müslim Dymaşkydyr. Ol Magbat Jihniden soňra täleý (kadar) hakynda ikinji bolup gürlän adamdyr. Hyşam ibn Abdylmälik ony tussag edýär. Soňra bolsa Damaskyň derwezesinden asdyrýar.

* * *

Emewiler halypasy Mugawyýa haj edip ýörkä, Hezreti Alynyň toparyna degişli bir garry, daýaw aýaly görýär. Onuň ady Daryna Hajjunyýady. Mugawyýa ol aýala:

— Nähili ýagdaýlaryň, eý, Hamyň gyzy? — diýýär.

Ol aýal:

— Gowy, ýöne men Hamyň gyzy däl-de Kennanlylardan — diýýär.

Onda Mugawyýa:

— Meniň näme üçin saňa ýüzlenenimi bilýärsiňmi? — diýip soraýar.

Ol aýal:

— Eý Allam! Entäk maňa gaýyp zatlar aýan däldir — diýýär.

Mugawyýa:

— Men seniň näme üçin Alyny gowy görüp, meni hem ýigrenýändigiňi bilmek isleýärin? — diýýär.

Ol aýal:

— Eger men dogrymy aýtsam meni öldürdersiňmi? — diýip soraýar.

Onda Mugawyýa:

— Ýok — diýip jogap berýär.

Ol aýal:

— Men Hezreti Alyny adyllygy, adamlaryň arasynda deňligi saklap, garyp-gasary gowy görüp, ula hormat goýandygy üçin haladym, ýagny onuň tarapdary boldum. Seni bolsa Alyny emriň bilen öldürdeniň, biderek köp gan dökdüreniň we özüňe degişli däl zady talap edeniň üçin ýigrenýärin — diýýär.

Mugawyýa ol aýala:

— Şonuň üçin garnyň çişdimi, göwsüň we otyrýeriň ulaldymy? — diýýär.

Ol aýal:

— Hind[1] nähili bolsa men hem şeýledirin. Eger aýalyň garny çişse, onda çaganyň doly kemala geldigidir. Eger göwsi ulalsa, onda boljak çaganyň rysgalynyň köp boljagydyr. Eger otyrýeri ulalsa, onuň daýaw maşgaladygydyr — diýýär we azkem köşeşýär.

Soňra Mugawyýa:

— Alynyň gürleýşi hakynda näme aýdyp biljek? — diýip soraýar.

Ol aýal:

— Aly gürlände ýagyň küýzä guýluşy ýalydy, onuň sözleri ýüreklerde öz ornuny tapardy — diýýär.

Mugawyýa ondan:

— Sen maňa-da şeýle wepaly bolup bilersiňmi — diýip soraýar.

Onda ol aýal:

— Maňa ýüz iner we olary bakmaga çopan ber — diýýär.

Mugawyýa:

— Sen onça zady näme etjek — diýip soraýar.

Ol aýal:

— Men kiçi çagalary naharlardym, ululara kömek ederdim, abraý gazanardym, kabylalaryň, maşgalalaryň arasyndaky düşünişmezligi aýyrmaga ýardam ederdim — diýýär.

Mugawyýa:

— Eger men seniň diýen zatlaryňy bersem maňa-da seniň ýüregiňde ýer tapylarmy? — diýip soraýar.

Onda ol aýal:

— Subhanalla şonsuz hem ýer tapylar — diýýär.

Mugawyýa:

[1] Hind – Abu Sufýanyň aýaly we Mugawyýanyň ejesi.

— Aly bolan bolsa-da saňa bu zatlary bererdimi? — diýýär.

Ol aýal:

— Hudaý bardyr, Aly musulmanlaryň zadyndan ýekeje iňňe-de bermezdi — diýýär.

Onuň beren jogaby Mugawyýanyň göwnünden turýar we ol aýalyň soran zadyny bermegi emr edýär.

* * *

Abdylla ibn Zyýat[1] şeýle diýýär:

Hawaryjly gyrnagyň öýüne gelýär we onuň kakasyndan ar almakçy bolýar. Ol gyrnakdan:

— Kakaň nirede? — diýip soraýar.

Gyrnak:

— Ol şu ýerde bolaýanda-da men saňa aýtmazdym — diýýär.

Onda Abdylla:

— Onuň seniň ejeňi nä günlere salýandygyny bilýärsiňmi? — diýýär.

Ol gyrnak:

— Kakam ejeme näme etse-de, ol zatlar Allanyň kitaby Gurhanda we Pygamberiň sünnetinde rugsat edilendir, käbiriňki ýaly olar nikasyz däldir — diýýär.

Onda oturanlaryň biri:

— Sen kimi göz öňüne tutýarsyň, menimi? — diýip soraýar.

Onda gyrnak:

— Ýok, ýöne men abraýsyz adamlary göz öňüne tutýan — diýýär.

Abdylla:

[1] Abdylla ibn Zyýat Abyh.

— Iki şyh hakynda[1] näme aýdyp bilersiň? — diýip soraýar.

Gyrnak:

— Köp ýeňiş gazandylar, özlerine edilen emri ýerine ýetirdiler — diýýär.

Onda Abdylla:

— Aly we Osman hakynda näme aýdyp bilersiň? — diýýär.

Gyrnak:

— Olar iň bir köp ýagşylyk, yhsan iş eden adamlardyr. Eger-de ýalňyşan ýerleri bolsa-da, Allanyň özi olaryň günäsini geçsin — diýýär.

Abdylla:

— Mugawyýa we Amr hakynda näme aýdyp biljek? — diýip soraýar.

Gyrnak:

— Men olaryň ikisine-de lagnat okaýaryn — diýýär.

Abdylla:

— Ýezit barasynda näme bilýärsiň? — diýip soranda ol:

— Ýezit iň bir köp günä iş eden adamlaryň biridir, saňa-da, oňa-da lagnat bolsun — diýýär.

Onda Abdylla:

— Men hakynda näme aýdyp bilersiň? — diýýär.

Gyrnak oňa:

— Seniň başyň zynadan başlap, ahyryň jedel, dawadyr. Sen hem şol ikisiniň aralygyndaky adamsyň — diýýär.

* * *

Tawus: «Hajjaç ýaly meni gorpuň gyrasynda goýan ýokdur» diýýär. Bir gezek Hajjaç Käbäniň daşyndan aýlanyp

---

[1] Abubekr Syddyk we Omar ibn Hattap.

ýörkä, Tawusdan Muhammet ibn Ýusup[1] hakynda soraýar. Tawus oňa:

— Göwresi uludy, semizdi — diýýär.

Hajjaç:

— Men senden onuň semizligi hakynda däl-de, raýatlaryna edýän aladasy, adyllygy hakynda soraýaryn — diýýär.

Onda Tawus:

— Men ony zalym, ýigrenji adam hökmünde tanaýaryn — diýýär.

Hajjaç:

— Näme üçin ondan ýokardakylara şikaýat edeňzok? — diýip soranda, ol:

— Alla bar, ondan ýokardakylar has beter — diýýär.

Hajjaç:

— Sen meni tanaýarsyňmy? — diýip soraýar.

Tawus:

— Hawa, sen Hajjaç ibn Ýusup — diýýär.

Onda Hajjaç:

— Muhammediň meniň kimim bolýandygyny bilýärsiňmi? — diýip soranda, ol:

— Hawa, ol seniň doganyň — diýip jogap berýär.

Hajjaç:

— Onda näme üçin sen ýaňky sözleri aýtdyň — diýip soraýar.

Tawus:

[1] Muhammet ibn Ýusup Sakafy Hajjajyň dogany. Ol Ýemende Sanany dolandyrýar. Hazrajy: « Halk Muhammediň zulmuna çydaman ony ýakmak üçin şäheriň ortasyna odun ýygnady. Emma ol otlamakalar öz ajalyna 91-nji hijri ýa-da 92-nji hijri ýylynda wepat boldy. Omar ibn Abdyleziz: «Welit ibn Abdylmälik Şamda, Hajjaç Yrakda, Muhammet Ýemende, Osman ibn Haýýan Hyjazda, Kurra ibn Şerik Müsürde hökümdarlyk etdiler. Ýer ýüzüni zalymlar dolandyrdy» diýýär.

— Sen Allanyň derejesini bilýärsiňmi? Men bu sözleri saňa diýenim ýa diýmänim bilen hiç zat bolanok. Esasy zat bu zatlaryň ähli si Allatagalla aýandyr — diýýär.

Onda Hajjaç:

— Iň haýyrly kabyla haýsydyr? — diýip soraýar.

Tawus:

— Benu Haşym — diýýär.

Hajjaç:

— Näme üçin? — diýip soranda, Tawus:

— Sebäbi Muhammet alaýhyssalam olardandyr — diýýär.

Hajjaç:

— Iň şer (erbet) kabyla, tire haýsydyr? — diýip soranda, ol:

— Sakyflar — diýýär.

Hajjaç:

— Näme üçin? — diýip soranda, Tawus:

— Sebäbi Hajjaç olardandyr — diýip jogap berýär.

Hajjaja Tawusyň dogruçyllygy göwnünden turýar we oňa on müň dirhem peşgeş berýär.

* * *

Aristotel Isgender Zülkarneýne: «Hak, dogry işleri pyssy-pyjurlykdan ýokary tut we hakykat bilen şer işleri ýeňmegi başar, şonda dünýäniň ähli adamlary saňa boýun bolarlar» diýýär.

* * *

Musa alaýhyssalam Allatagalladan: «Haýsy bendäň ahyry haýyrlydyr?» diýip soranda, ol: «Saňa kyn günüňde raýdaşlyk bildiren we eden erbet işine ökünip, şol işe gaýdyp barmaýan adamlaryň soňy haýyrlydyr» diýýär.

* * *

Muhammet ibn Aly Bakyr[1]: «Hak işler meni kömege çagyrdy. Bu hak işleriň daşyny batyl (erbet) işler gurşap alypdy. Hak işler erbetligiň gabawyny ýaryp çykdy we şeýdip meniň hak işleri başlamagymyň başlangyjy boldy» diýýär.

* * *

Ahmet ibn Ýezit Mähleb Muntasyry: «Alladan ant içýärin, erbet işleri edýän, ýalan sözleýän adam jübüsinden aý çykarsa-da, meniň ýanymda abraýy ýokdur. Eger hak işi edýän adam bolup oňa bütin dünýäniň adamlary garşy bolsa-da, men onuň derejesini ýokary ederin» diýýär.

* * *

Apbaslylar halypasy Mamun: «Halypalygy doly özüme boýun egdirmek üçin men zalym bolsam adyllyk etmegim, kezzap bolsam dogruçyl bolmagym hökmandyr. Ýöne näme etsem-de, şek-şübhäni doly aýryp, subutnamaly etmegim hökmandyr. Emirleriň ähli sözüne delilsiz ynanmak, halypalygyň gowşamagyna getirer» diýýär.

* * *

Ýene-de Mamun: «Eý, adam, güýç-kuwwatly bolanyňdan dogry sözli bolanyň gowudyr. Sebäbi güýç-kuwwat wagtyň geçmegi bilen gider. Emma dogruçyllyk, dogry sözlemek häsiýetiň seniň bilen ahyrky demiňe çenli galar» diýýär.

[1] Muhammet Bakyr ibn Aly Zeýnelabydyn ibn Huseýn ibn Aly.

* * *

Mujeým ibn Sagb Aly ibn Bekr ibn Waýyl[1]: «Dogry sözlemek diniň täjidir we ähli gowy häsiýetleriň sütünidir» diýýär.

* * *

Günlerde bir gün Mugawyýa Abu Müslim Hulanyny ýanyna çagyryp:

— Seniň adyň näme? — diýip soraýar.

Ol:

— Mugawyýa — diýýär.

Soňra bolsa:

— Meniň eşidişime görä, sen Käbäniň daşyndan aýlanyp, yslam dini üçin aglaýarmyşyň. Onuň sebäbi näme? — diýip soraýar.

Onda ol adam:

— Ynha sen, meselem, ähli ýer ýüzündäki adamlara adalatlylyk edip, birine hem zulum etseň, şonuň günäsi seniň ähli sogabyňdan agyr gelmegi mümkin. Men şoňa gynanyp aglaýaryn — diýýär.

* * *

Bir gezek Mansur[2], Beşir Rahhal[3], Matar Warrak[4] sapara gidýärler. Olar özleri bilen Ybraýym ibn Abdylla ibn Hasany-da aldylar. Ybraýym Beşire:

— Ýüregim gaýgy-gamdan doly we ony diňe adyl we hak işler aýrar diýen sen dälmidiň? — diýip soraýar.

---

[1] Mejeým ibn Sagb Aly ibn Bekr ibn Waýyl. Ol Rabyga ibn Nazzadyň neslindendir. Onuň nesli üç oglundan: Hanypa, Ajyl we Dualdan ýaýrandyr.

[2] Apbaslylar halypasy Abu Japar Mansur.

[3] Bu adamyň terjimehalyna duşulmady.

[4] Matar ibn Tuhman Warrak Abu Rija Horasany Selin. Ol Basrada ýaşaýar we hadys rowaýat edýär.

Beşir:

— Hawa — diýýär.

Onda Ybraýym:

— Saňa şu gezek şeýle bir adyl işleri görkezerin welin saçyň agarar — diýýär.

Matar olaryň gürrüňine goşulyp:

— Hany onda sabyr-takatly bolup, seniň soltanyň özüni peseldişini göreliň — diýýär.

Mansur onuň gürrüňüni eşidip Matara:

— Eý, bozuk aýalyň ogly — diýip ýüzlenýär.

Matar:

— Meniň ejemiň Selmeden[1] gowudygyny seniň özüň hem bilýärsiň ahyryn — diýýär.

Onda Mansur Matara:

— Eý, Akmak — diýende, ol:

— Bu dünýäniň eşretini ahyretiň eşretinden haýyrly gören akmakdyr — diýýär.

Mansur Matary ýokardan taşladyp öldürdýär.

* * *

Eset ibn Nuh Abu Samanyýa[2] Mugtasymdan Balhy alanda bu ýeriň alymlary hakynda gyzyklanyp:

— Olardan heý biri bir galdymy? — diýip soraýar.

---

[1] Berberli gyrnak Selme Mansuryň ejesidir.

[2] Eset ibn Saman ibn Haýýan. Onuň we kakasynyň derýanyň aňyrsynda Samanlylar döwletini döretmek üçin eden işleri uludyr. Onuň kakasy Saman Abu Müslim Horasanlynyň adamlaryndandy. Onuň we ogly Esediň asly Horasandandyr. Eset 192-nji hijri ýylynda wepat boldy. Onuň: Nuh, Ahmet, Ýahýa we Ylýas diýen dört ogly bardy. Mamun halypalyga geçende olaryň ata-babalarynyň eden işlerini nazara alyp, 204-nji hijri ýylynda olara Samarkandy, Ferganany, Şaşy we Hyrady ykta berdi. Samanlylar döwleti 395-nji hijri ýylyna çenli dowam etdi.

Onda adamlar oňa:

— Hawa! Abu Ýusubuň egindeşi Halap ibn Eýýup Amyry bar. Ol adamlara ylym we edep öwredýär — diýdiler.

Eset ony görmek isledi. Olar Esede:

— Sen ony diňe juma namazyna çykanyňda göräýmeseň, başga wagt görüp bilmersiň — diýýärler.

Eset onuň ýoluna çykýar we atyndan düşüp, oňa salam berýär. Halap egnindäki dony bilen ýüzüni ýapýar we ýere seredip durşuna ýuwaş sesi bilen salamyny alýar. Eset:

— Eý, Allam, ol seniň üçin bizi ýigrenýär. Biz bolsa ony seniň üçin gowy görýäris — diýýär.

Soňra Halap kesellände, Eset onuň halyny soramaga barýar we ondan näme gerekdigi hakynda soraýar. Onda Halap:

— Meni indi görmäge gelme — diýýär.

Eset:

— Ondan başga näme isleýärsiň? — diýip soranda, ol:

— Meniň jynazamy okaýsaň, gara eşik geýme — diýýär.

Halap wepat bolanda, Eset onuň tabydynyň yzyndan pyýada ýöräp gitdi. Soňra gara eşigini çykaryp, onuň jynazasyny okady.

* * *

Ataba ibn Abu Sufýan[1]: «Eger ýüregiňde iki zat hakynda pikir edip, olaryň haýsysynyň dogrudygyny bilmeseň, ilki olardan haýsysy erbet işlere ýakyn bolsa, şony bil we onuň tersine et. Sebäbi erbet işe ýakyn zatlaryň tersi haýyr işlerdir?» diýýär.

---

[1] Ataba ibn Abu Sufýan – Mugawyýanyň dogany.

* * *

Aristotel: «Ýalan gürläp ýaşanyňdan, dogry sözläp ölseň gowudyr» diýýär.

* * *

Arap nakylynda: «Hakykat ýiti naýzadyr» diýilýär.

* * *

Sokrat: «Iňňäniň üstünde oturma, ýagny, hakykaty gizleme» diýýär.

# KYRK BIRINJI BAP

## SAGLYK-SALAMATLYK, BEDENIŇ KUWWATLYLYGY WE ONY GORAP SAKLAMAK HAKYNDA

Abu Hureýra[1] Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Muhammet alaýhyssalam ölüm ýassygynda ýatyrka: «Eý, sag-salamatyň eýesi (Allatagalla), ynha, men hem saňa amanadymy tabşyrýan we seniň ýanyňa dolanyp barýan» diýýär.

* * *

Resulalla: Kyýamat güni Allatagala bendelerden: «Saglygyňy, bedeniňi sowuk suwa ýuwunmakdan näme üçin goramadyň?» diýip soraýar» diýýär.

* * *

Resulalla: «Eger Adam ata bilen How enä berk jan-saglyk berilmedik bolsa, olar uzak ýaşamazdylar. Megerem, olar keselläp ölerdi» diýýär.

---

[1] Abu Hureýra Abdyrahman Sahar.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Soňra adamlar Alladan nygmat dilärler» diýip, aýaty okaýar we «Saglyk, salamatlyk, howpsuz ýaşamak — Allanyň nygmatydyr» diýýär.

* * *

Ibn Apbas[1] Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys gürrüň berýär. Ol: «Bedeniň saglygy, gözleriň görüp, gulagyň eşitmegi Allanyň bendesine beren uly nygmatynyň biridir» diýýär.

* * *

Resulalla: «Adamyň damarlarynda ganyň aýlanyp durmagy, ýaradanyň uly nygmatlarynyň biridir» diýýär.

* * *

Mugawyýa ibn Kurra: «Kyýamat güni has köp hasap soraljak adamlar öz saglygyna seretmediklerdir» diýýär.

* * *

Ibn Uýaýna: «Iň uly bagt bütin ömrüňi sag-salamat, howpsuz we gaýgy-gamsyz ýaşamakdyr» diýýär.

* * *

Bir dana adam: «Saçak başyna geçeniňde, ilki Allany ýatla, soňra saglyk dile, ondan soň çöregiňi (naharyňy) iýip bilersiň» diýýär.

[1] Abdylla ibn Apbasdyr.

* * *

Äşe (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Gadyr gijesi men diňe bir zady, jan-saglygyny dileýärin» diýýär.

* * *

Hatymdan[1]:

— Sen näme isleýärsiň? — diýip soranlarynda, ol:

— Men günümiň sag-salamatlykda gowy geçmegini isleýärin — diýdi.

Ondan:

— Hemme günler meňzeş dälmidir? — diýip soranlarynda, ol:

— Ýok, men Allatagalla ybadat edip, günä işlerden daş duran günlerimi göz öňünde tutýaryn — diýdi.

* * *

Kubaýsa ibn Zuýeýb[2] şeýle gürrüň berýär: Emewiler halypasy Abdylmälik hassa halynda ýatyrka, iňňildäp:

— Eý, halaýyk, hiç bir baýlyk, mal-mülk nygmat saglyga deň gelmez — diýýär.

Başga bir rowaýatda ol özüniň ölüminiň ýakynlandygyny duýup, özüni jaýynyň ýokarysyna çykarmagy emr etdi. Ol jaýyň ýokarysyndan dünýäni synlap:

---

[1] Musanna ibn Ýahýa Muharybynyň hyzmatkäri Hatym ibn Enwan ibn Ýusup Abu Abdyrahman. Ol dana, dindar adam hökmünde tanalypdyr. Onuň asly Balhdan bolup Bagdada köp zyýarat eden adamdyr. Ol Ahmet ibn Hanbal bilen duşuşýar we köp gazawata gatnaşýar. Ol 237-nji hijri ýylynda Mawerannahryň Wejjard diýen obasynda wepat bolýar.

[2] Kubeýsa ibn Zuýeýb Halhala ibn Amr ibn Kuleýb Hyzaýy. Ol Huneýn söweşinde ýa-da Mekgäniň açylan güni dogulýar we Resulalla gelip, onuň üçin doga edýär. Ol Medinäniň alym adamlarynyň biridi. Ondan köp adam ylym öwrendi we köp ýagşyzadalar ony görmäge gelýärdiler. Ol ilki bir kitaby okap, soňra Abdylmälige gürrüň bererdi. Ol Mamunyň ynamdar adamlarynyň biridi. Ol 86-njy ýa-da 88-nji hijri ýylynda Damaskda wepat boldy.

— Eý, Dünýä, seniň ysyň gör nähili ajaýyp. Eý, adamlar, saglygyň gadryny biliň. Oňa deňleşip biljek hiç bir zat ýokdur — diýýär.

* * *

Tebipler: «Adamyň peşewi onuň saglygy hakyndaky maglumatdyr» diýýär.

* * *

Ummanyň soňy bolmaz, patyşanyň dosty we saglygyň bahasy bolmaz.

* * *

Musenna ibn Beşir:[1] «Gün we hereket kölegede işsiz ýatandan haýyrlydyr» diýýär.

* * *

Zäheriň «Ümmi Afyýa», ýagny saglygyň ejesi lakamy bardyr. Zäher adamy öldürişi ýaly, onuň derdine derman hem bolup bilýär.

* * *

Araplarda keýik bilen düýeguş saglygyň nyşany hasaplanýar. Biri gaty sagat bolsa, «ol keýik ýaly sagdyn» ýa-da «ol düýeguş ýaly sagat» diýilýär.

* * *

Ibn Rumy[2] şeýle diýýär:

---

[1] Aly ibn Apbas ibn Jureýn.

[2] Onuň terjimehalyna duşulmady. Ýöne Jahyzyň «Bahyllar we haýwanlar» kitabynda ol Hakan ibn Subeýhiň dosty diýip ýatlanylýar. Jahyz ony Abu Abdylla

Saňa saglyk eşigini geýdirendir Ýaradan,
Alla seni goramasa, bolmaz keselden goran.

* * *

Birnäçeler durmuşyň lezzeti är-aýal gatnaşygynda, geýinmekde we sagdyn bolmakda diýip hasaplapdyrlar.

* * *

Abdyllanyň kakasy Mukaffadan[1]:

— Sen ogluň edişi ýaly zikir we şygyr bilen meşgul boljak dälmi? — diýip soranlarynda, ol:

— Köp uly işler söz bilen däl-de, erjellik, hereket bilen ýerine ýetirilýändir. Şonuň üçin men hereketde bolýan we şol bir wagtda saglygymy gowulaýaryn — diýdi.

Onuň beren jogaby adamlaryň göwnünden turdy we olar: «Seniň edýän hereketiň, Abdyllanyň aýdýan sözlerinden gowudyr» diýýärler.

* * *

Belaş Piruz[2]: «Adamyň howpsuz, arkaýyn ýaşamagy onuň bedeniniň sagdyn bolmagynyň iň esasy sebäbidir» diýýär.

* * *

Buzurgmehr: «Eger ýaşaýyşdan ýokary, gymmat zat bar bolsa, onda ol saglykdyr. Eger ýaşaýyşa, ömre meňzeş zat bar

---

Merweziniň kyssasynda-da ýatlap geçýär. Abdylla Merwezi dile çeper we gowy hüý-häsiýetli adamdy, ýöne şol bir wagtda gysgançdy diýilýär.

[1] Abdylla ibn Mukaffanyň kakasy Mukaffa. Onuň asyl ady Mübärek bolup ol parslardandyr. Onuň Mukaffa lakamy hor bolandygy üçin berlipdir. Ol otparazlyk dinine uýupdyr.

[2] Belaş ibn Piruz Sasanlylar döwletiniň on sekizinji şasy. Ol şalarynyň dördünji gatlagyndandyr. Onuň Gymmatbahaly diýen lakamy bardyr.

bolsa, onda ol baýlykdyr. Eger ölümden ýokary zat bar bolsa, onda ol keseldir. Eger kesele meňzeş zat bar bolsa, onda ol garyplykdyr» diýýär.

* * *

Hajjaç haja gidip barýarka iýip-içmäge oturanda, geçip barýan çarwany nahara çagyrýar. Onda ol çarwa:

— Meniň agzym bekli — diýýär.

Hajjaç:

— Iý, ertir bolsa ýene-de agzyňy beklärsiň — diýýär.

Ol:

— Meniň ertir ýaşajagyma kepil geçip bilseň iýeýin — diýýär.

Hajjaç:

— Bu işdäňi açýan gowy nahardyr — diýýär.

Onda ol:

— Naharyň gowudygy nahara bagly däl-de, ony iýýän adamyň işdäsine we saglygyna baglydyr — diýýär.

* * *

Bir çarwadan:

— Ýaşaýyşda iň gowy döwran sürýän adam kim? — diýip soranlarynda, ol:

— Men — diýip jogap berýär.

Ondan:

— Sen halypa-ha dälsiň? — diýip soranlarynda, ol şeýle diýýär:

Işsiz ýatyp, aýdym diňlän — hökümdar däldir,
Işle, ýada, soňra dynç al, şol hem döwrandyr.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Kimdir biri başga biriniň baýlygyna, mal-mülküne bahyllyk, içigaralyk etmeýän bolsa, onda ol adamyň bedeni sagatdyr» diýýär.

* * *

Ýene-de ol: «Adamlar derdi agralyp, oňa hiç hili dermanyň nepi degmedik halatda, saglygyňy gorap saklamalydygyna düşünýärler. Emma eýýäm giçdi» diýýär.

* * *

Şahyr şeýle diýýär:

Sagat adama mal-mülk, pederden-de haýyrly,
Hassa düşen çagynda beden saglyga zarly.

* * *

Abu Apbas Muberrir: «Eger Allatagalla derdi, keseli döretmedik bolsa, onda saglygyň gadry bilinmezdi» diýýär.

* * *

Günleriň birinde öý syçany çöl syçanyna duşýar. Çöl syçany garader bolup, işläp öýüne iýer ýaly zat ýygnaýardy. Öý syçany çöl syçanyna: «Sen näme üçin beýle azap çekip ýörsüň? Ýör, gideli, meniň bolýan ýerimde dürli-dümen azyk bar. Olary iýip gutarar ýaly däl» diýýär.

Olar iki bolup öý syçanynyň jaýyna gidýärler. Bu öýüň bikesi syçan tutmak üçin gapan gurup goýupdy. Ol gapanyň üstünde peýnir bardy. Öý syçany peýniri aljak bolanda gapana düşdi we heläk boldy.

Çöl syçany bu halaty görüp, zähresi ýaryldy, seri göçdi. Ol: «Dok, bol-elinlikde, emma howp-hatarda ýaşanyňdan, aç-

hor, emma başyň dynç, howpsuz ýaşanyň gowudyr» diýip, çöle garşy zut gaçyp gidýär.

* * *

Günleriň birinde bir adam jojuk getirýär we ony ýüpe daňyp, öňüne tizräk semrär ýaly ýorunja oklaýar. Jojugyň aňyrsynda eşek daňylgydy. Bu eşegiň kürresi bardy. Ol boş bolansoň, baryp jojugyň ýorunjasyndan iýýär. Kürre enesiniň ýanyna gelip: «Onuň iýýän oty şeýle bir süýji welin, aýdyp diýer ýaly däl» diýýär. Onda kürräniň enesi (eşek): «Onuň otundan iýme, beýle hezzilligiň soňy erbetdir» diýýär.

Bir gün ol adam jojugyň damagyny çalýar. Jojuk aýak kakyp, aýylganç ses edýär. Bu halaty gören kürre eşegiň ýanyna gaçyp gelip, demi-demine ýetmän: «Öýüň köýsün, meniň dişlerime seret, birden ýorunja dişlerimiň arasynda galan bolaýmasyn» diýýär.

* * *

Ýakup ibn Leýs[1] Muhammet ibn Tahyry[1] onuň guldur-gyrnaklaryny, wezir-wekillerini ýesir alýar. Olaryň hemmesini

---

[1] Ol Ýakup ibn Leýs Saffar Abu Ýusup. Ol akylly we mekir emirleriň biridi. Ol ýaş wagty Horasanda mis ussasy bolup işleýär. Ilki dindar bolýar, soňra bolsa daş-töweregine adam toplap uruş edýär. Ol 247-nji hijri ýylynda Sijistana soňra Hyrada ondan hem Buşenje ýöriş edýär. Ol bu ýerleri basyp alanda örän kän gan dökýär. Horasanyň we bu etrabyň ähli emirleri ondan öler ýaly gorkýardylar. Soňra Kirmany, ondan gidip Şirazy eýeleýär. Soňra Parslaryň ýurduny eýeleýär we Sijistana dolanyp gelýär. Ol Bagdat halypasyna hat ýazyp özüniň onuň tagatyna girýändigini we oňa boýun bolýandygyny aýdýar. Ol halypa Mugtaz Billä iň gymmat baha zatlardan sowgat goýberýär, emma soňra 259-njy hijri ýylynda ähdinden dänip, halypadan rugsat soramazdan Nyşapura ýöriş edýär we ol ýeriň emiri Muhammet ibn Tahyry we onuň maşgalasyny we dogan-garyndaşlaryny, wezir-wekilini, gul-gyrnak edip, ählisini tussag edýär. Şeýlelikde, oňa Parslar we Horasanyň ähli ýeri boýun bolýar. Soňra Bagdady basyp almagy niýet edinýär we goşuny bilen halypanyň üstüne ýörişe gidýär. Şol wagt halypa Mugtamet Ala Allady. Halypanyň esgerleri-de onuň garşysyna çykdy. olaryň

zyndana oklap, bir garyby garawul goýýar. Muhammet ibn Tahyr ondan bir işi etmegini haýyş edýär we oňa: «Düýn sen menden zat diläp barýardyň. Bu gün bolsa men seniň ýagdaýyňda» diýýär.

* * *

Abu Rahb[2] şeýle diýýär: Allatagalla saglygy ýaradyp: «Bir zat dile» diýende, saglyk: «Senden saglyk dileýärin» diýýär.

---

arasynda aýylganç uruş bolup hiç tarap ýeňiş gazanyp bilmedi. Saffar Wasyta dolanmaly bolýar. Ol 265-nji hijri ýylynda Huzystan ýurtlarynyň biri bolan Jünžisaburda wepat bolýar.

[1] Muhammet ibn Tahyr ibn Abdylla ibn Tahyr ibn Hüseýin Hyzaýydyr. Ol Horasan emiridir. Onuň esasy köşgi Nyşapurda ýerleşip, ol emirlige 248-nji hijri ýylynda kakasy wepat bolandan soň geçýär. Ýakup ibn Leýs onuň garşysyna ýöriş edip, ony ýesir alýar. Ol tä 262-nji hijri ýylynda Ýakup ýeňlişe sezewar bolýança ýesirlikde bolýar. Soňra ýene-de emirligine gaýdyp baryp, 271-nji hijri ýylyna çenli Horasany dolandyrýar. Ömrüniň ahyrky günlerinde tagtdan agdarylýar we Bagdada gidýär. Ol 291-nji hijri ýylynda Bagdatda wepat bolýar.

[2] Onuň terjimehalyna duşmadyk. Onuň Abu Rahabdygyny ýa-da Abu Wahhabdygyny anyklap bolmady.

# KYRK IKINJI BAP

## DILEG, TALAP, HAÝÝŞ ETMEK, ONUŇ ÝERINE ÝETMEGI, OŇA JOGAP BERILMEGI ÝA-DA GAÝTARYLMAGY WE TUTANÝERLILIK HAKYNDA

Abdylla ibn Apbas Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys gürrüň berýär. Ol: «Bir adam özi ýa-da maşgalasy kyn ýagdaýa düşüp, eklenip bilmän Allatagaladan dileg etse, Allatagala-da onuň dilegini kabul edip, oýlamadyk tarapyndan rysgalyny berer» diýýär.

* * *

Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!) Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys gürrüň berýär. Ol: «Allanyň size eçilen nygmatlaryndan ýüz döndermäň, ýagny biri size Alla ýolunda bir zat berse we şol bir wagtda ol bu işi etmek bilen özüniň abraýyny artdyrmak islemese ýa-da minnet etmeýän bolsa, onuň beren zadyny alyň» diýýär.

* * *

Söwban[1] Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys gürrüň berýär. Ol:

---

[1] Pygamber alaýhyssalamyň hyzmatkäri Söwban. Ony Resulalla satyn alýar we gulçulykdan azat edýär. Ol ömrüni Pygambere hyzmat edip geçirýär. Soňra bolsa Ramla ol ýerden hem Humusa göçýär we şol ýerde-de 54-nji hijri ýylynda wepat

— Dileg etmedik adamlara men jenneti kepil geçýärin — diýdi, soňra bolsa:

— Adamlar, özüňiziň başarýan zadyňyz üçin başga birine ýüz tutmaň! — diýýär.

Söwban şondan soňra hiç haçan ile ýüz tutmazdy. Ol atynda otyrka, elinden gapjygy gaçsa, kimdir biri pyýada duran hem bolsa, oňa ýüz tutman özi atyndan düşüp, elinden gaçan zady ýerden galdyrar eken.

* * *

Samra[1] Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys gürrüň berýär. Ol: «Adamdan dileg etmek ýa-da bir zat soramak gaty kyn işdir. Dileg adamyň ýüzüni gyzardýandyr» diýýär.

Günleriň birinde bir ensary Resulallanyň ýanyna gelip özüniň ýagdaýynyň kyndygyny aýdýar. Resulalla:

— Öýüňden iki zat getir, ýöne dilegçilik bile özüňi pese gaçyrma — diýýär.

Ol gidip öýünden bir käse bilen kiçijik keçe getirýär. Pygamber bu zatlary alyp ýanyndaky adamlara:

— Bu zatlary kim satyn aljak — diýip soraýär.

Onda bir adam:

— Men ol ikisine bir dirhem berjek — diýýär.

Pygamber:

— Kim ondan köp berip biljek — diýip soraýar.

---

bolýar. Ondan köp hadysçy alymlar hadys gürrüň berdiler. Günleriň birinde Pygamber: "Kim-de kim adamlardan zat soramajakdygyny kepil geçse, men onuň jennete girjekdigini kepil geçýärin" diýýär. Onda Söwban: "Men" diýip ýerinden turýar we ömrüniň ahyryna çenli hiç kimden zat soramaýar.

[1] Samra ibn Jandab ibn Hilal Fazzary. Ol kakasy wepat bolandan soň, ensarylaryň ýanyna göçüp gelýär we onuň ejesi ensarylardan birine durmuşa çykýar. Ol Pygamber alaýhyssalamyň döwründe ýaş oglanjykdy. Soňra ol Basra, ol ýerden hem Kufa göçýär. Ol elli sekiz ýa-da elli dokuz ýaşynyň içinde içi gaýnan suwly gazana ýykylyp, wepat bolýar. Onuň ogluna ýazan hatyny tapýarlar. Ibn Sirin: "Bu hatda örän köp ylymly aýdylan zatlar bardy" diýýär.

Onda başga biri:

— Men iki dirhem berjek — diýýär.

Pygamber ondan iki dirhemi alyp, ensara berip oňa:

— Bu puluň bir dirhemine maşgalaňa iýip-içer ýaly zat, beýleki bir dirheme bolsa, palta satyn al! — diýýär.

Ol adam palta satyn alyp, Pygamberiň ýanyna gelýär. Resulalla oňa:

— Git-de odun çapyp getir we şeýdip maşgalaňy ekle. Ýadap işläp, çagalaryňy ekläniň, ýüzüňi saraldyp dilegçilik edeniňden gowudyr — diýýär.

* * *

Ibn Omar[1] Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys gürrüň berýär. Pygamber alaýhyssalam: «Allatagallanyň emri bolýança, adamlar biri-birine mätäç bolarlar» diýýär.

* * *

Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!) halypalyk eden döwründe adamlara ony-muny paýlar eken. Emma Hekim ibn Hyzam[2] onuň berýän zatlaryndan ýüz dönderipdir. Omar ibn Hattap:

— Adamlar şaýat boluň, men oňa berilýän zatlardan al diýýärin, ol bolsa ýüz dönderýär — diýýär.

Onda Hekim ibn Hyzam:

— Pygamber alaýhyssalam wepat bolandan soň, meniň hiç kişiden zat tamakinligim ýok — diýýär.

* * *

Jabyr şeýle wakany gürrüň berýär[3]: «Günleriň birinde bir adam metjide girdi. Onuň elinde naýza bardy. Ol:

---

[1] Abdylla ibn Omar.

[2] Hekim ibn Hyzam Huweýlit.

[3] Jabyr ibn Abdylla Ensary.

— Alla ýoluna kim kömek etjek — diýip sorady.

Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!) onuň ýanyna barýar. Ol ýaňky adamyň elindäki naýzany görkezip:

— Kim şu naýzany menden ulanmaga aljak? — diýip sorady.

Bir ensary ýerinden turup:

— Men — diýdi we bir ýyllyk ulanmaga aljakdygyny aýtdy.

Omar ensara:

— Bir ýyl ulan we soňra naýzany ulananyň üçin puluny ýylyň başynda getirip ber — diýýär.

Ýylyň başynda ensary ýigrimi dirhem bilen naýzany Omara getirip berýär. Omar puly alyp, naýzanyň eýesiniň ýanyna baryp:

— Al, derdiňe, gerek ýaragyňa, ulan, ýöne indi adamlardan zat dileme — diýýär».

* * *

Ümmi Derda[1]: «Maňa Abu Derda:

— Hiç kimden zat dilemegin! — diýdi.

Men:

---

[1] Ümmi Derda Abu Derdanyň aýalynyň künýesidir. Şol döwürlerde iki sany Ümmi Derda ýaşap geçýär. Olardan ulusy Haýra bint Abu Haradyr. Ol akylly, hormatlanýan, ybadatçy we dindar aýaldy. Ol Abu Derdadan öň aradan çykýar. Olar Osman ibn Affanyň halypalyk eden döwründe Şamda ýaşap geçýärler.

Ikinji ýaşap geçen Ümmi Derda Haina Wesabyýyadyr. Abu Derda wepat bolanda, Mugawyýa ibn Abu Muýýan oňa öýlenmek üçin sawçy goýberýär. Ol Mugawyýa durmuşa çykmakdan ýüz dönderýär. Abu Derda ýaşap ýörkä Ümmi Derda oňa: "Bu dünýäde sen bize sawçy goýberip, maňa öýlendiň. Ahyretde men saňa söz aýtdyryp, durmuşa çykaryn" diýýär. Onda Abu Derda: "Menden soň hiç kime durmuşa çykma" diýip wesýet edýär. Ümmi Derda bu wakany Mugawyýa gürrüň berýär: Mugawyýa: «Oraza tut-aý, ähdiňden kasam edip, kasamyňdan, antdan dänilende, soňundan agyz beklenýär" diýýär. Emma Ümmi Derda onuň diýenine razy bolmaýar.

— Eger has gerek ýagdaýymda ýa-da gaty aç galsam — diýip soranymda, ol:

— Ýoldan hoşa ýygnaýanlar geçer. Olardan hoşa gaçsa, şony alyp döw, soňra un et we hamyr ýugur. Ondan soň şony iýip oňňut et, emma hiç kime dileg bilen ýüz tutma — diýdi» diýýär.

* * *

Zeburda şeýle waka hakynda gürrüň berilýär. Dawut alaýhyssalam Allatagalla: «Eý, Allam! Eger bendäň bendäňe dileg bilen ýüz tutsa, ol adam yzyna ýüzüni ýere salyp, gamgyn halda däl-de, hajaty ýerine ýetip, şadyýan gaýtmagyny senden dileg edýärin» diýýär.

* * *

Mutryf[1] doganlaryna: «Kim-de kim menden bir zat dilejek bolsa, dilegini kagyza ýazyp bersin. Men onuň ýüzünde soragyň, dilegiň kölegesini göresim gelenok. Bu meniň iň ýigrenýän zatlarymyň biridir» diýýär.

* * *

Muhammet ibn Sawwak: «Mätäçlik çekýän zatlaryň köpelmegi, olaryň seni dileg etmäge itermegi seniň gapyňy garyplygyň kakýandygynyň alamatydyr» diýýär.

* * *

Mahmyt Warrak[2] şeýle diýýär:

Goranmakçy bolup hergiz dilegçiden, gedadan,
Şalar gara salmazlar, çykmazlar berk galadan.

---

[1] Mutryf ibn Abdylla ibn Şuheýr.
[2] Mahmyt ibn Hasan Warrak.

Galanyň derwezesi haýbat atýar gedaýa,
Gedaý hajypdan[1] gorkup dileg edýär Hudaýa.

Gala girmekçi bolsaň, eşdersiň ýalan wada,
Hajatyňy bitirjek seni ýaradan Huda.

* * *

Bir adam ogluna: «Eý, oglum, bilgin, bir adam saňa dileg bilen ýüz tutsa, eliňden gelse, oňa kömek etmäge çalyş. Sebäbi sözi gaýtarylan adam erbet halda bolýandyr» diýýär.

* * *

Japar ibn Muhammet ibn Aly ibn Hüseýin: «Maňa dileg ýa-da talap bilen duşmanym ýüz tutsa-da, men onuň dilegini ýerine ýetirmäge çalyşýaryn. Men onuň sözi gaýtarylyp, erbet pikirde bolmagyny islemeýärin» diýýär.

* * *

Ibn Semmäk[2]: «Zat soramankaň senden gaçýan adama dileg bilen ýüz tutma. Ýöne özüne dileg, talap bilen ýüz tutulmagyny isleýän adamdan islän zadyňy sorap bilersiň» diýýär.

* * *

Bir çarwa: «Bir adam menden zat soraýardy we men onuň sözüni gaýtarman elmydama onuň diýen zadyny berýärdim. Günleriň birinde bolsa men oňa dileg bilen ýüz tutmaly boldum. Emma ol meniň hajatymy ýerine ýetirmedi. Şonda men hemme adamyň ýagşyluga ýýgşylyk bilen jogap bermeýändigine göz ýetirdim» diýýär.

---

[1] Hajyp – goragçy, janpena.
[2] Muhammet ibn Subeýh ibn Semmäk.

* * *

Abdylla ibn Apbas: «Bir adama soran zadynda kömek etdim. Bu ýagdaý meniň we ol adamyň aramyzdaky gatnaşyklaryň has-da gowulaşmagyna getirdi. Bir adama soran zadyny ýerine ýetirmekden ýüz dönderdim. Bu ýagdaý biziň gatnaşyklarymyzyň bulaşmagyna, erbetleşmegine getirdi» diýýär.

* * *

Bir gezek Nahhar Uzry[1] Mugawyýanyň ýanyna barýar. Ol Mugawyýanyň ýanyna köne eşiklerini geýip gidýär. Mugawyýa onuň egin-eşigini synlap:

— Bu kim? — diýip soraýar.

Onda Nahhar:

— Eý, möminleriň emiri! Seniň bilen meniň eşigim dälde, onuň içindäki ynsanlar gürleşýändir — diýýär.

Ol Mugawyýa bilen gürleşip bolup, gitmek üçin ýerinden turanda, Mugawyýa:

— Beýle owadan gürleýän we soňunda hem hiç zat dilemeýän adamy birinji gezek görýärin — diýdi.

* * *

Araplar bir adama talap bilen ýüz tutulyp, ol hem ýerine ýetirmese oňa: «Ondan özünden önýän bir gyljagazy sorasaň hem ýok» diýýärdiler.

---

[1] Nahhar ibn Ows Uzry. Ol şahyr Jemiliň döwürdeşidir. Ol dile çeper, süýji, owadan gürlemegi başaran adam bolupdyr. Ol gürläp, urşup duran taraplary hem ýaraşdyryp bilipdir. Ýokardaky wakadan soňra ol Mugawyýanyň ýakyn adamlarynyň birine öwrülýär. Mugawyýa dynç aljak wagty onuň bilen gürleşip oturýar eken.

* * *

Bir gezek kelbi[1] taýpasyndan bir adam Isgender Zülkarneýnden nämedir bir zatdan bir mysgal[2] soraýar. Onda Isgender:

— Bir mysgal bermek şalara gelişýän däldir — diýýär.

Ol adam:

— Onda bir kyntar[3] beräý — diýýär.

Isgender:

— Bu bolsa, ýagny bir kyntar soramak kelbiler taýpasyndan bolan adama gelişýän däldir — diýýär.

* * *

Bir çarwa adamsy körpe ogly bilen Mekgä barýarka ýanyndaky azyklary gutarýar. Ol ýoldan geçip barýanlardan dilegçilik etmäge mejbur bolýar. Emma oňa hiç kim zat bermeýär. Çarwa bialaçlykdan ýaňa:

— Biz pahyr biçärä hiç kim ýardam hem berenok — diýýär.

Onda ogly:

— Eý, atam, dilegçilik bilen soran, dilän zadyny alyp bilmeýän biçäre pahyr däldir. Zady bolup bermäge dözmeýän biçäredir — diýýär.

Oglanjygyň jogaby, geçip barýan ýolagçylaryň göwnünden turup, oňa we onuň ogluna dürli-dümen zatlar eçilýärler.

---

[1] Kelbiler (kenik, sinik) Ýunanyň Sokratdan soň ýaşap geçen pelsepeçileriniň bir taýpasy. Olar durmuşyň lezzetini, baýlygy pes tutýarlar ýa-da ret edýärler. Kelbiler taýpasynyň adamlary-da bu pelsepeçilere eýerýärler.

[2] Mysgal – 4,68gr deň bolan agyrlyk ölçegi.

[3] Kyntar – 44,928kg deň bolan agyrlyk ölçegi.

* * *

Eger dileg edýän adama soraýan zadyny beresiň gelmese, onuň içginden-içgin soraşmasyna sowuk jogap bergin.

* * *

Bir kätip: «Bir adam içgin soraşsa, ondan-mundan gürrüň edip aljyraňňy ýagdaýda bolsa, onuň bir topar dileg bilen gelip, talabyny aýdyp bilmän durmagydyr» diýýär.

* * *

Bu gezek Fazyl ibn Rabyg[1] kyn ýagdaýynda Abu Abbatdan[2] bir zat soraýar we gürläp durka diýseň aljyraýar. Onuň ýagdaýyny gören Abu Abbat:

— Sen beýle gürleýşiň bilen nädip iki halypa hyzmat edip bildiň? — diýip soranda, Fazyl:

— Eý, Abu Abbat, biz dileg etmäge däl-de, dileg edilmäge endik edipdiris — diýýär.

* * *

Apbaslylar halypasy Mansur bir adamdan:

— Şalar nähili adam? — diýip soranda, ol:

— Dileg, talap edilende arkaýyn ýüzüni gatadyp, ret eýläp, dostlaryndan geçip bilýän adam — diýýär.

---

[1] Fazyl ibn Rabyg ibn Ýunus. Ol Osman ibn Affanyň hyzmatkäri bolan Abu Kuzwa Kisanyň agtygydyr we Harun Reşidiň weziridir. Onuň kakasy Mansur Apbasyň weziridi we onuň özi Mansuryň hajybydy. Soňra Harun Reşit halypalyga gelende ony özüne wezir edinýär. Harun Reşit wepat bolandan soňra Eminiň weziri bolýar we Mamuny tagt mirasdüşerliginden aýyrmaga çalyşýar. Mamun halypalyga gelende Fazyl gaçyp gizlenýär. Soňra Mamun onuň günäsini geçýär we ol ýetmiş ýaşynda 207-nji hijri ýylynda Tus şäherinde wepat bolýar.

[2] Abu Abbat Säbit ibn Ýahýa Mamunyň kätibi. Ol gyzma we dargursak adam bolupdyr. Günleriň birinde kätipleriň birine gahary gelip, syýa çüýşäni oňa tarap zyňýar. Syýa çüýşesi onuň maňlaýyna degip, gan akyp başlaýar. Soňra ol eden işine ökünýär. Emma bu waka Mamuna baryp ýetende, ol Abu Abbady diwandan çykarmagy emr edýär.

Onda Mansur:

— Seniň aýdanlaryň entägem bärräkden gaýtdy — diýýär.

* * *

Bir adam başga birinden bir zat dileýär we soňundan hem soran zadyndan ýüz dönderýär. Onda ýüz tutulan adam:

— Näme üçin ilki soradyň we şol bir wagtda niýetiňden el çekdiň? — diýip sorady.

Ol:

— Ilki dileg etmäge het eden adam niýetinden dänmez welin, seniň ýüzüňdäki närazylyk alamaty meni niýetimden el çekmäge mejbur etdi — diýýär.

* * *

Urwa[1] Musgapdan[2] bir zat dileýär. Musgap onuň soran zadyny bermeýär. Şonda Urwa:

— Allatagallanyň aýdyşy ýaly her bir kowumda gorkulýan adam bardyr. Biziň gorkýan adamymyz sensiň — diýýär.

* * *

Bir gün Fazyl[3] Mätiniň[4] ýanynda gijäni geçirýär. Ol Mätä kä ony-muny gürrüň berýär, käte goşgy okaýar. Gürrüň uzaga çekýär. Mäti:

— Pylany näme edýär, maşgalasyny nähili ekleýär? — diýip soraýar.

Onda Fazyl:

---

[1] Ruwa ibn Zubeýr ibn Awwam.

[2] Musgap ibn Zubeýr ibn Awwam.

[3] Abu Apbas Fazyl ibn Muhammet ibn Daby.

[4] Apbaslylar halypasy Harun Reşidiň dogany.

— Ol meniň şu wagt seniň ýanyňda oturyp gürrüň edişim ýaly, Welit ibn Ýezidiň[1] ýanynda gyzykly gürrüňler edýär we onuň eçilen puluna maşgalasyny ekleýär — diýýär.

Mätä onuň beren jogaby ýaraýar we oňa örän köp pul peşgeş berýär.

* * *

Bir adam Horasanyň hökümdary Nasyr ibn Ahmetden[2] bir zat soraýar. Nasyr oňa:

— Ikimiziň kärimiz birdir. Siz naýynjarlyk bilen soraýarsyňyz. Biz bolsa urup, sögüp, tussag edip soraýarys — diýýär.

* * *

Abdylla ibn Japar[3]: «Nämedir bir talap bilen gelen adam ýaýdanjaň, aljyraňňy bolýar. Ol gelip keçäniň gyrasynda oturar, ýüzünde-de berermi-bermezmi diýen sorag alamaty bolar. Eger-de, sen onuň soran zadyny bermekden ýüz dönderseň, onuň ýüzi üýtgär, naýynjar görnüşe girer. Şol wagt golaýynda bukulara ýer bar bolsa, şoňa girmäge razy bolar. Bu halat synlamasy agyr, erbet ýagdaýlaryň biridir» diýýär.

* * *

Pelsepeçi: «Hajatyňy gereginden artyk, ulaldyp sorama. Beýle eden adam alyp biläýjek möçberinden-de mahrum bolar» diýýär.

---

[1] Emewi halypasy Welit ibn Ýezit ibn Abdylmälik.

[2] Nasyr ibn Ahmet ibn Eset ibn Saman – Mawerannahrda Samanlylar döwletini döredijileriň biridir. Onuň asly Horasandan bolup, Kesralaryň neslindendir. Onuň atasy Saman Abu Müslim Horasany bilen bolupdyr. Onuň kakasy Ahmet Ferganada hökümdarlyk edipdir. 261-nji hijri ýylynda halypa Mugtamyt oňa Mawerannahry, Buharany we Gaznany ykta berýär. Ol akylly, dindar we şahyr bolupdyr.

[3] Abdylla ibn Japar ibn Abu Talyp.

* * *

Adam diläp, talap eden wagty ýüzündäki alamat naýynjar, nalaçedeýin bolan bolsa-da, onuň hakyky bolşuny bergisini gaýtaranda bilersiňiz.

* * *

Bir adam birinden dileg etmäge gitmekçi bolýar. Oňa:

— Sen ýaman aladaly görünýäň, sebäbi näme? — diýenlerinde, ol:

— Maşgalanyň kyn ýagdaýy, dileg etmegiň utanjy we dilegiňe kömek bermekden ýüz dönderilmek gorkusy meni alada goýýar — diýýär.

* * *

Bir çarwa adamsy Mugawyýanyň[1] öňünden çykyp, ondan dileg edýär. Mugawyýa oňa zat bermeýär. Soňra ol başga bir ýerde Mugawyýanyň öňünden çykyp ýene-de zat soraýar. Mugawyýa oňa siňe seredip:

— Sen menden öň hem zat soradyň dälmi? — diýýär.

Onda ol:

— Hawa, men öň senden dilegçilik eden hem bolsam, bu ýer ol ýerden tapawutlanýandyr — diýýär.

Onuň jogaby Mugawyýanyň göwnünden turýar we onuň soran zadyny berýär.

* * *

Hajjaç[2] ýanyndaky egindeşlerine:

— Ýadawlygy näme aýryp biler? — diýip soraýar.

Onda olardan biri:

— Adamy ýag bilen owkalamak — diýýär.

---

[1] Emewi halypasy Maugawyýa ibn Abu Sufýan.

[2] Hajjaç ibn Ýusup Sakafy.

Başga biri:

— Uky — diýýär.

Hajjajyň özi:

— Adam bir zadyň gözleginde bolsa we onuň gözlegindäki zady ýerine ýetse, bu onuň ýadawlygyny aýyrýan iň ýagşy serişdedir — diýýär.

* * *

Ibn Semmäk[1] bir adamdan zat soramaga barýar we oňa: «Men seniň ýanyňa dileg bilen geldim. Saňa men-de ýakyndyryn welin, ýöne meniň soraýan zadym saňa has-da ezizdir. Meniň soran zadymy berseň abraýyň artar we jomart adam bolarsyň. Eger bermekden ýüz dönderseň, meniň ýanymda abraýyň pese gaçar we gysganç adyny alarsyň. Haýsy-da bolsa ikisinden birini saýla» diýýär.

* * *

Bir çarwa adamsy: «Hajat-dileg bilen ýüz tutýan adam ýoluny ýitiren adam ýalydyr. Seniň onuň hajatyny ýerine ýetirmegiň, oňa ýoly salgy bermegiňdir» diýýär.

* * *

Yshak Mosully Ybraýym Mätä[2] hat ýazýar. Ol: «Megerem biz adamlaryň hajatlaryny eliaçyklyk bilen däl-de, närazylyk bilen ýerine ýetiripdiris. Sebäbi, öňki seniň tarapdarlaryň indi seniň garşyňa çykýarlar» diýýär.

* * *

Ata Horasany[3]: «Garry adamlardan zat diläniňden, ýaş adamlardan zat diläniň has ýeňildir» diýýär.

---

[1] Ibn Semmäk Muhammet ibn Subeýh.

[2] Mamunyň atasy Harun Reşidiň dogany Ybraýym ibn Mäti.

[3] Ata ibn Meýsere Horasany.

* * *

Urwa ibn Zubeýr: «Gadym wagtda bir adam ýaşapdyr. Ol kimdir birini masgara etjek ýa-da üstünden güljek bolsa, köpçülikde beren zadyny yzyna talap eder eken» diýýär.

* * *

Emewiler halypasy Süleýman ibn Abdylmälik bilen Sälim ibn Abdylla[1] Käbä barýarlar. Ol Sälime:

— Ynha, indi näme isleseň diläp bilersiň — diýýär.

Onda Sälim:

— Men Allanyň öýünde Alladan başga zat hakynda gürläp bilmen — diýýär.

* * *

Bir adam gelip Hasan ibn Sähli[2] soraýar. Ol:

— Men şol diýýäniň, seni bu ýere näme getirdi? — diýip soraýar.

Ol adam:

— Men geçen ýyl seniň ýanyňa geldim. Sen maňa şol gezek peşgeş beripdiň — diýdi.

Onda Hasan:

— Bizi görmäge gelenleri hoş gördük — diýdi we ol adama ýene-de peşgeş berdi.

* * *

Apbaslylar halypasy Mamun Muhammet ibn Hazym Bahylydan[3] goşgy aýtmagyny soraýar. Ol Mamuna şeýle diýýär:

---

[1] Sälim ibn Abdylla ibn Omar ibn Hattap.

[2] Hasan ibn Sähl Mamunyň weziri.

[3] Şahyr Muhammet ibn Hazym ibn Amr Bahly Abu Japar. Onuň köp goşgusy hyja görnüşindedir. Ol halypalardan diňe Mamuny öwüp goşgy ýazýar. Onuň doglan

Meniň ellerim ýerdir sen bolsa asman,
Ýer asmandan ýagyn ýagmagyn islär,
Ýagyn ýagsa gowydyr yzyny tesmän,
Hasylyň has bol bolmagyna getirýär.

Bu goşgy Mamunyň göwnüne ýarap, oňa on müň dirhem peşgeş berýär.

* * *

Abu Nuwas[1]: «Bir adama ýüz tutulanda, onuň haýyşyny ýerine ýetirmegi wada berse, onuň niýetiniň köp bölegi ol adamyň hajatyny ýerine ýetirmekdir» diýýär.

* * *

Ibn Duraýr[2] şeýle diýýär:

Gaharlanmaň dileg edýäni görüp,
Abraý gazan elde baryny berip.

Mätäç bolunsaň sen mertebelisiň,
Kyýamatda jezasyny[3] bilersiň.

Seniň şu wagt edýän haýyr-sogabyň,
Bolar seniň halasgäriň, hossaryň.

---

we önüp-ösen ýeri Basradyr. Soňra Basradan Bagdada göçýär. Onuň aglaba goşgulary kanagat etmek we tamakin bolmazlyk hakyndadyr. Emma onuň ýazýan goşgulary edýän hereketine kybap gelenokdy. Ibn Mugtazz: "Ibn Hazym özüni kanagatly edip görkezse-de, ol itden beter açgözdür" diýýär. Ol Bagdatda 215-nji hijri ýylynda wepat bolýar.

[1] Hasan ibn Hani Abu Nuwasdyr. Şahyr.

[2] Muhammet ibn Hasan ibn Duraýr Azady.

[3] Jeza sözi ýagşy manyda-da ulanylýar, ýagny ýagşy işleriň jezasy sogapdyr.

* * *

Muhammet ibn Wasyg[1] Kuteýbanyň[2] ýanyna bir hajat bilen gelýär we oňa: «Seniň ýanyňa gelmezden öň bu hajatymy Alladan diledim. Eger sen meniň işimi bitirseň, Allatagalla öwgi, saňa-da sagbolsun aýdaryn. Eger hajatymy bitirmeseň, Allatagalla öwgi aýdaryn, senden hem ötünç sorap yzyma gaýdaryn» diýýär.

* * *

Bir adam Aly ibn Abdylla ibn Apbasyň[3] ýanyna gelip:

— Men kiçiräjik dileg, haýyş bilen geldim — diýýär.

Onda Aly:

— Aýdyp otur, dilegiň uly bolsun, kiçi bolsun, tapawudy ýok, esasy zat ony ýerine ýetirmekdir — diýýär.

* * *

Emewiler halypasy Süleýman ibn Abdylmäligiň ýanyna beni sehmden[4] bir adam gelýär we öň gowy ýaşap, häzir bolsa özüniň örän kyn ýagdaýa düşendigini aýdýar. Soňra ol adam oňa bir adamyň kömek edip biljekdigini, onuň hem Süleýmandygyny aýdýar. Süleýman onuň aýdanlaryny diňläp: «Saňa men kömek edip bilýän bolsam, Alladan ant içýärin, men saňa kömek ederin we öňki halyňa getirerin» diýýär.

---

[1] Muhammet ibn Wasyg Azady Basry.

[2] Kuteýba ibn Müslim Bahyly.

[3] Aly ibn Abdylla ibn Apbas ibn Abdylmuttalyp Abu Muhaniýet. Ol apbaslylar halypanyň atasydyr. Örän köp ybadat edýän dindar adamdy. Onuň nurana ýüzi we haýbatly boýy-syraty bolupdyr. Onuň lakamy Sejjädidir (köp sejde edýän). Medinede ýaşaýardy. Ol remezan aýynda 40-njy hijri ýylynda Alynyň öldürilen gijesi eneden dogulýar we şol sebäpli onuň ady we künýesi bilen atlandyrylýar. Ol Welit ibn Abdylmälige halypalygyň ýene-de onuň nesline gaýdyp geljekdigini aýdýar. Welit ony urmagy we Sumýatda zyndana oklamagy emr edýär. Ony Hyşam ibn Abdylmälik 118-nji hijri ýylynda azat edýär.

[4] Beni sehm kuraýyş kabylalarynyň biridir. Olar Sähm ibn Amr ibn Hasys ibn Kagp ibn Luwynyň neslidir.

* * *

Emewiler halypasy Hyşam ibn Abdylmäligiň ýanyna yrakly adamlaryň topary gelýär. Olaryň içinde beni esetden bir adam gürrüňe başlaýar. Ol:

— Eý, möminleriň emiri, biziň soňky üç ýylymyz gaty agyr geldi. Adamlaryň ýagdaýy kynlaşdy, azyk, mal-mülk galmady. Siziň eliňizdäki mal-mülk sansyzdyr. Eger bu baýlyk Alla ýoluna diýseň, onda ony Allanyň bendelerine paýla. Egerde diňe siziň öýüňüziňki bolsa sadaka beriň. Allatagalla hem sadaka berýänleri halaýandyr — diýýär.

Onuň meseläni düşündirişi Hyşamyň göwnünden turýar. Ol:

— Sen adamlara gerek zat hakynda aýtdyň. Seniň özüňe näme gerek? Men seniň özüňe—de isleýän zadyňy berjek — diýýär.

Onda ol adam:

— Meniň islegim hem umumy adamlaryň isleginiň içindedir. Men olardan üýtgeşik zat islämok — diýýär.

* * *

Günleriň birinde Ata ibn Abu Rybah[1] emewiler halypasy Süleýman ibn Abdylmäligiň ýanyna gelýär. Süleýman ýakyn adamlary bilen gürleşip otyrdy. Ol Atany görüp, oňa süýşüp, oturmaga ýer açmagy emr etdi. Ata ornaşandan soňra Süleýmana:

— Resulallanyň ensarylar we muhajyrlar barasynda eden wesýetlerini ýatla — diýýär.

Onda Süleýman:

— Hawa, men olar bilen näme etmeli? — diýip sorady.

Ata:

[1] Ata ibn Abu Ribah Mekgi.

— Olaryň hal-ahwalyndan habar al — diýýär.

Süleýman:

— Ýene näme? — diýip soraýar.

Ata:

— Çarwa adamlary gözden salmaň, olar araplaryň esasy bölegidir diýdi — diýýär.

Süleýman:

— Ýene näme diýipdi — diýýär.

Ata:

— Musulmanlaryň arasynda ýaşaýan başga dinli ýa-da başga milletiň adamlaryny ýurtdan çykarmaň. Olar siz bilen daşdan gelen duşmana garşy söweşlerde kömek ederler diýipdi — diýýär.

Süleýman:

— Ýene näme? — diýip soraýar.

Onda Ata:

— Ene-de, Allatagallanyň özi möminleriň emirini dogry ýola gönükdürsin diýipdi — diýýär we çykyp gidýär.

Ol gidenden soňra Süleýman:

— Alladan ant içýärin, onuň ýanynda iki perişde bolup, olar maňa Atany diňläp, baş atmakdan başga zat goýmadyk ýaly bolup dur. Alladan ant içýärin. Eger ol maňa: «Mejlisden çykyp git» diýse, men çykyp giderdim — diýýär.

* * *

Fazyl: «Eger musulman doganyň hajatyny ýerine ýetirseň, seniň oňa uly hormat goýdugyňdyr. Ýöne onuň hajaty bolanda, saňa ýüz tutmagy hem seniň onuň öňünde abraýyň uludygynyň alamatydyr» diýýär.

* * *

Bir adam başga birine haýyş bilen ýüz tutýar. Ýüz tutulan adam: «Haýyş bilen maňa ýüz tutanyň üçin Allatagalla seniň ömrüňi uzak etsin» diýýär.

* * *

Ybraýym Edhem[1]: «Biz näme üçindir garyplykdan özümiz ýaly garyplara zeýrenýäris? Näme üçin Allatagalladan dileg etmeýäris? Adamlar dileg edende bu dünýäniň nazy-nygmatlaryny dileýärler we Allanyň ahyretdäki nygmatlaryndan dilemegi ýatdan çykarýarlar» diýýär.

* * *

Ibn Araby[2] şeýle diýýär:

Eý, adam kişiden dilemegin zat,
Sözüňi diňlemän ederler perýat.

Ýeterlikdir Allaň beren yhsany,
Şol baýadar garyp-gasar ynsany.

Husytdan sorasaň, cage-de bermez,
Eden işi üçin hiç utanç duýmaz.

* * *

Abdylla[3] şeýle gürrüň berýär: «Bir adam Pygamber alaýhyssalamyň ýanyna geldi we:

[1] Ybraýym ibn Edhem Zahyt.
[2] Ibn Araby Muhammet ibn Zyýat.
[3] Abdyllanyň Pygamber alaýhyssalamyň egindeşleriniň içindäki haýsy Abdylladygy we onuň terjimehaly belli bolmady.

— Eý, Resulalla! Pylan taýpadan näbelli adamlar meniň üstüme çozup, düýe, sygyr, goýun sürülerimi çapawulladylar — diýýär.

Onda Resulalla:

— Muhammediň döwründe beýle haramlyklar bolmaz — diýýär we Allatagaladan ol adamyň ýitiren zatlarynyň gaýdyp gelmegi üçin dileg edýär.

Ol adam öýüne gaýdyp gelip, bolan ýagdaýy bolşy ýaly aýalyna gürrüň berýär. Onda ol adamyň aýaly:

— Resulalla diýen bolsa, gaýdyp geler — diýýär.

Hakykatdan hem, Allatagalla ol adamyň mal-mülküni öňküden hem köpeltdi. Soňra ol adam baryp, Resulalla öz minnetdarlygyny bildirdi. Resulalla ýerinden turup: «Allatagalla öwgi hem sena aýtdy we: «Halaýyk, dilegiňiz we islegiňiz bolsa, Allatagala ýüzleniň» diýip emr etdi».

* * *

Araplarda aşakdaky ýaly dilege, talaba degişli kabul edilen, aýdylýan sözler bardyr.

Kim birine boýun bolasy gelse, goý onda ol isleýän zadyny sorasyn.

Pylanynyň muşakgaty azdyr, ýagny dileg edende az möçberde dileýär ýa-da az sorag berýär.

Ol şu döwrüň jomardydyr, ýagny onuň az zat dilemeginiň derejesi jomartlygyň derejesi bilen deňdir.

* * *

Musa alaýhyssalama wahy gelende: «Garyp bolup, soňra baýan adama dileg bilen eliňi uzadanyňdan, eliňi wagşy haýwanyň agzyna sokanyň gowudyr» diýýär.

* * *

Bir adam Ahnafyň[1] ýanyna gelip:

— Men seniň ýanyňa hajat bilen geldim. Meniň islegim saňa peýda-da bermez zyýan-da — diýýär.

Onda Ahnaf:

— Peýdasyz we zyýansyz dileg nähili bolýarka? Men entek beýle dilege duşmandym we sogap gelmejek dilegi bitirmändim — diýýär.

* * *

Abu Şys[2] şeýle diýýär:

Dostum bilen ulaldyk el-ele berip,
Başyma iş düşende, bardym ýalbaryp.

Hajatymy aýdyp, elim uzatdym,
Elim ýolbars tarap uzandyr öýtdim.

Ol beýle diýmek bilen ýolbarsyň elindäki awyny almagyň örän kyndygyny aýdýar. Ol bu goşguda dostunyň dileg edendäki bolşuny ýolbarsyň elinden awynyň alynjak bolşuna meňzedýär.

* * *

Bir adam diwanyň kätibiniň ýanyna baryp, özüne haýyşnama hat ýazyp bermegini soraýar. Emma ol hat ýazyp bermekden ýüz dönderýär. Onda ol adam:

— Allatagalla her bir adama zekat çykarmagy emr etdi. Seniň zekadyň bolsa adamlaryň derdine ýarap, hat ýazyp bermekdir — diýýär.

Kätip ötünç soraýar we onuň isleýän hatyny ýazyp berýär.

---

[1] Ahnaf ibn Kaýs Sagdy Temimi.

[2] Abu Şys Muhammet ibn Alydyr. Şahyr.

* * *

Abu Ahmet ibn Abubekr Kätip[1] Abu Faryl Balgama[2] şeýle diýýär:

Çäksiz hormat bolsun eý, Abu Fazyl!
Gazanan abraýyň deň-taýsyz fazyl[3].

Zekatdan boşadylyp, sogapdan dälsiň mahrum,
Hat ýazyp ýardam berdiň, şoldur sogabyň möhüm.

* * *

Şahyr bir sahy adama şeýle diýýär:

---

[1] Abu Ahmet ibn Abubekr ibn Hamyt Kätip. Onuň kakasy Abubekr Kätip Emr Ysmaýyl ibn Ahmet Samanlynyň weziri Ahmet ibn Ysmaýylyň kätibi bolupdyr. Ol döwletde uly wezipäni alyp barypdyr. Ol akylly-paýhasly we edepli adam bolupdyr. Ol Mawerannahrda ýaşaýarka goşgy düzmek sungatyny ele alypdy. Abu Ahmet ýokary wezipeli adamlara we dogan-garyndaşlarynyň göwnüne ýaramadyklaryna hyja ýazar eken. Onuň wezirlikden tamasy bardy. Emiriň wezirleri Jebhäniniň we Balgamynyň üstünden düşüp hyja ýazardy. Emiriň bu iki weziri Abu Ahmetden diýseň gorkardylar. Ol özüniň wezirlige ýetip bilmändigine gaharlanyp, bu ýerden gidýär. Haj edip Bagdada gelýär. Bu ýerde az-salym bolup, öz watanyny – Buharany küýseýär. Ol bu ýere gelende öz isleýän zadyny tapmaýar. Ol Buharada ylymly adamlar bilen mejlisler gurýar, mätäç adamlara pul paýlaýar. Soňra Hyrada, Badhyza we Buşenje aýlanyp, haýyr-yhsan edýär. Nyşapurda bolup, hutba edýär we ýene-de Buhara gaýdyp gelýär. Ol özüniň ýitiren derejesine gynanýar, ýaşaýyşy kynlaşýar. Ol hiç bir çykalga tapman, 245-nji hijri ýylynda ýa-da 247-nji hijri ýylynda dünýäden ötýär.

[2] Abu Fadam Muhammet ibn Abdylla ibn Muhammet ibn Abdyrahman ibn Abdylla ibn Isa ibn Magbar Temimi Balgamy. Ol Mawerannahryň we Horasanyň emiri Ysmaýyl ibn Ahmet Samanlynyň weziridir. Ol 339-njy hijri ýylynda wepat bolýar. Aýdylşyna görä, onuň atasy Rija ibn Magbat Balgama barypdyr (eýeläpdir). Onuň köp ogul-gyzy bu ýerde dogulýar, şonuň üçin hem Balgamy nisbeti bilen diýilýär.

[3] Fazyl – artykmaç, tapawutly.

Jomart hem sahydyr sypatyň seniň,
Hajatymda men muňa göz ýetirdim.

* * *

Bir çarwadan:

— Bejerip bolmajak kesel we bitmejek ýara nähilidir? — diýip soralanda, ol:

— Jomart adamyň dileg bilen gysganja ýüz tutmagydyr — diýýär.

* * *

Abu Müslim[1] Sagdy: «Özi gowy işleriň başyny tutan adam bolup, emma kakasy hakynda gowy ýatlamalar miras galmadyk adama hajat bilen ýüz tutmagyň haýry ýokdur» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Bir adam birinden ýardam bermegini islese, ol onuň gözegçiliginde bolar. Kim-de kim birinden zat talap etse, ol onuň ýesiri bolar. Kim-de kim bir adamy halas etse, ol onuň emiri bolar» diýýär.

[1] Muhammet ibn Hyşam ibn Auf Temimi Sagdy Abu Müslim Şeýbany Lugawy. Ol dil biliminiň ymamydy. Ol adamlara goşgy we araplaryň taryhyny öwredipdir. Ol 148-nji hijri ýylynda Ahwazda dogulýar. Soňra ylym öwrenmek we hadys ýygnamak maksady bilen Bagdada gidýär. Ol arap dilini we şygyr öwrenmek üçin çarwalaryň arasynda ýaşaýar. Ol örän köp hadys ýygnaýar. Köp hadys gürrüň berýänler ondan diňlärdiler (eşidipdirler). Ol diýseň ýatkeş adamdy. Aýdyşlaryna görä, ony apbaslylar halypalary Wasyk we Muntasyr ýanyna çagyrýar. Emma ol bu çakylygy ret edýär. Ibn Sekit: "Abu Müslimiň asly parsdyr" diýýär. Onuň birnäçe kitaplary bardyr. Ol 245-247-nji ýyllarda aradan çykýar.

* * *

Bir gezek Zyýat Ajam[1] Talahany[2] görmek üçin Sistana gidýär. Ol onuň gapysyny saklap, kyrk gün şol ýerde ýatýar. Haçan-da Talha görünende Zyýat onuň öňünden çykyp şeýle diýýär:

Suwsanlary suwa ýakýan haýyrly ynsan,
Möwç urýan deňiz köşeşer, sogabyň umman.

Bu goşgyny eşidip, Talha Zyýady ýanyna çagyrýar. Talhanyň elinde üç sany uly ýakut daşy bardy. Ol Zyýada: «Ýüz müň dirhem bereýinmi ýa-da şu daşlaryň birini aljakmy?» diýip soraýar. Zyýat ýüz müň dirhemi alýar we:

— Emirim (goý, Alla ony has-da jomart etsin!), maňa ýönekeý daş bilen ýüz müň dirhemiňden birini saýlamaga rugsat bereniňe Allatagalla bihasap şükür edýärin — diýýär.

Onuň bu aýdanyny eşiden Talha gülýär we elindäki daşlaryň birini oňa tarap zyňyp goýberýär.

* * *

Bir çarwa adam:

— Eý, adamlar, dileg bilen ýüzlenilende eşitmediksireýäne ýa-da dileg bilen geleniň hajatyny bitirmäge güýji ýetibem etmeýänlere Alla rehim etsin. Älem-jahan giňdir, adamyň ýagdaýy üýtgäp durýandyr. Bu gün ol adama dileg

---

[1] Zyýat ibn Süleýman Agjam.

[2] Abu Harb Talha ibn Abdylla ibn Halap Hazaýy. Beýik serkerdeleriň biri. Öz döwründe Basranyň ylymly adamlarynyň biridir. Samarkant üçin söweşde bir gözüni aldyrýar. Ol beni ümmiýa (emewilere) ýakyn adam bolupdyr. Olar hem oňa hormat goýupdyrlar. Sälim ibn Zyýat ibn Ümmiýa ony Sistana emir edip belleýär. Ol ömrüniň ahyryna çenli şol ýerde emir bolýar we 65-nji hijri ýylynda wepat bolýar. Onuň gabry Sistandadyr. Ol Talahat (Talhlar) adyny Ibn Esiriň aýtmagyna görä, ýüz ýigidiň gelinleriniň galyňyny tölänligi üçin ???. Olaryň ählisi bolan ogluny Talha diýip atlandyrýarlar.

bilen ýüz tutulýan bolsa, ertir onuň özüniň dileg etmäge mejbur bolmagy ahmal. Allany ýatlaň, size baýlygy berýänem, alýanam Allatagalladyr — diýýär.

Onuň sözleri adamlara ýarap:

— Sen kim — diýip soraýarlar.

Ol:

— Men ýaňky aýdanlarymy başyndan geçirip gören adam — diýýär.

* * *

Mäti[1]:

— Adamlar, Resulalla salawat aýdyň — diýýär.

Onda Abu Dalama[2] şeýle diýýär:

Yrak diýaryna mukaddes gadam goýdyň,
Muhammet pygambere sen salawat aýtdyň.

Hamdy—sena aýdanlar gazanarlar köp dirhem,
Gazanylan dirhemler bolar maşgala hemdem.

Onda Mäti:

— Hawa, Resulalla doga ediň — diýýär.

Abu Dalama:

— Bu beýtler hakynda aýtdyň welin, iň soňky beýt hakynda bolsa kelam-agyz gürlemediň — diýýär.

Mäti gülüp goýberýär we hyzmatkärleriniň birine on müň dirhem berip, Abu Dalamanyň öýüniň içine seçmegi emr edýär.

* * *

Rabygy[1] emewiler halypasy Abdylmälige şeýle diýýär:

[1] Apbasylar halypasy Muhammet Mäti.
[2] Abu Dalama Zyýat ibn Jöwn.

Sen olara tarap galdyrsaň başyň,
Dilärler Taňrydan köp bolsun ýaşyň.

Sen olara garşy ýöreseň eger,
Ýol açyp, hormatlar, başyny eger.

Abdylmälik ondan:

— Näme isleýärsiň? — diýip soraýar.

Ol:

— Adamlara sadaka ber! Olaryň garybyna kömek et, durmuşdaky kynçylyklaryny ýeňlet — diýýär.

Onda Abdylmälik:

— Bu soran zatlaryň kän dälmidir — diýip soraýar.

Rabygy:

— Seniň başarýan zadyňdan artyk däldir — diýýär.

Abdylmälik:

— Bolýar ol diýeniň ediler, hajatyňy aýt — diýýär.

Rabygy:

— Eýýäm aýtdym — diýende, Abdylmälik:

— Ony diýemok, diňe özüň üçin sora? — diýýär.

Onda Rabygy:

— Alladan ant içýärin, seniň şu wagt raýatlaryňa eden hyzmatyň meniň üçin etmekçi bolýan hyzmatyňdan gowudyr. Men gowy zady ondan pes zada çalşyp bilmerin — diýýär.

---

[1] Ubeýd ibn Hasyp ibn Muawiýa ibn Jandyl Nemiri Abu Jandyl. Onuň Rabygy lakamy (çopan) örän köp goşgulary dünýäni wasp etmek bilen bagly. Ol emewiler döwrüniň görnükli şahyrlarynyň biridir. Ol öz kowumdaşlary bilen Basranyň çölünde ýaşapdyr. Jeririň we Farazdagyň döwürdeşi bolup, Farazdaga uly hormat goýupdyr. Jerir oňa hyja ýazýar. Jerir Rabyga şeýle diýýär:
«Tiräň gaplaňlardyr diýip öwünýärsiň sen,
Zor boldugyň it topugyna sen ýetip bilseň».
Jeziriniň onuň we kowumynyň üstünden gülmegi agyr degýär. Ol 90-njy hijri ýylynda namys edip wepat bolýar.

* * *

Harun Reşit Mekgede Käbäniň daşynda aýlanyp ýörkä bir çarwa aýal şeýle diýýär:

Geçip dur ýyldyr aý yzly-yzyna,
Kyn günler çökerdi meni dyzyma.

Bir döwüm çörek sorap, köp gapy kakdyk,
Saňa arzym aýtmaga köp ýurtlar sökdük.

Myhmanlaryň bize etmezmi ýardam,
Haýyr-yhsanny unutmaz keremli adam.

Harun Reşit ol aýalyň diýenini eşidip ýanyndaky egindeşlerine:

— Onuň aýdýany dogrudyr. Kim-de kim sadaka berjek bolsa, şu wagt bersin! — diýýär.

Harun Reşidiň egindeşleriniň biri donuny ýere ýazýar. Her kim aýdan sadakasyny donuň üstüne taşlaýar welin, donuň üsti dinardyr dirhemden dolýar. Harun Reşit bu pullaryň baryny ol aýala berýär.

* * *

Bir çarwa Mekgede bir adamdan dileg edýär. Ol çarwa:

— Eý, Alla ýolundaky doganym, Allanyň öýündäki ýoldaşym, Alladan meniň ýaly haraý isläp gelen dertdeşim. Heý-de Alla ýolunda seniň ýaly dogany bolanyň müşgil işi bolmalymydyr? — diýýär we elinde bar bolan pullaryny onuň bilen bölüşýär.

* * *

Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Ähli hajatyňyzda Alla ýüzleniň, ondan diläň! Eger-de köwşüňiziň bagy üzülse-de, Alladan haraý isläň! Eger siziň müşgül işiňizde Alla kömek etmese, onda size hiç kim kömek etmez» diýýär.

* * *

Enes Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Musulman doganynyň hajatyny bitiren adamyň gazanan sogaby, bütin ömrüni Allatagalla ybadat edip geçiren adamyň gazanan sogaby bilen deňdir» diýýär.

* * *

Bir şahyr şeýle diýýär:

Hemmelerde mümkinçilik ýokdyr haýyr-yhsana,
Mümkinçilik bar halatynda haýyr etgin ynsana.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Eger biri saňa dileg bilen ýüz tutsa, ol seniň dogan-garyndaşyňdan bolsa, bolmasa-da, oňa kömek et. Sen oňa kömek edeniňden soň, ol adam saňa dogan-garyndaşyň ýaly ýakyn adam bolar» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!) Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Eger kim-de kim birinden dileg, haýyş etjek bolsa, munuň üçin Sogapgüni gowudyr. Ol adam öýünden çykmazyndan ozal Alla tekbir aýtsyn. Soňra «Al ymran» süresiniň ahyryny, soň «Aýatul kürsini», soň bolsa «Gafyr» süresini okasyn. Bu süreleri okan

adam bu dünýädäki we ahyretdäki hajatlaryny diläp biler» diýýär.

* * *

Idris ibn Abdylla Lahmy Dureýr[1] şeýle diýýär:

Dileg edýän adam misli kör ýaly,
Mal eýesi durna gözli mysaly.

Görse dilegini baý adam onuň,
Köre salgy berer ýitiren ýolun.

* * *

Ahmet ibn Ýusup Anbary[2] şeýle diýýär:

Bende bendä etse sowukganlylyk,
Üstün çykar adamzatdan gysgançlyk.

Gysgançlyk utanar gysganç adamdan,
Sora hajatyň her ýagşyzadadan.

* * *

Bir çarwa: «Alladan ant içýärin, dilegi ýerine ýetmedik adamyň ýüzüni görmek ýaly erbet zat ýokdur» diýýär.

* * *

Selim ibn Salyh Ýaşkary Zaýyt ibn Mugyn ibn Zaýyda[3] şeýle diýýär:

---

[1] Bu adamyň terjimehalyna duşmadyk.
[2] Ahmet ibn Ýusup Kätip Anbary.
[3] Abu Apbas Zaýyda ibn Mugyn ibn Zaýyda Şeýbany. Ol Abu Atahyýanyň ýakyn dosty bolup, ol wepat bolanda oňa bagyşlap mersiýe ýazýar. Abu Atahyýa şeýle diýýär:

Ýanyňa hajat bilen hem-de salama geldim,
Oňa seniň nähili seretjegiň bilmedim.

Hajatymy bitirseň, Alla öwgi aýdaryn,
Dilegim bitirmeseň sessiz-üýnsiz gaýdaryn.

Ýene birine dileg bilen ýüz tutaryn men,
Bu dünýäde möminiň bardygy bize hemdem.

* * *

Silli Hasyr[1] şeýle diýýär:

Eger Alla saňa hajat ýollasa,
Ýetersiň hajata Alla oňlasa.

Hajatyňy gözleme ynsan pazyletinden,
Gözlegin hajatyňy Allaň rehmetinden.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Ulyny sylamadyk, kiçä hormat goýmadyk adamyň hajaty ýerine ýetmez» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Mömin doganyňa aýdylan hajat Allanyň hut özüne aýdylan ýalydyr. Kapyra aýdylan hajat şeýtanyň hut özüne aýdylan ýalydyr» diýýär.

---

Ibn Mugynyň ölümine gynandym örän,
Oň ölümine gynanjym uzakdyr iňňän.

[1] Silli ibn Omar Hasyr.

* * *

Ybraýym Edhem: «Musulman doganynyň hajatyny ýerine ýetiren adam ahyretde özüni arkaýyn duýup biler» diýýär.

* * *

Tawus[1]: «Anna güni edilen dilegi boş goýmaň» diýýär.

* * *

Lübeýt[2]: «Şalardan hajatyňy dilemek aýyp däldir» diýýär.

* * *

Dyba taýpasyndan bir adam emewiler halypasy Abdylmälige şeýle diýýär:

Raýatlaryň neýlärdi bolmasaň eger,
Arz-şikaýat diňlän haýyr iş eder.

Dünýäni aýlanyp tapmadym sen deý,
Jomartlykda sensiň misli Hatam Taý.

Seniň ýaly şany görmedim bir-de,
Adyllygyň äşgär asmanda, ýerde.

Abdylmälik ol adama müň dinar sowgat berýär. Ol adam Abdylmälige:

Tamakinçilik doýmady: «Ýene-de sora» diýdi,
Utanç-haýam: «Besdir, özüňi gora» diýdi» —

diýende, Abdylmälik oňa ýene-de müň dinar peşgeş berýär.

---

[1] Tawus ibn Kisan – Muhammet pygamberiň döwürdeşi.
[2] Lübeýt ibn Rabyg Amyry.

* * *

Bir adam hajat bilen emewiler halypasy Süleýmanyň ýanyna barýar. Ol Süleýmanyň namazdan soň elini göge galdyryp, dileg edip oturandygyny görüp, yzyna çykyp gitmekçi bolanda, Süleýman ony saklap, näme hajat bilen gelendigini soraýar. Onda ol adam:

— Men seniň ýanyňa hajat bilen geldim welin, seniň özüň hem nämedir bir zada mätäç öýdýän. Men hem seniň dileg edýäniňe hajatymy aýtmagy ýüregime düwdüm — diýýär.

Süleýman aglap:

— Meniň dileg edýänime şa hem, gedaý hem mätäçdir. Ähli adamlaryň hajatyny ýerine ýetirýän Alladyr — diýýär we ol adamyň dilegini ýerine ýetirýär we köp halat-serpaý edýär.

* * *

Abdylla ibn Hasan ibn Hasan: «Bir gezek emewiler halypasy Omar ibn Abdyleziziň ýanyna hajat bilen barýar. Onda Omar oňa:

— Eý, Abdylla! Indiki gezek hajatyň ýüze çykanda ýa-ha bir adam goýber, ýa-da hat ýolla. Seniň ýaly adamyň maňa mätäç bolmagy meniň üçin Allanyň ýanynda utançdyr — diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Her bir zadyň miwesi bardyr. Mätäjiň hajatyny ýerine ýetirmek jennetiň miwesidir» diýýär.

* * *

Bir yspyhanly daýhan bir hajat bilen emewiler halypasy Mugawyýanyň ýanyna gelýär. Mugawyýa onuň hajatyny ýerine ýetirmeýär. Onda ol daýhan dileg bilen Abdylla ibn

Japaryň ýanyna barýar. Abdylla ol daýhana müň dirhem berip goýberýär. Daýhan Mugawyýanyň ýanyna baryp, Abdyllanyň özüniň hajatyny ýerine ýetirendigini aýdýar. Mugawyýa hem Abdylla müň dirhem goýberýär. Emma Abdylla ol puly gaýtarýar we «Daýhanyň aýdan şükrüni, onuň hajatyny ýerine ýetirip gazanan sogabymy müň dirheme satyp bilmen» diýýär.

* * *

Gadym zamanda bir baý adam bolupdyr. Onuň görk-görmekli aýaly bar eken. Bir gün ol adam gowrulan towuk iýip otyrka, bir gedaý gelip, iýer ýaly zat soraýar. Ol adam gedaýa zat bermän, ony kowup goýberýär. Şondan köp wagt geçmän baý adam garyp düşýär. Hatda aýalyny ekläp bilmän, talagyny berýär. Ol aýal adamsyndan aýrylandan soňra, başga bir adama durmuşa çykýar.

Günleriň birinde ol aýalyň ikinji adamsy gowrulan towuk iýip otyrka, bir adam iýmäge zat diläp gelýär. Ol adam aýalyndan ol gedaýa gowrulan towuk, çörek bermegini soraýar. Ol aýal adamsynyň diýen zatlaryny gedaýa berende, onuň birinji adamsydygyny tanaýar. Ol aýal bir wagtky bolup geçen wakany ikinji adamsyna gürrüň berýär. Onda ol adam:

— Baýlygy bermegem, almagam Allatagalanyň elindedir. Ol kimsäni baýadýar, kimi garyp düşürer. Şol bir wagt dileg bilen siziň öýňüize gelen gedaý mendim. Berlen nygmata şükür etmeýän adamy Allatagala beren nygmatyndan jyda düşürýändir — diýýär.

# KYRK ÜÇÜNJI BAP

## TAGAM WE ONUŇ GÖRNÜŞLERI, TAGAM TAÝÝARLAMAK, MYHMAN ALMAK, AÇLYK WE DOKLUK HAKYNDA

Huzeýfe Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Kim az iýse, garny kiçi we ýüregi arassa bolar. Kim köp iýse, garny uly we ýüregi zalym bolar» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Köp suw bermegiň agajy guradyşy ýaly, köp iýip-içmek hem adamyň kalbyny öldürýändir» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!) bir hurma iýip yzyndan suw içerdi we eli bilen garnyna urup: «Şeýle iýip-içen adamyň garny dowzah odundan daşdadyr» diýerdi.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!) bir gün Hüseýiniň, ýene bir gün Abdylla ibn Japaryň öýünde agşamlyk edinerdi. Ol nahardan iki-üç agyzdan köp iýmezdi. Ondan näme üçin beýle edýändigini soranlarynda, ol: «Allanyň gaşyna

baranymda garyn sallap durmaklykdan utanýaryn» diýip jogap berýär. Şol gije Hezreti Aly şehit bolýar.

* * *

Hasan Basry: «Garny doýan adamy bu dünýäniň gaýgy-aladasy az gyzyklandyrýandyr» diýýär.

* * *

Isa alaýhyssalam: «Eý, beni ysraýyl, az iýip-içiň. Köp iýip-içýän adam köp ýatar. Köp ýatýan adam bolsa namazdan, Allatagala ybadat etmekden daş düşen. Allanyň ybadatyndan daş düşen adamyň ýüregini zalymlyk gaplap alar» diýýär.

* * *

Bir gezek Fazyldan:

— Dindar adama et iýmek bolýarmy? — diýip soranlarynda, ol:

— Allanyň halal eden ähli zatlaryny iýmek bolýandyr — diýýär.

* * *

Bir gezek Amyr ibn Abdylkaýysdan:

— Adam hakynda näme aýdyp bilersiň? — diýip soranlarynda, ol:

— Aç wagty dyza çökmäge taýýar, dok wagty zalymlyga ýüz urýan jandar hakynda başga näme aýdyp bolar — diýip jogap berýär.

* * *

Ferit Subhy işdäsi almadyk naharyny iýmezdi. Ondan munuň sebäbini soranlarynda, ol: «Beýle nahary iýip

Allatagala aýtjak şükürim ýürekden çykmaz öýdüp gorkýan» diýýär.

* * *

Hasan Basry: «Azat adamyň hödür eden tagamyny bu nahary işdäňiz almasa-da, gaşyňyzy çytman iýiň» diýýär.

* * *

Süleýman alaýhyssalam özi arpa çörek iýip, adamlara bolsa iň ýagşy tagamlary hödür-kerem ederdi.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Erkek adamyň garyn salman, dik kamatly bolmagy — Allanyň oňa beren zynaty, görk-görmegidir» diýýär.

* * *

Fazyl: «Musulman adam aç bolmakdan gorkmaly däldir. Aç bolan mahaly Muhammediň we onuň egindeşleriniň başyndan geçiren açlygyny, kyn günlerini ýatlamalydyr» diýýär.

* * *

Fazyl: «Adamyň başyna iki zat — köp iýmek we köp gürlemek bela getirip biler» diýýär.

* * *

Bir adam Ýusup alaýhyssalamdan:

— Sen näme üçin baý diýaryň şasy bolsaň-da, doýup iýip-içmeýärsiň? — diýip soranda, ol:

— Eger men doýup iýsem, aç adamlaryň halyndan bihabar bolaryn öýdüp gorkýaryn — diýýär.

* * *

Hajjaç: «Myhmandan nahary gysganmak iň erbet häsiýetleriň biridir. Myhman elmydama özüniň rysgaly bilen gelýändir» diýýär.

* * *

Bir gezek Sufýan ibn Uýaýna apbaslylar halypasy Harun Reşidiň ýanyna baranda, Harun Reşit nahary çemçe bilen iýip oturdy. Sufýan oňa:

— Seniň atаň Ibn Apbas musulmanlara: «El — Allanyň adamlara beren nygmatlarynyň biridir» diýerdi — diýýär.

Harun Reşit gazap bilen elindäki çemçesini döwýär.

* * *

Bir akmak gara guluň ak çörek iýip oturandygyny görüp: «Eý, halaýyk, kim gijäniň gündizi iýýändigini görmek islese, tizräk gelip ýetsin» diýip gygyrýar.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Çörege hormat goýuň! Allatagalada çörege hormat goýandyr we oňa asmanyň we zeminiň bereketini siňdirendir» diýýär.

* * *

Bir dana: «Az iýip-içen adam gowy düýş görer» diýýär.

* * *

Bir arap: «Nahar tagamly bolsa, sen ony iýýänsiň, eger tagamsyz bolsa ol seni iýer» diýýär.

* * *

Ruuba ibn Ajjaj: «Men bir gezek kakam bilen Şama emewiler halypasy Süleýman ibn Abdylmäligiň ýanyna gitdim. Biziň Şama giden wagtymyz hasyl ýygnalýan wagtydy. Süleýman bize hurma, süýt, peýnir we et berdi. Biz bu zatlaryň ählisini garyp nahar taýýarladyk. Bu naharyň tagamy Şamdan yzyma dolanýançam agzymdan gitmedi» diýýär.

* * *

Ibn Sirin nirädir bir ýere myhmançylyga çagyrylsa, öýünden iýip-içip giderdi. Ol: «Men iliň saçagyna göz dikmegi ýigrenýärin» diýerdi.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Öýüňe myhman gelse, ony gapyda saklama. Ony öýüňe salyp, baryňdan hezzet-hormat et» diýýär.

* * *

Bir danadan:

— Haýsy wagt iýip-içmek gowy? — diýip soranlarynda ol:

— Barly adam işdäsi alan wagty, garyp adam tapan wagty iýip-içse ýagşydyr — diýýär.

* * *

Bir gezek Hajjaç oturlyşyk guraýar. Ol özüniň bu eden mejlisinden göwnihoş bolup, öwünmek üçin wezirinden:

— Heý Pars şasy Hysrow şeýle mejlis gurapmydy? — diýip soraýar.

Onda wezir:

— Hysrow-a bilemok welin, onuň weziri oturlyşyk guranda gelen myhmanlara müň dirhem we altyn kündük berer eken — diýýär welin, Hajjaç:

— Eý, Allam, parslar özünden soňkulara öwünere zat goýmandyrlar — diýýär.

* * *

«Bir ýere myhmançylyga baranyňda, öý eýesiniň ýüzüne bakanyňda, onuň senden ýüzüni sowmagy, nahar iýilende köp gürlemegi — onuň myhman almagy halamaýanlygynyň alamatydyr».

* * *

Äşe (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Muhammet alaýhyssalam ömrüniň ahyryna çenli doýup iýmedi» diýýär.

* * *

Emewiler halypasy Mugawyýa günde ýedi görnüşli tagam iýerdi. Emma ikindiden soň hiç hili nahar iýmezdi.

* * *

Bir gezek apbaslylar halypasy Mäti wezir-wekillerine:

— Haýwan hem iýip-içende çakyny bilýändir — diýýär we sözüni subut etmek üçin piliň öňüne ýüz sany tegelek çörek oklaýar. Pil togsan dokuz çöregi iýip, bir çöregi galdyrýar.

* * *

Nahara has tagam berýän zatlaryň biri açlykdyr.

* * *

Bir danadan:

— Haýsy tagam has süýji bolýar? — diýip soranlarynda, ol:

—Bu babatda açlyk menden has ylymlydyr, ýagny adama aç wagty islendik tagam süýjüdir, lezzetlidir — diýýär.

* * *

Bir şäherliden:

— Gijäni nädip geçirýärsiň? — diýip soranlarynda, ol:

— Ertirki iýjek zadymyň aladasyny edip — diýip jogap berýär.

* * *

Bir gezek apbaslylar halypasy Mamunyň weziri Hasan ibn Sähl Mamun bilen nahar iýip otyrka, Mamuna:

— Tüwi ýaşyňy uzaldýandyr — diýýär.

Mamun ondan munuň sebäbini soranda, ol:

— Eý, möminleriň emiri! Hindi tebipleri az-az ýalňyşýandyrlar. Olar: «Tüwi iýen adam ýagşy düýşleri görýändir, ýagşy düýş görýän adamyň bolsa gaýgy-aladasy azdyr, gaýgy-aladasy az adam bolsa uzak ýaşaýandyr» diýýärler — diýip gürrüň berýär.

Hasanyň gürrüňi Mamunyň göwnünden turýar. Ol Hasana köp halat-serpaý ýapýar.

* * *

Hasan Basry: «Aç musulman doganyny doýuran adam Allanyň rehmetine duçar bolar» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Allatagala ýerde ýatan nämedir bir zady tapyp, ony iýen adamyň bedenine dowzah oduny haram etdi» diýýär.

* * *

Ýene-de: «Kim-de kim iýilýän nämedir bir zady ýerden galdyrsa, şol galdyran zadynyň göwrümi ýaly Allanyň söýgüsine mynasyp bolar. Eger taşlasa, onda şol iýilýän zadyň göwrümi ýaly Allanyň gazabyna duçar bolar» diýýär.

* * *

Garnyna buýrup bilýän adam iň gowy häsiýetleriň ählisini özünde jemleýändir.

* * *

Sasanly şalary saçagyň başyna geçende, ýekeje agyz hem gürleşmezdiler. Olar biri-birlerine yşarat bilen düşünişerdiler.

* * *

Jahyz: «Şalar bilen bir saçagyň başynda otursaň, özüňi parasatly alyp bargyn, nahara ondan öň eliňi uzatmagyn! Özüňi edepli alyp bargyn! Aç galsaň-da az iýgin! Nahary diňe ýakyn dostuň ýa-da aýalyň bilen doýup iýgin!» diýýär.

* * *

Iýip-içende Pars şalarynyň ýanynda hökman elýaglygy bolardy.

* * *

Bir gezek Mugawyýa Hasan ibn Alyny myhmançylyga çagyrýar we onuň öňünde gowrulan towuk goýýar. Emma Hasan towuga elini uzatmaýar. Mugawyýa Hasandan:

— Näme bu towugyň ejesi seniň duşmanyňmydy? — diýip kinaýaly soraýar.

Onda Hasan:

— Näme bu towugyň ejesi seniň dostuňmydy? — diýip, onuň özüne sorag berýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Nahardan saçaga gaçanlaryny iýen adamyň o dünýesi abatdyr» diýýär.

* * *

Ýusup ibn Asbatdan: «Semizlik we bal hakynda soranlarynda, ol: «Eger bu zatlar halal ýol bilen gazanylan bolsa, hiç bir erbet zat ýokdur» diýýär.

* * *

Enes: «Her gün işdäň alan zadyny iýmek uly nygmatdyr» diýýär.

* * *

Äşe: (goý, Alla ondan razy bolsun!) «Bir gezek Muhammet alaýhyssalam hyzmatkär satyn almak isledi. Ol bazara baryp, bir hyzmatkäri gördi we oňa bir hurma berdi. Ol hurmany iýdi. Muhammet alaýhyssalam ýene bir hurma berdi welin, ol ýene-de iýdi. Onda Muhammet alaýhyssalam: «Köp iýmeklik betbagtlylykdyr» diýdi» diýip gürrüň berýär.

* * *

Enes Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Ähli keselleriň gözbaşynda köp iýip-içmek ýa-da erbet iýip-içmek durýandyr» diýýär.

* * *

Lukman Hekim: «Eý, oglum! Nahardan doýup iýmegin. Nahardan galanyny itiňe ber. Şonda seniň garnyň rahat, öýüň aman bolar» diýýär.

* * *

Ibn Dureýd: «Arap milleti köp iýýän millet hökmünde tanalýar» diýýär.

* * *

Gul köp iýýändir, ýolbars köp ýatýandyr.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Kim-de kim saçaga gaçan nahary iýse, onuň ahyreti abat bolar. Ol adamyň ogluna we agtygyna nadanlyk daş bolar» diýýär.

* * *

Amr ibn As Mugawyýanyň höküm süren wagty: «Kimdir birini güýçden gaçyrmak isleseň köpräk naharlamaly. Köp nahar iýýän adamyň gözi ukuly, başy dumanly, ysgynsyz bolýandyr» diýýär.

Mugawyýa Amryň sözüni ýetirenlerinde, ol onuň sözüni dogry tapýar. Şondan soňra köp iýýän adama «Samsyk» ýa-da «düşünjesiz» diýilýär.

* * *

Araplarda: «Pylany barmaklaryny ýuwudýar» diýmeklik, ol adamyň açgözlügine delillik edýärdi. Açgözlük musulman ymmatynda aýyp iş hasaplanýar.

* * *

Bir çaga uly adamlar bilen nahar iýmäge oturýar. Olaryň öňüne nahar alnyp berlende, çaga aglap başlaýar. Uly adamlar ondan:

— Sen näme üçin aglaýarsyň? — diýip soranlarynda, ol:

— Nahar gyzgyn — diýýär.

Uly adamlar:

— Nahar sowaýança azrak sabyr et — diýýärler.

Onda ol çaga:

— Wah, men sabyr etjek welin, siz sabyr edeňzok — diýýär.

* * *

Kişi hasabyna nahar iýip ýaşaýan bir mugthor bar eken. Käwagt onuň ýüzi gyzaryp gider eken. Adamlar ondan munuň sebäbini soranlarynda ol:

— Men kimdir biriniň öňüne nahar alyp, meniň hem ol ýerde ýoklugym hakynda oýlananymda gaharym gelip ýüzüm gyzarýar — diýip jogap berýär.

* * *

Ibn Apbas: «Muhammet alaýhyssalam ýatmazyndan öň hiç zat iýmezdi. Onuň maşgalasy-da agşamlyk nahar edinmezdiler. Olaryň köplenç iýýän zady arpady» diýýär.

* * *

Abu Hureýra: «Muhammet alaýhyssalam we onuň maşgalasy bu dünýäden ötýänçäler üç günläp yzly-yzyna çörekden doýup iýen günleri ýokdyr» diýýär.

* * *

Enes: «Muhammet alaýhyssalam Allatagalanyň rehmetine duşýança gyzgyn çörek iýmändi» diýýär.

* * *

Enes: «Muhammet alaýhyssalam iýip-içende gyssanman, iýmiti ýere gaçyrmazlyga çalşyp iýip-içerdi» diýýär.

* * *

Äşe (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Muhammet alaýhyssalam bir wagtda iki görnüşli tagamy agzyna salmazdy. Eger onuň agzynda çörek bolsa ony iýip, soňra agzyna et salardy. Eger agzynda et bolsa, ony gowy çeýnäp iýip, soňra agzyna çöregi salardy» diýýär.

* * *

Bir mugthoryň oglundan:

— Bedr söweşinde Muhammet alaýhyssalamyň näçe egindeşi bardy? — diýip soranlarynda, ol:

— Üç ýüz on üç sany çörek — diýip jogap berýär.

* * *

Erdeşir: «Aç wagty nahara topulýan, dok wagty haýallaýan adamdan häzir boluň» diýýär.

* * *

Ybraýym pygambere Abu Deýfan[1] diýerdiler. Sebäbi ilkinji bolup myhman almagy adat eden Ybraýym alaýhyssalamdyr. Ol arap ogullaryna bu häsiýeti adat edinmegi buýurýar. Ol öňüne nahar almazyndan öň egindeşlerini

[1] Abu Deýfan – myhmanparaz.

myhman gözlegine goýbererdi. Myhman gelse ilki oňa, soňra özüne nahar alardy. Myhman gelmedik güni işdäsi bolmazdy.

* * *

Beni hanypa[1] hurma we undan ullakan halwa ýasaýarlar. Soňra bu halwany beýik ýerde goýup, ony hudaý tutunyp, oňa ybadat ederdiler. Birnäçe ýyldan bu ýurtda açlyk bolýar welin, beni hanypa hudaý diýip yglan eden halwalaryny iýýärler.

* * *

Bir adam Abu Uýaýna ýagdaýyň kyndygy hakynda şikaýat edende, Abu Uýaýna:

— Allatagala şükür et! Ol bize yslamy we geçirimliligi peşgeş berdi — diýýär.

Onda ol adam:

— Wah, ol ikisi üçin şükür edýän welin, olardan başga açlyk hem bar-da — diýýär.

* * *

Pars nakylynda: «Aç tilki ýolbars bilen tutluşar» diýilýär.

* * *

Bir adam Ybraýym Halyldan:

— Näme üçin Allatagala seni öz dosty edindi? — diýip soranynda, ol:

— Üç zat üçin Allatagala meni özüne dost tutundy. Birinjiden, islendik işiň başyny tutanymda, Allatagalanyň buýran parzyny etdim. Ikinjiden, Allanyň buýran parzlaryndan başga zat bilen gyzyklanmadym. Üçünjiden, naharymy myhmansyz iýmedim — diýýär.

---

[1] Beni hanypa taýpanyň ady. Bu taýpa Hanypa ibn Lejim ibn Sagp ibn Aly ibn Bekr ibn Waýyldan gaýdýar.

* * *

Abu Jähm ibn Atyýýa[1] Abu Müslim Horasanlynyň içalysydy. Ol apbaslylar halypasy Mansuryň ähli işleri hakynda Abu Müslime habar berip durardy. Günleriň birinde Mansur bu hakynda bilip, Abu Jähmi ýanyna çagyryp, uzak gürrüň oturýar. Mansuryň maksady Abu Jähmini suwsatmakdy. Haçan-da Abu Jähmi suwsap, içer ýaly bir zat soranda, oňa awy gatylan alma şerbetini berýärler. Abu Jähm öýüne ýetmän wepat bolýar. Bu barada bir şahyr şeýle diýýär:

Alma şerbeti süýji, datly bolsa-da eger,
Abu Jähmiň janyn hyruç edendir meger.

* * *

Osman ibn Affanyň Tufeýl Agras atly hyzmatkäri bolupdyr. Ol kişi hasabyna, ýagny mugt iýip-içmegi diýseň halar eken. Şol sebäpli arap dilinde ondan soňky mugthor adamlara-da Tufeýli diýilýärdi.

---

[1] Abu Jähm ibn Atyýýa. Ol apbaslylar döwletiniň ýokary wezipeli adamlarynyň biridir. 129-njy hijri ýylynda Abu Müslim ony ibn Harysyň ýanyna Horezme Apbaslylar döwletiniň çägine girmegi talap etmek üçin ilçi edip goýberýär. Soňra bolsa Abu Müslim ony Kahtaba ibn Şebibe kätip edip belleýär. 131-nji hijri ýylynda Kahtaba Abu Jähmi Hemedandaky ogly Hasana kömekçi edip belleýär. Haçan-da Kahtaba öldürilende, ol onuň ogly Hasan bilen Kufa gidýär. Emma Kufa Abu Seffah goşun çekip gelende, ilkinji bolup ony halypalygy bilen gutlaýar we 136-njy hijri ýylyna çenli onuň weziri bolýar. Şu döwürde ol Abu Müslimiň içalysy bolýar we Abu Seffah hakynda ähli maglumatlary hat üsti bilen oňa habar edip durýar. 139-njy hijri ýylynda Abu Müslim öldürilenden soňra Mansur ony öldürdýär.

* * *

Bir adamdan ajaýyp geňlikler hakynda soralanda, ol: «Musanyň taýagy, Muhammediň münberi we toýa ýazylan saçak ýaly ajaýyp zat ýokdur» diýip jogap berýär.

* * *

Bir gezek Şagby dostunyň öýüne myhmançylyga barýar we köp wagt oturman turup gitmekçi bolýar. Öý eýesi:

— Dostum, öýden tagam iýmän turmak öý eýesini sylamazlykdyr. Sen Ybraýym alaýhyssalamyň halan tagamynymy ýa-da Bibi Merýemiň halaýan tagamyny iýmek isleýärsiň? — diýip soraýar.

Onuň beýle diýmegi: «Et iýjekmi ýa-da hurma» diýdigidi. Onda Şagby:

— Ybraýym alaýhyssalamyň halaýan zadyny ýaňyja öýde iýdim, şonuň üçin maňa Bibi Merýemiň halaýan tagamyny beräý — diýýär.

Onda Şagbynyň dosty bir tabak hurma getirýär.

* * *

Abu Rafyg[1]: «Meni Abu Hureýra agşamlyk naharyna çagyrdy. Ol hemişe nahara çagyranda: «Eti emirler iýsin» diýerdi. Soňra bolsa: «Hurma iýen içagyrydan saplanar, bal arysynyň arassa balyny içen şel bolmakdan saplanar, aýwa iýeniň sagat çagasy bolar. Nar iýeniň bagry sagdyn bolar, kişmiş iýmek nerw kesellerine we ötüşen kesellere melhem

[1] Megerem bu adam Muhammet alaýhyssalamyň hyzmatkäri Ybraýym Abu Fyg Kybtydyr. Ol ilki Apbas ibn Abdylmuttalybyň hyzmatkäridi. Apbas ibn Abdylmuttalyp ony Muhammet alaýhyssalama sowgat berýär. Günleriň birinde bu hyzmatkär Muhammede Apbasyň yslam dinini kabul edendigini buşlanda, Muhammet ony azat edýär. Ol birnäçe gazawatlara gatnaşýar we Muhammet alaýhyssalamdan birnäçe hadys gürrüň berýär. Çeşmeleriň habar bermegine görä, ol Aly ibn Abu Talybyň halypalyk eden döwründe wepat bolýar.

bolýar. Seldereý otuny iýmek aşgazanyňa melhem bolýar we agzyňdan ýakymly ys getirýär. Merjimek bolsa, ýürek agyra we gözden akýan ýaşa melhem bolýar. Kädi iýmeklik bolsa, aklyňy zyýada edýär we deri kesellerine melhem bolýar. Malyň döşi we gapyrga eti iň süýji etdir» diýýär. «Ol hemişe mudire[1] we halwa iýmegi gowy görerdi» diýýär.

* * *

Abu Hureýra şeýle diýýär: «Bu iki nahar ýaş oglanlaryň naharydyr» diýerdi. Ol mudiräni Mugawyýa bilen iýip, namaz okanda Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!) bilen okardy. Ondan bu barada soranlarynda, ol: «Mugawyýanyň mudiresi ajaýypdyr. Emma Hezreti Ala uýup namaz okamak has haýyrlydyr» diýerdi.

Abu Hureýra mudire iýmegi gowy görendigi üçin: «Şeýhul Mudire» diýerdiler.

* * *

Beni gassan şalary süýji naharlary iýmegi halardylar. Mudire we miweler olaryň saçagynyň bezegidi.

* * *

Hysrowlylar sirkä ýatyrylan eti bişirip iýmegi gowy görerdiler. Olar: «Bu nahar şalaryň naharydyr» diýerdiler. Köp adamlar Hysrow şalaryna bu naharyň adyny lakam edip dakdylar. Musa ibn Fyrat: «Bu nahar ähli naharlaryň ýiligidir» diýýär.

---

[1] Mudire – süýtde bişirilen et.

* * *

Aly ibn Hüseýin (goý, Alla olardan razy bolsun!) «Myhmana Ybraýym alaýhyssalam ýaly hyzmat etmek adamyň iň gowy terbiýe alandygyna delalat edýär» diýýär.

* * *

Asmagy: Bir gezek Anbasa ibn Wehbden: «Iň ýagşy häsiýet nähilidir?» diýip soranynda, ol şeýle diýýär:

Myhman atdan düşmänkä, etmelidir hyzmaty,
Myhmana sarpa goýmak musulmanyň adaty.

* * *

Medaýyny[1]: «Gadym wagtlarda araplar nahar bişirip bilmeýärdiler. Olarda diňe bir görnüşli nahar bardy. Olar eti suwda bişirip, duz atardylar. Diňe Mugawyýanyň döwründe dürli-dürli nahar bişirmek ýüze çykyp başlady» diýýär.

* * *

Şalaryň özbaşyna aşpezi bolmalydyr. Aşpez şanyň göwnüniň küýseýän, işdäsini açýan naharlary taýýarlamagy başarmalydyr.

* * *

Bir dindar kimdir biri öýüne myhmançylyga gelse, Ybraýym alaýhyssalamyň myhmanparazlygy hakynda gürrüň edip, oňa ýagşy hyzmat eder eken. Eger ol dindar kimdir biriniň öýüne myhmançylyga barsa, onda öý eýesine Isa alaýhyssalamyň dindarlygy we kanagaty barada gürrüň berer eken.

---

[1] Abu Hasan Aly ibn Muhammet Medaýyny.

* * *

Muhammet alaýhyssalam Hezreti Ala (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Eý, Aly! Nahary duz atmak bilen başla we duz atmak bilen gutar. Sebäbi duz ýetmiş derdiň dermanydyr» diýýär. Soňra bolsa: «Pygamberlerden haýsydyr biri özüniň mejalynyň ýoklugyndan, halynyň gowşaklygyndan Allatagala arz edýär. Onda Allatagala oňa eti süýtde bişirip iýmegi emr edýär. Bu nahar adama güýç-kuwwat berýändir» diýýär.

* * *

Iýip-içmek aç adam üçin baýramçylykdyr.

* * *

Hindi şasy: «Öýüňize myhman gelende, iýdirip-içirmezden ozal, oňa hajathananyň nirede ýerleşýändigini görkeziň» diýýär.

* * *

Bir gezek Müzebbedi[1] nahara çagyrýarlar welin, ol özüniň agzynyň beklidigini aýdýar. Soňra bolsa süýji halwa görüp, oňa baka ýönelýär. Adamlar oňa:

— Seniň agzyň bekli dälmi näme? — diýenlerinde, ol:

— Men agyz beklänimde käbir nahary iýmekden saklanýaryn. Emma bu halwa olara degişli däldir — diýýär.

* * *

Et iýmek adamyň etini köpeldýär, ýagny semredýär. Ýag iýmek ýagam, etem köpeltmeýär, ýagny semretmeýär.

[1] Abu Yshak Müzebbet Medeni.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Kimdir biri yzly-yzyna kyrk günläp et iýse, doňýürek bolýandyr. Kimdir biri yzly-yzyna kyrk günläp et iýmese ahlagy, bedeni gowşaýandyr» diýýär.

* * *

Harys ibn Kelde: «Kimdir biri günortan naharynda gowy iýip-içse, ýatyp dynjyny alsyn. Kim-de kim agşam gowy nahardan doýa iýip-içse, kyrk ädimlik ýerde gezim etsin» diýýär.

* * *

Hasan ibn Kahtaba diýseň myhmansöýer adamdy. Onuň myhmanlara hyzmat edýän iki sany çaýhanasy bardy. Her çaýhanada-da ýedi ýüz tamdyry bardy.

* * *

Bir gezek Isa ibn Dagb apbaslylar halypasy Musa Hädiniňkä myhmançylyga baranda, özüniň iýip-içmejekdigini aýdýar. Ondan munuň sebäbini soranlarynda, ol:

— Men nahardan öň el ýuwdurylmaýan ýerde iýip-içesim gelenok — diýýär.

Musa ony egindeşleriniň arasynda oturdýar we onuň elini ýuwdurmagy emr edýär.

* * *

Hasan Basry myhmançylyga baranda ýüpek düşekçäniň üstünde oturardy. Ýagşy içgiler içerdi we nahar iýilýän mahaly ölüm hakynda gürlemegi halamazdy.

* * *

Bir sopudan:

— Süýji halwa hakynda näme aýdyp bilersiň? — diýip soranlarynda ol:

— Men ýok zada höküm çykaryp bilmerin-ä — diýýär.

* * *

Üç sany zatdan, ýagny ýagtylyk bermeýän çyradan, haýal çapardan we myhman gelmeýän öýden haýyr ýokdur.

* * *

Ertirlik naharyny ir iýmeklik, agşam naharyny az iýmeklik haýyrlydyr.

* * *

Bir mugthordan:

— Sen nämeden lezzet alýarsyň? — diýip soranlarynda, ol:

— Orta ýazylan saçakdan, hasapsyz berlen puldan, pul tölemän iýip-içilen tagamlardan — diýip jogap berýär.

* * *

Bir çarwa aýal sakgyç çeýneýär. Ondan:

— Sakgyç nähili eken? — diýip soranlarynda, ol:

— Äňiňi ýadatmakdan we aşgazanyňy aldamakdan başga hiç hili lezzeti ýok — diýip jogap berýär.

* * *

Bir adamdan:

— Pylanynyň öýüne kim myhmançylyga barýar? — diýip soranlarynda, ol:

— Perişdeler! — diýýär.

Ýene-de ondan:

— Ol adamyň saçagyndan kim iýip-içýär — diýip soranlarynda, ol adam:

— Şu wagta özi we siňekler — diýip jogap berýär.

* * *

Bir adam Ýezit ibn Harrandan[1]:

— Nähili nahar iýmek adam üçin zyýanlydyr? — diýip soranynda, ol:

— Haram iýmek ýaly adam üçin zyýanly zat ýokdur — diýip jogap berýär.

* * *

Bir çarwa:

— Özüňi sypatlandyr — diýenlerinde, ol:

— Men nahar bolsa saçaga tarap süýşýän, çakyrdan daşlaşýan, uruş-sögüşden gaçýan adam — diýip jogap berýär.

* * *

Bir çarwadan:

— Siz çorbany başgaça nähili atlandyrýaňyz? — diýip soranlarynda ol:

— «Gyzgyn» diýýäris — diýip jogap berýär.

Onda ondan:

— Sowuk diýip nämä aýdýarsyňyz? — diýip soranlarynda, ol:

— Sowuk diýip üşedýän sowuga aýdýarys — diýýär.

* * *

Bir çarwadan:

---

[1] Ýezit ibn Harun ibn Wädi asly Buhara şäherinden bolup, ol 180-nji hijri ýylynda eneden doglan. Ol hadys rowaýat eden ylymly adamlaryň biridir. Ol 206-njy hijri ýylynda wepat bolýar.

— Baýasaň kimi naharlardyň? — diýip soranlarynda, ol:

— Çaga emdirýän aýaly, sergezdan ýetimi, aç ýesiri we mysapyr bendäni — diýip jogap berýär.

* * *

Kimdir biri aç bolsa oňa: «Allatagala oňa möjegiň derdini beripdir» diýýärler. Sebäbi möjek ajygan mahaly hatda toprak hem bolsa iýýändir.

* * *

Abdylmuttalyp we birnäçe kuraýyş begleri Hysrow (Kesra) patyşanyňkyda myhmançylykda bolanda, Hysrow olardan näme isleýändigini soraýar. Onda ol: «Saňa halwa taýýarlaýan gyrnagyňy maňa sowgat ber» diýýär. Hysrow patyşa onuň islegini ýerine ýetirýär. Şondan soňra ol gyrnak Mekgede halwa taýýarlap başlaýar.

* * *

Bir gezek Hezreti Alynyň (goý, Alla ondan razy bolsun!) Basrada goýan emiri Osman ibn Hanypa biriniň öýüne myhmançylyga barýar. Öý eýesi Basra emirine elinde baryny edip, hyzmat edýär. Bu habar Ala baryp ýetende, ol Basra emirine: «Sen özüň bol-elinlikde ýaşap, başga bir adamyň saçagyna göz dikmäge, onuň çagajyklarynyň iýmeli rysgalyny iýmäge neneň het edip bildiň?» diýip hat ýollaýar we myhmançylyga baranda, iýen zatlaryny tölemegi emr edýär.

* * *

Kim-de kim ahyretiniň abat bolmagyny islese, bala-çagasyna halal iýdirip-içirsin.

* * *

Araplarda sirkä ýatyrlan eti «tagamlaryň seresi», «naharyň lezzetlisi» we «saçagyň görki» diýip atlandyrýarlar.

* * *

Ýene-de: «Eger eti sirkä ýatyryp, soňra bişirseň, onda seniň aşgazanyň ýerine ýetirmeli işiniň üçden birini ýerine ýetirdigiňdir» diýilýär.

* * *

Halypalaryň biri halypalyga gelende, aşpezi ýanyna çagyryp:

— Şundan beýläk eti sirkä ýatyryp, nahar bişirme! — diýýär.

Onda aşpez:

— Eý, möminleriň emiri! Bu nahar saçagyň görki, gyşyn-ýazyn, öýde-saparda ýaramly, gyzgynlygyna we sowuklugyna gowy iýilýän nahar ahyryn — diýýär.

Halypa onuň diýenleri bilen ylalaşýar we bu nahary bişirmäge rugsat berýär.

* * *

Apbaslylar halypasy Mamun her gün bir müň dirhem sarp edip, garyp-gasara saçak ýazar eken. Ol elaçyk hökümdar hökmünde tanalýardy.

* * *

Abu Muhaffyf Azyr ibn Şäkir Bagdady her gün eşegini münüp, başga bir eşege bolsa çörekli haltany ýükläp, Bagdadyň köçelerine aýlanardy. Ol senet eýelerine, täjirlere, garyp-gasara çörek paýlardy.

* * *

Bir çarwa Käbäniň daşyndan togap edip ýörkä bir adamyň: «Eý, Allam! Maňa Abu Haryjanyň ölümi ýaly ölüm miýesser etdir» diýip dileg edýändigini eşidýär. Çarwa ol adamdan:

— Abu Haryja nädip öldi? — diýip soraýar.

Onda ol adam:

— Gerk-gäbe doýup, aşa düşüp öldi — diýýär.

* * *

Ibn Omar Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Eger aç dana adam görseňiz, ondan peýdalanyň. Danalyk onuň diline öz—özünden gelýändir» diýýär.

* * *

Bir gezek Ibn Omardan:

— Nahardan soň iýer ýaly näme taýýarlamaly? — diýip soranlarynda, ol:

— Men dört aý bäri doýup iýip göremok. Emma menden hem günleri kyn geçýänler bardyr. Olaryň ýaşan ömründe dok günlerinden aç günleri köp bolandyr — diýýär.

* * *

Ibn Apbas:

— Çörege hormat goýuň — diýýär.

Adamlar ondan:

— Çörege beýle hormat goýulmagynyň sebäbi nämededir? — diýip soranlarynda, ol:

— Bereket çörekdedir. Ony tapan ýeriňizde iýiň. Bu iýen çöregiňiziň deregine Allatagala size başga bir çörek berer — diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Kim-de kim doýup iýip-içmäge endik etse, doňýürek bolar» diýýär.

* * *

Awzagy: «Men Makhuldan: «Nirä myhman bolsaň gowy?» diýip soranymda, ol: «Çörege hormat goýulýan ýere myhman bol. Çöregi sylan myhmany hem sylar» diýdi» diýýär.

* * *

Bir gezek Hajjaç egindeşlerine bir kagyz alyp, her kime özüniň gowy görýän zadynyň adyny ýazmagy emr edýär. Soňra kagyzlary ýygnap alyp, okap görseler, olaryň ählisinde mesge bilen hurma diýip ýazylypdyr.

* * *

Wehp ibn Munebbih: «Adam agyz bekläp, aç gezen wagty gözi kiçelýär, nury öçüşýär. Haçan-da agşam çagy gelip, iýip-içenden soňra gözi ýerine gelýär, nurlanýar, pikiri durlanýar» diýýär.

* * *

Hammat ibn Selme: «Bir gezek Iýas ibn Mugawyýanyň ýanyna baranymda, ol halwa iýip otyrdy. Ol maňa halwa hödür etdi we: «Iý, bu aklyňy goýaldýandyr we zyýada edýändir» diýýär.

* * *

Kämahal az gürlemeklik akyllylygyň däl-de, açlygyň hem alamaty bolýandyr. Sebäbi köp gürlemek üçin hem güýç-

kuwwat gerekdir. Güýç-kuwwat üçin bolsa iýip-içmek zerurdyr.

* * *

Hasan Basry: «Nahary gyssanman, çeýnäp iýmek, saçagyň başynda özüňi alyp barmagyň edeplerindendir» diýýär.

* * *

Ibn Apbas: «Bir gezek Muhammet alaýhyssalamdan:

— Iň gowy içgi nämedir? — diýip soranlarynda, ol:

— Süýji we sowugy — diýýär.

Pygamber beýle diýmek bilen baly göz öňünde tutdy» diýýär.

* * *

Altyn reňkde bolan bal iň gowy bal hasaplanýar.

* * *

Rumlylar: «Gowy bal çyranyň peltesine degende, pelte ot alýandyr» diýýärler.

* * *

Bir pelsepeçiden:

— Adamyň ömrüni näme uzaldyp bilýändir? — diýip soranlarynda, ol:

— Kim bedenini bal iýmäge endik etdirse, Allatagala onuň ömrüni uzaldýar — diýýär.

* * *

Süýt jana şypa zatlaryň biridir.

* * *

Bir dana: «Köp däri-dermanlar süýde garylyp ýasalýandyr» diýýär.

* * *

Asmagy: «Eger kimdir birinden: «Nähili süýt gowy?» diýip soranyňda, «turşusy» diýse, onda oňa: «Sen kimiň guly?» diýäýmelidir. Eger-de: «Gaýmaklyja, täze süýt» diýse, onda ondan: «Sen kimiň ogly?» diýip sorap bilersiň» diýýär.

* * *

Kimde-kim ýedi banan iýip, soňundan bir käse süýt içse, ýatanda düýşünde jennetiň hüýrleri bilen oýnaşar».

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Nahary haýwanyň nämedir bir zady ysgaýşy ýaly ysgamaň?» diýýär.

* * *

Biri bir adamyň et iýip oturandygyny görüp: «Et eti iýýär» diýip bilseň geň galar.

* * *

Bir garry adamdan:

— Sen iýýän naharyňy nädip süýjedip iýip bilýärsiň? — diýip soranlarynda, ol:

— Gara zähmetim bilen zähmet çekip ýadanymdan soň, gaty-guty çörek hem bal bolýar — diýip jogap berýär.

* * *

Ahnaf: «Meniň bar ýerimde nahar we aýallar hakynda gürrüň etmäň! Meniň mejlisde garyn we jyns agzasy hakynda gürläsim gelenok» diýýär.

* * *

Kimdir biri işdäsi alýan naharyndan iýmän saklanyp bilse, onda ol sabyrly adamdyr.

* * *

Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!) ogluna: «Eý, oglum! Iýip-içmän öýden çykmagyn! Aç bolmak adamyň ejiz ýerleriniň biridir» diýýär.

* * *

Lukman Hekim ogluna: «Eý, oglum! Agyz bekläp nahar iýseň, uzak gün ýadap ýatsaň, naharyňam lezzetli, ukyňam süýji bolýandyr» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Kim-de kim çagyrylmadyk ýere myhmançylyga barsa, onda ol ogurlyk bilen tutulan ýalydyr. Kim-de kim çagyrylan ýere myhmançylyga barmasa, onda ol Allanyň we onuň Resulynyň duşmanydyr» diýýär.

* * *

Ýene-de: «Agşamlyk iýip ýatyp, eýläme-beýläme müň gezek aýlandym» diýmeklik ol adamyň nahardan çaksyz köp iýendigini aňladýar.

* * *

Kimdir birinden: «Näme nahar iýdiň?» diýip soranlarynda, ol: «Kiçijik et bölejiklerini» diýse, onuň nahardan doýmandygyny aňladýar.

* * *

Eger kimdir birine: «Sen Ýunus pygamberi ýuwdan balyk ýaly ýa-da Musa pygamberiň taýagynyň ýylana öwrülişi ýaly» diýilse, ol adamyň tiz, gyssanyp we çeýnemän iýýändigini aňladýar.

* * *

Eger-de täze soýlan malyň etini balyň içine salyp goýsaň, et şol terligini saklar.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Eger agşam naharyny iýmekçi bolsaňyz, ilki agşam namazyny okaň, soňra saçak başyna geçiň» diýýär.

* * *

Japar ibn Muhammet: «Öý eýesi myhmana näçe hezzet-hormat etse, ol myhmanyň gözüne şonça-da eziz görüner» diýýär.

* * *

Bir gezek Enes ibn Mälik bilen Säbit Bennany saçagyň başynda otyrkalar öňlerine nahar alnanda, Säbit nahar iýmekden boýun towlaýar. Onda Enes Säbide: «Myhmanyň öňüne nahar diňe iýip-içmek üçin däl-de, öý eýesiniň myhmany hormatlamagy üçin goýulýandyr. Öý eýesiniň hormatyndan ýüz öwürme!» diýýär.

* * *

Günleriň birinde Harun Reşit Abu Mugawyýa Deriri myhmançylyga çagyrýar we el ýuwdurylanda, onuň eline Harun suw akydýar.

Soňra ol Abu Mugawyýadan:

— Seniň eliňe kimiň suw akydýandygyny bilýäňmi? — diýip soraýar.

Onda Abu Mugawyýa:

— Ýok — diýip jogap berýär.

Harun Reşit:

— Men, möminleriň emiri Harun Reşit — diýýär.

Abu Mugawyýa:

— Ylym eýesini we myhmany sylany Allatagala sylar we ony hem-de onuň neslini öz penasynda aman saklar — diýýär.

* * *

Bir gezek Şapygy Enesiň öýüne myhmançylyga barýar. Nahardan öň el ýuwdurylanda Enesiň özi Şapygynyň eline suw akydýar we: «Meniň özümiň el ýuwdurýanymy geň görme. Myhmana hyzmat etmek öý eýesine parzdyr» diýýär.

* * *

Saçak başynda el ýuwdurylanda eline suw alýanyň oturyp, suw akydýanyň dikelip hyzmat etmegi gowy görülýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Kimdir biri musulman doganlaryny bir saçagyň başyna jemläp, olara nahar berse, onda ol adamyň bu eden işi guly azat edeniňdenem gowudyr» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Kim-de kim musulman doganyny tä doýýança iýdirip-içirse, Allatagala ol adamy ýedi garym (hendek) dowzahdan daşlaşdyrar. Her garymyň aralygyndaky uzaklyk bäş ýüz ýyllyk ýoldur» diýýär.

* * *

Musulman doganyň öýüne zyýarat etmekde, onuň hödür eden tagamlaryny iýmekde hiç hili erbetlik ýokdur.

* * *

Muhammet alaýhyssalam Abu Haýsam ibn Teýhanyň we Abu Eýýup Ensarynyň öýüne köp myhmançylyga gelerdi. Muhammet alaýhyssalamyň egindeşleri hem sünnet hökmünde bu iki adamyň öýüne myhmançylyga gelerdiler.

* * *

Awn ibn Abdyllanyň üç ýüz altmyş dosty bardy. Ol her gün bir dostunyňka myhmançylyga gidip, bir ýyllap myhmançylykda gezerdi.

* * *

Hakyky dostuň ýa-da ýakyn adamyň ýok wagty öýüne gidip, nahar iýmekde hiç hili erbetlik ýokdur. Bir gezek Muhammet alaýhyssalam Beriräniň[1] öýüne ýok wagty baryp, onuň öýünden nahar iýip gaýdýar.

---

[1] Berire – Äşäniň gyrnagy.

* * *

Muhammet ibn Wasyg we onuň dostlary Hasan Basrynyň öýüne barýarlar welin, Hasan öýünde ýokdy. Olar Hasanyň saçagynda näme bolsa şondan iýip-içip turup gidýärler.

* * *

Enes Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Kim-de kim musulman doganyna bir bölejik et bilen naharlan bolsa Allatagala ol adamy kyýamat gününiň azabyndan halas eder» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Iň erbet mejlis baý adamlar çagyrylyp, garyp adamlar çagyrylmadyk mejlisdir» diýýär.

* * *

Bu dünýäniň başlangyjyndan biziň günlerimize deňiç Ybraýym Halyl iň myhmanparaz adam hasaplanýar.

* * *

Bir dana: «Ýumşak çöregiň, sowuk suwuň we turşy sirkäň bolsa, onda başga zat gerek däldir» diýýär.

* * *

Beni ysraýyla inen saçakda sogandan başga gök otlaryň ählisi, duz, sirke, balyk, ýedi çörek, ýedi zeýtun we naryň tohumy bardy.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Kim-de kim Allatagala we kyýamat gününiň boljagyna ynanýan bolsa, myhmana hormat goýsun!» diýýär.

* * *

Myhmanparazlygyň iň ýagşysy myhmana hödür-kerem etmek we wagty onuň bilen ýagşy gürrüňlerde geçirmekdir.

* * *

Nejaşy taýpasynyň adamlary Muhammet alaýhyssalamyň öýüne myhmançylyga gelýärler. Resulallanyň özi olara hyzmat edip başlaýar. Muhammet alaýhyssalamyň egindeşleri oňa:

— Eý, Resulalla! Sen oturyber, myhmanlaryň aladasyny bolsa özümiz ederis — diýýärler.

Onda Resulalla:

— Myhmana hyzmat etmäni siziň hem başarjagyňyzy bilýärin. Emma myhmana hyzmat etmek öý eýesiniň borjudyr — diýýär.

* * *

Dindarlaryň biri: «Men myhmançylyga baranymda jennetiň nazy-nygmatlary barada pikir edenimden soňra, saçakdaky nahara el uzadýaryn» diýýärin.

* * *

Zyýat[1]: «Abdyrahman ibn Abu Leýlanyň öýüne myhmançylyga baranymda, ol ilki saçaga nahar getirerdi we nahardan soň ýagşy gürrüňler ederdi» diýýär.

[1] Ýezit ibn Abu Zyýat Abu Abdylla Haşymy Kuraýşy. Ol 47-nji hijri ýylynda Kufada dogulýar. Ol hadys gürrüň beren alymlaryň biridir. Emma meşhur hadysçylar onuň gürrüň beren hadyslaryny gowşak hasap edýärler. 136-njy hijri ýylynda wepat bolýar.

* * *

Bir dana: «Öýle naharyny terk etmek günädir. Agşam naharyny terk etmek mustahapdyr[1]» diýýär.

* * *

Ibn Apbas Muhammet alaýhyssalamdan. Ol: «Nahar iýip bolan adam elini süpürmesin-de barmaklaryny ýalasyn» diýýär.

* * *

Kagp ibn Mälik: «Muhammet alaýhyssalam nahar iýip bolandan soňra barmaklaryny ýalardy» diýýär.

* * *

Hajjaç günde ýüz saçak taýýarladardy we her saçakda on dürli tagam goýdurardy. Soňra ol saçaklaryň arasynda aýlanyp: «Eý, şamlylar, saçagyňyzda köpräk çörek goýuň. Çörek köp bolan ýerinde bereket köp bolar» diýýär.

* * *

Bir şahyr şeýle diýýär:

Aç adamyň ýüzüne perde tutulan ýaly,
Ol biçäre naharlansa perde aýrylar doly.

* * *

Abdyleziz ibn Merwan halypalaryň içinde myhmanparazlygy bilen şan-şöhrat gazanandyr. Günde onuň gapysynda müň adama saçak ýazylardy.

---

[1] Mustahap – gowy görülýän iş.

* * *

Abu Ubeýda ibn Abdylla[1] kuraýyşlylaryň içinde myhmanparaz adamlaryň biridi. Ol: «Kimdir biri meniň öýüme myhmançylyga gelip, nahar iýmän gitse, bu meniň üçin utançdyr» diýýär.

* * *

Kimdir biri Zuharynyň öýüne gelip, onuň naharyndan iýmän gitse, Zuhary ol adam bilen on günläp gürleşmezdi.

* * *

Bir gezek Medinäniň emiri Abu Ubeýdany utandyrmak maksady bilen ýetmiş sany egindeşini ýanyna alyp, onuň öýüne myhmançylyga barýar. Ol Abu Ubeýda:

— Tizräk gowy nahar bişirseň, seniň öýüňe myhman bolaly, bolmasa-da biz başga ýere gitjek — diýýär.

Abu Ubeýda olary oturdyp, az salymdan ýetmiş sany goýnuň kellesini bişirdip getirýär. Medinäniň emiri her adam üçin bir goýnuň soýulandygyny görüp, özüniň utulandygyny boýun alýar.

* * *

Asma Zatanetakeýin: «Bir gezek men bir aýal bilen Muhammet alaýhyssalamyň öýüne bardym. Biz örän açdyk. Äşe (goý,Alla ondan razy bolsun!) bize bir jam süýt guýup berdi. Ilki bu süýtden Muhammet alaýhyssalam, soňra Äşe, soňra men içdim. Men ýanymdaky aýala süýtli jamy geçirenimde, ol aýal utanjyna:

---

[1] Ubeýdylla ibn Abdylla ibn Zenga ibn Eswet ibn Muttalyp Kuraýşy. Onuň ejesi Zeýnep Abu Selmäniň gyzydyr. Mamasy Ümmi Selme Muhammet pygamberiň aýalydyr.

— Meniň işdäm ýok — diýdi. Onda Muhammet alaýhyssalam:

— Ýalan bilen açlyk bir ýerde jem bolýan däldir — diýdi welin, ol aýal jama elini uzatdy» diýýär.

* * *

Bir gezek Saýyp ibn Mälik[1] Hezreti Alynyň (goý, Alla ondan razy bolsun!) öýüne myhmançylyga barýar. Hezreti Aly onuň öňünde bir käse bal we süýt goýýar. Saýyp bu tagamlardan ýüz dönderýär. Onda Hezreti Aly: «Bu tagamlary iýen günuzyn açlygy duýmaz» diýýär.

* * *

Nafyg ibn Abu Nagym[2]: «Abu Talyp Aly ýaş wagty onuň eline bir käse süýt berip, ony Lata[3] sepmegi emr ederdi. Aly käsedäki süýdi içip, Latyň üstüne peşew ederdi. Uzak wagt geçmän, Aly semräp başlaýar. Abu Talyba Alynyň edýän işini aýdanlarynda, ol gözi bilen görmeýänçä ynanmady. Soňra ol Latyň üstüne süýt sepmegi ogly Akyla ynandy» diýýär.

* * *

Bir gezek adamlar Hasan ibn Alynyňka myhmançylyga baranlarynda, ol nahar iýip otyrdy. Gelen adamlar salam berip

---

[1] Megerem, ol Saýyp ibn Mälik Sakafydyr. Ol Ata ibn Saýybyň kakasy. Özi-de ynamly hadys rowaýat eden alymlaryň biri.

[2] Nafyg ibn Abdyrahman ibn Abu Nagym Medeni. Ol Abu Leýsiň hyzmatkäridir. Gurhan okamagyň ýedi kyragatynyň birini dörediji. Onuň asly yspyhanly. Medinedäki ähli karylaryň ýolbaşçysydy. Ol ölüm pillesiniň ýakynlandygyny duýanda ogullaryny ýanyna çagyryp: «Eger musulman bolsaňyz, bu dünýäde-de, ahyretde-de üstünlik gazanmak isleseňiz, onda Allatagala we onuň Resulyna tagat ediň» diýip, wesýet edýär. 169-njy hijri ýylynda Medinede wepat bolýar.

[3] Lat araplarda hudaýyň gyzy hasaplanýan üç butuň biri. Galan ikisi Manat we Uzzadyr.

saçagyň başyna geçip oturdylar. Hasan olara: «Eger kimdir biriniň öýüne nahar iýip otyrka barsaňyz, hiç zat gürlemezden nahar başyna geçiň we iýip başlaň. Nahar saçaga iýmeklik üçin alynýandyr» diýýär.

* * *

Abdylla ibn Jedgan: «Desterhan rysgaldyr. Myhmana hödür-kerem eden adama Allatagala mal-mülk berer, rysgalyny köpelder» diýýär.

* * *

Sagt ibn As Nowruz güni adamlara saçak ýazyp, nahar berýär. Bu habary eşiden emewiler halypasy Mugawyýa Sagda halat-serpaý goýberýär.

* * *

Agmaş: «Bir gezek Abu Waýyl[1] bizi myhmançylyga çagyrdy we sygryň kellesi bilen dört çörek hödür etdi» diýýär.

* * *

Ibn Apbas: «Öýüň bereketini artdyrmak üçin nahardan öň täret almalydyr» diýýär.

---

[1] Şakyk ibn Selme Esedi Abu Waýyl Kufy. Ol hijretiň 1-nji ýylynda eneden bolýar. Muhammet pygamberiň döwründe ýaşaýar. Emma ony görmeýär. Şam gazawatyna we ýene-de birnäçe gazawatlara gatnaşýar. Zyýat ony hazyna (beýtul mala) ýolbaşçy edip belleýär we az wagtdan ony işden aýyrýar. Ol Kufanyň ylymly we dindar adamlarynyň biri bolupdyr. Ol Abdylla ibn Mesgudyň dostlarynyň we ynamly hadys gürrüň eden alymlaryň biridir. Ol 82-nji hijri ýylynda Omar ibn Abdyleziziň halypalyk eden döwründe wepat bolýar.

* * *

Bir adam Ybraýym Edhemi myhmançylyga çagyrýar we Ybraýym Edhemi öýüne eltip, özi çykyp gidýär. Ybraýym Edhem ol adamyň hyzmatkärinden:

— Ol näme üçin gelenok? — diýip soranda, hyzmatkär:

— Ol ýalta adam — diýýär.

Ybraýym Edhem üç günläp ol adamyň öýünde ýatýar. Emma hiç hili hödür-kerem edilmeýär. Ybraýym Edhemden ol adamyň myhmanparazlygy hakynda soranlarynda, gybat etmezlik üçin ol hakda kelam-agyz erbet söz aýtmaýar.

* * *

Bir gezek Dawut alaýhyssalam dagyň gowagyna girýär. Gowakda içi meýitli tabyt bardy. Tabydynyň içinde hat goýlupdyr. Hatda şeýle ýazgy bardy: «Men pylany, bu dünýede müň ýyllap şalyk sürdüm. Müň şäher bina etdim, müň aýala öýlendim. Müň goşuny derbi-dagyn etdim. Emma döwür üýtgedi. Ýurtda açlyk başlandy. Men bir gapjyk dirhem bilen bazara baryp, çörek satyn almak isledim. Emma çörek tapmadym. Bir gapjyk dinar hödürledim, emma çörek tapylmady. Bazardaky çörekçilere bir gapjyk jöwher hödürledim. Emma çörek tapyp bilmedim. Ömrümiň ahyrynda baýlykdan hiç hili nepiň ýokdugyna düşündim. Kim-de kim baýlyga kowalaşyp, daýhanlary harlasa, meniň ýaly açlygyndan öler».

* * *

Sogap gazanmak üçin myhman almak ýaly gowy zat ýokdur. Onuň rysgalyny Allatagala berse-de, sogaby seniňkidir.

* * *

Apbaslylar halypasy Muhammet Emin elaçyk, sahy bolsa-da, myhmana saçak ýazmaly bolanda, baryp ýatan gysgançdy.

* * *

Bir gezek apbaslylar halypasy Mamun gowrulan et iýip otyrka, onuň ýanyna Ýahýa ibn Eksem myhmançylyga gelýär. Mamun öňündäki nahary Ýahýanyň öňüne süýşürip: «Myhman gelende naharyňdan el çekip, myhmana hödür et. Tagamyň azlygy hiçdir. Allatagalanyň berjek sogaby nahary iýene we myhman üçin nahardan el çekene ýazylýandyr» diýýär.

# KYRK DÖRDÜNJI BAP

## TAMA, HAÝÝŞ, ARZUW, WADA ETMEK, ISLEMEK; BULARYŇ ÝERINE ÝETMEGI WE ÝERINE ÝETMEZLIGI HAKYNDA

Ibn Apbas Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Tamakinçilik edýän ulamalar hiç haçan Sapa we Merwe dagyna aýak basmaz» diýýär.

***

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Tamakinçiligiň uçgunlary köplenç akyl eýelerini hem uruşdyrýandyr» diýýär.

* * *

Eksem: «Adamlaryň ähli göreşleriniň, bäsdeşlikleriniň aňyrsynda bir bähbit ýatandyr» diýýär.

* * *

Bir gezek Muhammet alaýhyssalamdan:

— Baýlyk nämedir? — diýip soranlarynda, ol:

— Baýlyk bir kişiniň başgalaryň elindäkä göz dikip, öz elinde jemlemegidir. Kim-de kim baýlyga kowalaşsa, onda tamakinçiligi özüne ýaran tutunsyn — diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Tama etmekden daşda dur! Tamakinçilik garyplaryň ruhy ýaranydyr» diýýär.

* * *

Ibn Hubeýk Antaky: «Eger azat, başyň dynç ýaşaýyn diýseň, tamakinçilige ýüregiňde orun berme» diýýär.

* * *

Şahyr şeýle diýýär:

Ýaş gyzy görüdüm-de etdim men tama,
Tamamyň guly bolup, batdym men gama.

* * *

Günleriň birinde Kagp Abdylla ibn Salama[1] duşup:

— Eý, Ibn Salam! Haýsy adam ylym eýesidir? — diýip soraýar.

Onda Abdylla:

— Öz ylmyny başgalara öwredýän we amal edýän — diýýär.

Onda Kagp:

— Adam ylym öwrenenden soň, ol ylmy ýok edip biljek näme bardyr? — diýip soraýar.

Abdylla ibn Salam:

---

[1] Abdylla ibn Salam ibn Harys Ysraýyly Abu Ýusup. Ol Ýusup pygamberiň neslinden bolup, Muhammet pygamber Medinä ilkinji gelen güni yslam dinini kabul edýär. Ilki onuň ady Hassyndy, Muhammet pygamber oňa Abdylla adyny berýär. Onuň şanyna Gurhanyň birnäçe aýaty inýär. Ol Abubekr, Omar, Osman we Hezreti Aly bilen gazawatlara gatnaşýar. Ol 43-nji hijri ýylynda Medinede wepat bolýar.

— Tama etmek, nebsiňi öňe düşürmek alymyň ýüreginide, ylmyny-da öldürýändir — diýip jogap berýär.

* * *

Asmagy: «Kanagatly gul azatdyr. Azat adam tama etse, gula öwrülýändir» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Tamakinçilik gandaldyr» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Tamakinçiligiň soňy heläkçilige eltýändir» diýýär.

* * *

Fazyl, Sufýan we Ibn Kerim Ýarbugy mejlisde iň ýagşy häsiýetler hakynda jedel edýärler. Emma olaryň ählisi gahar-gazapda ýumşak häsiýetlilik, tamakinçilikde, sabyr-takatlylyk häsiýetiniň gerekdigi bilen ylalaşýarlar.

* * *

Dara Asgar[1]: «Ähli gören zadyňdan tama etme» diýýär.

---

[1] Dara Asgar ibn Dara Akbar ibn Bähmen ibn Isfendiýar – kyýany şalarynyň ikinji gatlagy. Ol kakasyndan soň hökümdarlyga gelýär we Jezire ýurdunda Nasybynyň golaýynda Dara şäherini bina etdirýär. Ol bir adamy özüne wezir edinýär. Ol adam Darany egindeşleri bilen tersleşdirýär. Soňra Dara goşun serkerdeleriniň kellesini almagy emr edýär. Onuň bu hereketini halk hem, goşun esgerleri hem oňlamaýar. Isgender Zülkarneýn bu ýurda goşun çekip gelende, söweş mahaly Dara öz esgerleri tarapyndan öldürilýär.

* * *

Gadymy kitaplaryň birinde: «Allatagala Adam alaýhyssalamyň topragyna üç häsiýeti — islegi, tamakinligi we içigaralygy goşup ýugurdy. Şonuň üçin hem bu häsiýetler Adam alaýhyssalamyň neslinde kyýamat gününe çenli dowam eder. Akylly adam bu häsiýetlerden daşlaşmagy başarar. Nadan bu häsiýetleri özüne ýaran tutunar» diýilýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Tamakinçilik adamy masgaraçylyk agajynyň kölegesiniň aşagyna elter» diýýär.

* * *

Bir tamakin adam bolup, ol, näme görse tama ederdi. Bir gezek ol adam jynaza çagyrylýan sesi eşidip, «Ol adam maňa hiç zat wesýet etmedimikä?» diýip, jynaza çagyrylýan öýe tarap eňýär. Ol adamdan:

— Senden tamakin adam barmyka? — diýip soranlarynda, ol:

— Menden tamakin diňe it bardyr — diýip jogap berýär.

* * *

Anuşirwan: «Isleg-arzuwyň guluna öwrülme. Ondan soň saňa dynçlyk haramdyr» diýýär.

* * *

Ýaşyň ulalman durmuş nogsanlyklaryň azalmaz. Tamakinçilik bolmasa, baýlyk köpelmez.

* * *

Bir danadan:

— Näme üçin garry adamlar ýaşlardan hem tamakin bolýar? — diýip soranlarynda, ol:

— Garry adam bu dünýäniň, baýlygyň lezzetini ýaşlardan öň dadandyr — diýip jogap berýär.

* * *

Isgender Zülkarneýnden:

— Bu dünýäniň lezzeti nämededir? — diýip soranlarynda, ol:

— Eliňde bar zada kanagat etmek iň uly lezzetdir — diýýär.

Ondan ýene:

— Iň erbet häsiýet nämedir? — diýip soranlarynda, Isgender:

— Tamakinçilik — diýip jogap berýär.

* * *

Ibn Abu Uýaýna:

Sabyrlylyk şerbetin içen baýdyr şübhesiz,
Tamakinlik şerbetin dadan garypdyr hergiz.

* * *

Ibn Uýaýna: «Eger adamlara iki iň ýagşy zatdan, ýagny baýlyk ýa-da akyldan birini saýla diýseň, olar: «Eliňde sowara puluň, iýere çöregiň bolmasa akyldan ne peýda» diýip baýlygy saýlardylar» diýýär.

* * *

Enes Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Adam garraýar, lagar düşýär. Emma ondaky arzuw-isleg, tamakinçilik şol bir ýaşlygyny saklaýar» diýýär.

* * *

Başga bir hadysda: «Adam garraýar saçy-sakgaly agaryp, bedeninden kuwwat gidýär. Emma onda bar bolan baýlygy söýmek we tamakinlik häsiýetleri juwanlygynda galýar» diýýär.

* * *

Lukman Hekim: «Eý, oglum! Iki kalply adam bol. Bir ýüregiň bilen Alladan gork we bu gorkyny başga zat bilen garyşdyrma». Ikinji kalbyň bilen Alladan islän zadyňy dile, emma tamakinçiligi oňa garyşdyrma» diýýär.

* * *

Arzuw-isleg ajal ýakaňdan tutýança ýaşaýandyr.

* * *

Adam dirikä özüniň tamakinligine hyzmat edýändir.

* * *

Tamakinligi boýnuna mündüren adam ajaly ýetip gelende masgara bolar. Bir adamdan: «Halyň niçik?» diýip soranlarynda, ol: «Tamakinçilige hyzmat edip, ajalyma garaşýan» diýer.

* * *

Köpräk arzuw ediň! Arzuwyň gutarýan ýerinde ajal garaşýandyr.

* * *

Allatagala adamy ýaradanda onuň bilen arzuw-hyýalyny we onuň ajalyny ýaratdy. Ol arzuwy adamyň öňünde goýdy.

Ajaly bolsa tamakinlik, baýlyga bolan höwes we nebisjeňlik ýaly häsiýetlerden soň goýdy. Bu häsiýetler adamy ajalynyň holtumyna eltýändir.

* * *

Diňe Allatagalanyň rehmetinden tama etmek aýyp däldir.

* * *

Ibn Semmäk: «Alladan gorkaňda edil oňa tagat etmeýän ýaly gork. Ondan dileg edeniňde edil günä iş etmedik ýaly dileg et» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Isleg-arzuwyň tanapynyň gutarýan ýerinde ajal garaşýandyr» diýýär.

* * *

Apbaslylar halypasy Mätiniň weziri Abu Ubeýdylla: «Umyt etmek azatlyk bolsa, tamakinlik-gulçulykdyr» diýýär.

* * *

Wada etmek amanatdyr.

* * *

Bir çarwa: «Söz berip, sözüňde tapylmak — ýagşyzadalaryň sypatydyr» diýýär.

* * *

Käbir kätipler hat ýazanlarynda: «Agaçlaryň bahardaky gülleri miwesini berse, bu — tebigatyň iň gözel zatlarynyň biridir» diýip ýazýardylar. Bu: «Söz berseň, iş ýüzünde-de görünsedi» diýildigidi.

* * *

Bir adam başga birine söz berip sözünde tapylmaýar. Ol adam sözünde tapylmadyga: «Sen sözüňde tapylmadyň?» diýende, ol adam: «Wah, diýen zadym tapylan bolsa, men hem sözümde tapylardym» diýýär.

* * *

Eger wada etmek adamyň ýüzi bolsa, wadaňda tapylmak — onuň görküdir.

* * *

Eger söz bermek bulut bolsa, sözüňde tapylmak ýagyşdyr.

* * *

Hezreti Aly ogly Hasana (goý, Alla olardan razy bolsun!): «Eý, oglum! Eger bu dünýäde sogap iş etseň, Allanyň ýanyna baranyňda olaryň kabul bolmazlygyndan gork! Eger bu dünýäde günä iş etseň, onda Allanyň magfyretini dile!» diýýär.

* * *

Muhammet Abdylla Atyby Harun Reşide şeýle diýýär:

Adam göwni tamakin, ejizlik oňa sebäp,
Umytdyr tamakinlik kalba hiç gelmez kybap.

* * *

Abdylla ibn Amyra: «Adamlaryň göwnüni tapyjy» diýýärler.




*Gurhanyň birinji süresi «Fatyha».*

# KYRK BÄŞINJI BAP

## ALLATAGALA, ONUŇ RESULYNA, HÖKÜMDARLARYNA TAGAT ETMEK WE BOÝUN BOLMAK HAKYNDA

Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Kim meniň diýenime tagat etse, Allanyň diýenine tagat etdigidir. Kim meniň garşyma gitse, Allanyň garşysyna gitdigidir» diýýär.

* * *

Abu Atahyýa:

Allatagala tüýs ýürekden tagat et,
Hökümdara boýun bolmak ädehet.

* * *

Ümmi Hassyn[1]: «Muhammet alaýhyssalam hoşlaşyk hajynda: «Eý, musulmanlar! Eger kimdir biri size Allanyň kitabyna boýun bolmagy, tagat etmegi emr etse, ol adam gara gul hem bolsa, oňa boýun boluň» diýip wesýet etdi» diýýär.

---

[1] Ümmi Hassyn bint Yshak Ahmasyýa. Onuň gürrüň beren hadyslary Müslimiň hadyslar ýygyndysynda bardyr. Ondan birnäçe hadysçy alymlar hadys gürrüň berýärler.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Allatagala, onuň Resulyna we hökümdarlara tagat etmek Allanyň musulmanlara beren nygmatydyr. Hökümdaryna boýun bolan halk jemagatdyr. Jemagat bolsa ýeňilmezekdir» diýýär.

* * *

Emewiler halypasy Omar ibn Abdyleziz halypalyga gelende ýaş wagtyndaky terbiýeçisini ýanyna çagyryp:

— Men seniň eliňde terbiýe alanymda saňa nähili boýun boldum? — diýip soraýar.

Onda onuň terbiýeçisi:

— Sen maňa sadyk guluň eýesine boýun bolşy ýaly boýun bolduň — diýýär.

Omar ibn Abdyleziz:

— Indi sen hem raýat hökmünde maňa şeýle boýun bol — diýýär.

* * *

Hajjaç bir gezek juma namazynda hutba aýdýar. Ol: «Eý, halaýyk, Allatagala tagat ediň. Onuň haram eden işlerinden daşda duruň. Haram işleri etmezlik üçin sabyr edeniň dowzah oduna ýanmagyňdan ýagşydyr» diýýär.

* * *

Ybraýym Edhem: «Meniň üçin Allatagala tagat edip dowzaha girenim, Allatagalanyň garşysyna çykyp jennete girenimden gowudyr» diýýär.

* * *

Fazyl: «Kimdir biri Allanyň garşysyna gidýän mahluga boýun bolsa, onda ol ikisiniň barjak menzili birdir. Men bu işi

edenimden Käbeden başga tarapa bakyp, namaz okanym has gowudyr» diýýär.

* * *

Pars şasy Eýrewiz (Ebrewiz): «Özüňden ýokardaka we hemmäniň boýun bolýan adamyna boýun bolmak aýyp däldir» diýýär.

* * *

Aristotel Isgendere hat ýollaýar. Ol hatynda: «Eger sen ýakyn egindeşleriňi gorkuzyp, özüňe boýun etseň, onda olaryň tagatynyň näçe wagtlykdygy hiç kime aýan däldir. Olar islendik wagt seniň garşyňa baş göterip bilerler. Eger sen olara özüňi gowy görkezip, olaryň söýgüsini gazanyp, özüňe boýun etseň, onda olaryň bu tagatynyň ömürlikdigine hiç kim şübhelenip bilmez» diýip ýazýar.

* * *

Apbaslylar halypasy Mansur: «Hasan ibn Fathama Abu Hanypany ilkinji gören gününden onuň ýanyndan aýrylmady. Ol Abu Hanypadan ylym öwrenmek we nesihatlaryny diňlemek üçin ondan ýeke ädim hem galmady» diýerdi.

* * *

Zeýt ibn Aly: «Kimdir biri seni nämedir bir iş etmäge çagyrsa we senden başga bu işi etmäge hiç kim barmasa, diýmek sen ol adamyň tagatyndasyň» diýýär.

* * *

Allatagala tagat eden halk ölenden soň direler. Emma Allatagalanyň garşysyna gidýän halk dirikä ölüdir.

* * *

Abu Buhtury[1]: «Adama boýun bolanyňdan Allatagala tagat edeniň ýagşydyr» diýýär.

* * *

Bir gezek emewiler halypasy Abdylmälik Hajjaçdan:

— Seniň tagat edişiň nähili? — diýip soranda, ol:

— Edil eşegiň tagat edişi ýaly. Eşege agyr ýük ýükleseň-de, uzakly gün işletseň—de çydaýandyr — diýip jogap berýär.

* * *

Bir şahyr şeýle diýýär:

Eger-de ol maňa ölmegi emr etse,
Geçerin jandan, janym dowzaha gitse.

* * *

Başga bir şahyr şeýle diýýär:

Burç ajydyr, ajadýandyr agzy ol,
Ondan ajy bendäň bendä bolsa gul.

* * *

Başga bir şahyr şeýle diýýär:

Adam kyn ýagdaýa düşäýse, eger,
Şol bada maýmyna ol sejde eder.

---

[1] Abu Buhtury Sagt ibn Piruz Taýy. Ol Kufanyň iň alym we dindar adamlarynyň biridir. Ol 82-nji hijri ýylynda Hajjajyň adamlary tarapyndan naýza sanjylyp öldürilýär.

# KYRK ALTYNJY BAP

## GÜMAN ETMEK WE PARASATLYLYK, ÇEKINMEK WE TÖHMET ETMEK, PIKIR ETMEK WE SYRLY GÜRLEMEK HAKYNDA

Ibn Apbas Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Musulman üçin musulman doganynyň gany, maly we ol barada erbet güman etmegi haramdyr» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Kimdir biri sen hakynda ýagşy zat güman etse, onda onuň gümany hakdyr» diýýär.

* * *

Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Adam diňe aklyndan däl, eýsem güman edýän pikirinden hem peýdalananda üstünlik gazanar» diýýär.

* * *

Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Allatagala tüýs ýüreginden ybadat edýän adamyň pikiri hem päkdir» diýýär.

* * *

Emewiler halypasy Abdylmälik Medineli Jäwiýa Zakkagyň gyrnagyny alýar. Ol bu gyrnagy öň görüp, akly haýran bolupdy. Gyrnagy Abdylmäligiň ýanyna getirenlerinde Abdylmälik oňa:

— Bir zat okap ber — diýip soraýar.

Gyrnak:

— Meniň doganymyň togsan dokuz goýny bolup, meniň bir goýnum bardy[1] — diýip, Gurhandan aýat okaýar.

Abdylmälik gyrnagyň okan bu süresinden:

— Seniň togsan dokuz gyrnagyň bolup, Zakkagyň bir gyrnagyna göz gyzdyrdyň — diýen manyny okaýar we gyrnagy eýesine eltip bermegi emr edýär.

* * *

Bir alymdan:

— Iň erbet adam nähili bolýandyr? — diýip soranlarynda, ol:

— Kimdir biri hakynda erbet pikir edip we soňundan özüniň bu pikirini dogry hasap edýän adam iň erbet adamlaryň biridir — diýýär.

* * *

Bir waswasy adam şeýle diýýär:

Adamlar hakynda men etsem ýagşy pikiri,
Meniň halym boldy teň aýtman hamdy-şüküri.

[1] Gurhanyň «Sad» süresiniň 32-nji aýaty.

Erbet pikir etmeklik meň süňňüme ornaşdy,
Keselime şypa boldy, rahatlyk aralaşdy.

* * *

Muhammet ibn Sawwak Japar ibn Burkana hat ýollaýar. Ol hatynda: «Meni we seni erbet işlerden daşlaşdyran, dogry ýola gönükdiren, beýnimize päk pikir guýýan Allatagala öwgüler bolsun!» diýip ýazýar.

* * *

Şahyr şeýle diýýär:

Ýagşy pikirlilik meniň saýlan päk ýolum,
Maňa öwretdi muny halkym, ýaşan zamanym.

* * *

Bir sopudan:

— Seniň başarýan zadyň näme? — diýip soranlarynda, ol:

— Men Allatagala hakynda päk we adamlar babatynda erbet pikir etmegi başarýaryn — diýýär.

* * *

Bir adam çarwa:

— Men gije-gündiz dyngysyz ybadat edýärin — diýýär.

Çarwa oňa:

— Alladan ant içýärin, sen iň bir erbet adamlaryň biri — diýýär.

Ol adam:

— Näme üçin? — diýip, geň galýar.

Onda çarwa:

— Sen Allatagalanyň rehimliligine şübhelenýärsiň. Ol seniň günäňi geçmez diýip erbet güman edýärsiň we şonuň üçin gije-gündiz dyngysyz namaz okaýarsyň — diýýär.

* * *

Ibn Zubeýr (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Kim-de kim gözüniň görenine we päk pikirine ynanyp ýaşasa, başy dynç bolar» diýýär.

* * *

Adamlar Ýakup alaýhyssalama:

— Müsürde bir adam bar. Ol açlary doýurýar, ýalaňaja don geýdirýär we ýetimlere ýardam berýär — diýenlerinde, ol:

— Wah, şol adam meniň maşgalamdan bolsa bolmaýarmy? — diýip mynajat edýär.

Ol adam Ýakup alaýhyssalamyň ogly Ýusup alaýhyssalamdy.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Her bir ymmatda ýagşy pikirli we dogry sözli adamlar bardyr. Meniň ymmatymda şeýle adamlar bar bolsa, Omar ibn Hattap şolaryň biridir» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Güman imandan aýyrýandyr» diýýär.

* * *

Ýene-de Muhammet alaýhysslam: «Güman etmek şer işe elter. Şer iş bolsa — dowzaha» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Allatagala: «Bendäm men hakynda näme pikir etse edip biler. Men bolsa bendäm meni nähili ýatlasa-da, men onuň bilendirin» diýýär» diýip gürrüň berýär.

* * *

Şahyr şeýle diýýär:

Ýaradan Beýik Alla hakda ýagşy pikir et,
Pikiriňde Alla bardyr, ol edýändir magfyret .

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Gümandan daşda duruň. Güman ýalan pikirdir. Ol adamy masgaralaýandyr» diýýär.

* * *

Hasan Basry: «Şek etmek adamyň iň erbet keseliniň biridir» diýýär.

* * *

Beni süleýmde Hasan ibn Saha[1] diýen adam bardy. Onuň ýaly çak edip bilýän ýer ýüzünde ýokdy. Ol uzakda barýan gämini görüp, onuň näme alyp barýandygyny çak ederdi we hiç haçan onuň çaky ýalňyş çykmazdy. Ol bazara baranda nämedir bir zada bakyp, onuň agramynyň näçe boljagyny göz çaky bilen aýdyp bilerdi.

---

[1] Beni süleýmde Hasan ibn Saha diýen adamyň terjimehalyna duş gelmedik. Beni süleým Selim ibn Mansur ibn Ekremäniň neslidir.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Kim-de kim özüniň güman edýän erbet pikirine tagat etse, onda ol şeýtanyň elindäki oýnawaja öwrüler» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Her bir güman edýän zadyňy diliňe getirmek adamyň ýüzüni gyzardar» diýýär.

* * *

Eger kimdir biri ir bilen öýünden çykyp öz ýanyndan: «Haýyr iş we ebedilik diňe Allanyň ýanyndadyr» diýýän bolsa, onda ol adamyň ýakynynda ýaşaýan biri oturylyşyk edip ony çagyrmandygyna şaýatlyk edýär. Eger-de birnäçe adamyň kazynyň ýanyndan çykyp: «Diňe bilýän zadymyza şaýatlyk etdik» diýseler, onda olaryň bu sözleri olaryň şaýatlygynyň kabul edilmedigine şaýatlyk edýär. Kimdir biri öýlenýän ýigide: «Akyllylyk ähli zatdan haýyrlydyr» diýse, onda öýlenýän ýigidiň aljak gyzynyň erbet gylyklydygyna şaýatlyk edýär. Eger kimdir biri ýolda gidip barýarka, eýlesine beýlesine garanjaklasa, onda ol adamyň bu hereketi onuň kimdir biri bilen gürleşesiniň gelýändigine şaýatlyk edýär. Eger garyp adamyň gaharlanyp gelýändigini görseň, onda bilgin, ol adam baýamak isleýär. Eger kimdir biri ýokary wezipeli adamyň öýünden çykyp: «Allatagala hemmelerden güýçlüdir» diýse, onda bu öýde ol adamyň sözüniň diňlenmeýändigine şaýatlyk edýär.

* * *

Hasan Basry: «Allatagala tagat ediň we ýagşy pikirde boluň. Ähli ýagşy işleriň enesi hem atasy hem ýagşy pikirdir» diýýär.

* * *

Kim Allany tanasa ony söýer, kime bu dünýäniň syrlary aýan bolsa ybadata berler.

* * *

Mömin gapyl galmasa ýalňyş iş etmez. Eger ol bu dünýäde bolup geçýän işler barada pikir etse gamlanar.

* * *

Adamyň gözleri onuň kalbynyň salgysydyr.

* * *

Bir gezek Nazar ibn Adnanyň ogullary şähere gidýärler. Olar ýolda gidip barýarkalar, Mudyrr ibn Nazar[1]:

— Şu ýoldan bir gözi kör düýe otlap gidipdir» diýýär.

Onda Rabyga ibn Nazar[2]:

— Ol düýäniň bir aýagy hem agsak eken — diýýär.

Iýýad ibn Nazar[3] bolsa:

---

[1] Mudyrr ibn Nazar ibn Mugyt ibn Adnan. Ol Hyjazdan bolup, onuň ejesi gara gyrnakdyr. Ilkinji bolup düýäni söz bilen çagyrmany adata girizen adamdyr. Onuň ýakymly sesi bolupdyr.

[2] Rabyga ibn Nazar ibn Mugyt ibn Adnan Mudyrryň enebaşga doganydyr. Onuň nesli Ýemama, Bahreýin we Yrak töwereklerinde ýaşaýandyr. Jahylyýet döwründe Käbä zyýarat edilende dogadyr dilegleri döreden Rabygadyr.

[3] Iýýad ibn Nazar ibn Mugyt ibn Adnan. Ol Mudyrryň kiçi doganydyr. Olaryň kakasam, ejesem birdir. Onuň nesli Pars, Şam we Antakyýa ýaýraýar.

— Özem, düýäniň guýrugy hem ýok — diýýär. Enmar ibn Nazar[1] bolsa: «Bu düýe eýesinden gaçyp barýan düýe — diýýär.

Bular ýollaryny dowam etdirýärler. Ýolda olara düýäniň eýesi duşup, düýesi hakynda soraýar. Olar oňa düýäniň sypatlaryny aýdýarlar.

Düýäniň eýesi olardan bu düýäni nirede görendiklerini soraýar. Onda olar: «Biz bu düýäni görmedik» diýýärler. Ýaňky adam olaryň düýäni doly sypatlandyryp, soňundan görmedik diýmeklerini geň görýär we olar bilen dawalaşyp, şähere Afgy Jerheminiň[2] öýüne gidýärler.

Afgy olary diňläp, düýäni nädip beýle sypatlandyryp bilendiklerini soraýar.

Onda Mudyrr:

— Ol düýe otlanda ýoluň diňe bir tarapyndan gidipdir. Şonuň üçin hem men onuň bir gözüniň kördügini bildim — diýýär.

Rabyga:

— Düýäniň basan yzyna seretdim welin, bir yzy çalarak bildirýär. Şondan hem men onuň bir aýagynyň agsakdygyny bildim — diýýär.

Iýýad:

— Ol düýäniň tezegi tokgalygyna ýatyrdy. Eger onuň guýrugy bolan bolsa, onuň tezegi beýle tokga bolmazdy — diýýär.

Enmar bolsa:

---

[1] Enmar ibn Nazar ibn Mugyt ibn Adnan Rabyga bilen kakasam, ejesem birdir. Onuň nesli Ýemen, Hyjaz we hatda Andalusa ýaýraýar.

[2] Afgy Jerhemi jahylyýet döwrüniň danasydyr. Ýemeniň we Hyjazyň araplarynyň arasynda dawa-jenjel tursa, oňa gelip çözdürerdiler.

— Düýäniň aýaklarynyň arasy açyk we ýanynda adamyň aýagynyň yzy bolman soň, onuň eýesinden gaçandygyny bildim — diýýär.

Onda Afga Jehmi düýäniň eýesine:

— Düýäni başga ýerden gözle — diýýär.

Soňra Afgy olary nahara çagyrýar we saçaga dürli-dümen tagamlary getirip, özi otagdan çykyp, olaryň gürrüňlerini diňleýär.

Mudyrr:

— Ömrümde beýle çakyr içip görmändim. Bolsa-da, bu çakyr gabrystanlykda biten üzümden ýasalandyr — diýýär.

Rabyga:

— Ömrümde beýle çebiş etini iýmändim. Bolsa-da, bu çebiş it emip ulalypdyr — diýýär.

Iýýad bolsa:

— Bizi myhman alyp, beýle hezzet-hormat eden adam ýaly adam görmändim. Bolsa-da, ol kakasynyň ogly däldir — diýýär.

Enmar bolsa:

— Ýagşy gürrüňler etdik welin, bolsa-da, öý eýesi biziň gürrüňlerimizi diňleýär — diýýär.

Öý eýesi öz ýanyndan: «Megerem, bu dünýede şeýtan bar bolsa, bular şeýtandyr» diýýär. Sebäbi olaryň ähli aýdan zatlary dogrudy.

* * *

Ýagşy niýet — edilmeli işiň ýarysydyr.

## KYRK ÝEDINJI BAP

### ZULUM ETMEK, EZÝET BERMEK WE DOŇÝÜREKLILIK HAKYNDA

Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Kim-de kim zulum edilen musulman doganyna kömek etse, Allatagala ol adama rehim eder» diýýär.

* * *

Jabyr ibn Atyk[1] Muhammet pygamberden şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Kim-de kim musulman adamyň özüne, malyna zulum etse, Allatagala ol adama jennete girmekligi haram eter» diýýär.

* * *

Huzeýfe Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Maňa wahy gelende: «Eý, Resul! Eý, Gözegçi! Kowumyňa gözegçilik et. Musulman doganyna zulum eden, ezýet beren meniň öýüme girmez. Zulum edene zulumy gaýdyp barar. Zulum etmekden saklanyp, haýyr iş

---

[1] Jabyr ibn Atyk ibn Nugman ibn Atyk Ensary Eşheli. Ol Muhammet pygamberiň egindeşlerindendir. Onuň ogly Abu Sufýan kakasyndan eşidip, köp hadys gürrüň berýär.

edenler jennetde pygamberleriň, şyhlaryň we ýagşyzadalaryň goňşusy bolar» diýýär.

* * *

Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Jähennemdäki azap berilýän bendeler zalymyň ýagdaýyna nebsi agyrar. Sebäbi ol aýratyn soraga sezewar ediler» diýýär.

* * *

Bir gezek bir adam Hajjajyň kimdir birine jeza berýändigini görüp: «Eý, Allam! Näme üçin zalym zulum edende jeza bermeýärsiň?» diýip mynajat edýär. Ol gije düýş görýär. Düýşünde jennete düşýär. Hajjajyň azap beren adamy jennetiň iň sapaly ýerinde otyrdy. Şol wagt ses eşidilýär. Ol ses: «Zulum edene o dünýede kömek etmesem, bu ýerde jaýy jennetdir. Zalyma o dünýede jeza bermesem, bu ýerde jaýy dowzahdyr» diýýär.

* * *

Bir gezek Muhammet alaýhyssalam iki sany adamyň dawalaşyp durandygyny görýär. Olaryň dawasy urşa ýazýar. Urulýan adam zol-zol:

— Eý, Allam, ýardam ber — diýip gaýtalaýardy.

Muny eşiden Muhammet alaýhyssalam urulýana:

— Sen ilki özüň garşylyk görkezip, goranmaga çalyş. Eger başarmasaň, onda Alladan kömek sora — diýýär.

* * *

Emewiler halypasy Omar ibn Abdyleziz bir gün oýlanyp oturyp: «Welit ibn Abdylmälik Şamda, Hajjaç Yrakda, Kurratu ibn Şerik Müsürde, Osman ibn Haýýan Hyjazda, Muhammet

ibn Ýusup Ýemende hökümdar boldular. Eý, Allam dünýäň ýüzi zalymdan dolan eken» diýýär.

* * *

Anuşirwan[1]: «Zalym şanyň hüküm süren ýerinde hiç hili ösüş we medeniýet bolmaz» diýýär.

* * *

Emewiler halypasy Omar ibn Abdyleziz özüniň dürli ýerlerdäki häkimlerine hat ýollaýar. Ol hatda: «Kimdir birine zulum etmek isleseň, ilki bilen bu dünýäde ebedilik ýaşaýanyň ýokdugyny, soňra bolsa, o dünýede Allatagalanyň berjek jezasy hakynda pikir et» diýip ýazylgydy.

* * *

Aly ibn Hüseýin: «Eý, Allam! Meni adamlara zulum etmekden we özüme zulum edilmeginden aman sakla» diýip dileg edýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Zalym Allanyň gazabyndan gaçyp gutulyp bilmez. Eger ol bu dünýäde zalymlygy üçin jeza çekmese, onda o dünýäde oňa dowzahyň sakar ody garaşýandyr» diýýär.

* * *

Zalym adamyň öýünden döwletlilik, bereket göteriler.

---

[1] Anuşirwan Sasanlylar döwletiniň 21-nji şasydyr. Ol 531-nji milady ýylynda eneden dogulýar. Onuň lakamy Hysrow birinjidir. Wizantiýa garşy söweşip, Antakyýany basyp alýar. 579-njy milady ýylynda wepat bolýar. Anuşirwan sözi pehlewi dilinden pars diline geçendir. Onuň manysy «Ruhubelent» diýmekdir.

* * *

Bir gezek Anuşirwana Ahwazyň häkiminiň salgydyň möçberini köpeldendigini eşidip, artyk alnan salgydy yzyna gaýdyp bermegi emr edýär we «Kim-de kim halkdan artykmaç salgyt alsa, halka zulum etdigidir. Artykmaç salgyt alyp baýan adam jaýynyň üstüni jaýyň götermejek zady bilen basyran ýalydyr» diýýär.

* * *

Zulum bar ýerinde parasatlyk bolmaz.

* * *

Ar almaklyk zulum işlere we zalymlyga elter.

* * *

Zulum etmekden saklananyňa we haýyr işi ýerine ýetireniňe hiç haçan ökünme.

* * *

Piruz[1]: «Allatagalanyň ýazgytlar tagtasynda «Lä ilähä illalla, Muhammet resulalla» diýen ýazgynyň aşagynda şeýle ýazgy bardy diýýär:

Ynsan adyllygy abraý atyna atar,
Haýyr-yhsan işler behişt-jennete ýetir.

* * *

Nejaşy[1]: «Soltan kapyr hem bolsa, zalym bolmaly däldir» diýýär.

---

[1] Sasanlylar döwletiniň 17-nji şasy Piruz ibn Ýezdigert. Ol pars şalarynyň dördünji gatlagyndandyr. Onuň lakamy Merdanadyr. Ýigrimi alty ýyllap şalyk sürýär.

* * *

Piruz ibn Ýezdigert: «Kim zulum etmek üçin gylyç syrsa, şol gylyçdan onuň özi wepat bolar. Kim gara niýet bilen pitne oduny ýaksa, şol oda-da özi ýanar» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Iň şer iş zulumdyr» diýýär.

* * *

Mugawyýa: «Men Allatagalany özüne ýaran tutunan adama zulum etmekden gorkýaryn» diýýär.

* * *

Abu Müslim Arafat dagynda durup dileg edende:

— Eý, Allam! Men senden meniň geçilmez diýip güman edýän günälerimi geçmegiňi soraýaryn — diýýär.

Onuň ýanyndakylar:

— Allanyň geçirimliligine şeklenýärsiňmi? — diýip soranlarynda, ol:

— Men geçilmejek günä diýip apbaslylar döwletini gurmak üçin bolan söweşlerdäki nähak dökülen gany göz öňünde tutýan — diýip jogap berýär.

* * *

Apbaslylar halypasy Muntasyryň kakasy öldürilende adamlar bu hem Şiruweýhiň[2] kakasy öldürilende az ýaşaýşy

---

[1] Hebeşi şalarynyň lakamy Nejaşydyr. Megerem ol ilkinji musulman muhajyrlaryny kabul eden Hebeşi şasydyr. Muhammet pygamberiň döwründe wepat bolýar. Onuň jynazasyny Resulallanyň özi okaýar.

[2] Şiruweýh ibn Abrewiz ibn Hurmuz ibn Anuşirwan. Sasanlylar döwletiniň 24-nji şasy. Onuň ady Kubat bolup, Şiruweýh onuň lakamydyr. Şiruweýh diýmek, «Ýolbars ýaly batyr» diýmekdir. Onuň ejesi Rum şasynyň gyzydyr. Ol kakasy we

ýaly alty aýdan köp ýaşamaz diýip güman edýärler. Olaryň çaky dogry bolup çykýar.

* * *

Bir gezek Musaýýyp ibn Şerik Kagba:

— Eşek aňňyranda zalymlyk gaçýar — diýýär.

Onda Kagp:

— Eger eşegiň aňňyrmasy bilen zalymlyk gaçýan bolsa, men eşegimi urup-urup öldürerdim — diýýär.

* * *

Bir gezek Abu Müslime:

— Sen jennete düşmek üçin uly iş etdiň — diýenlerinde, ol:

— Jennete girerin diýen gümanymdan dowzaha düşerin diýen howpum agdyklyk edýär. Men emewileriň bir közüni öçürip, apbaslylara uly ot ýakyp berdim we şol otdan hem güýçlüräk oda ýanarmykam diýip gorkýaryn — diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!) Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Zalymlyk adamyň ýüregini öldürýändir» diýýär.

* * *

Ýene-de Hezreti Aly Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Meniň neslimden bolan zalymyň dat gününe. Ol munapyklar bilen bir hatarda dowzah oduna duçar bolar» diýýär.

---

doganlary öldürilenden soň tagta geçýär. Emma sekiz aýdan soň ol hem öldürilýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Allanyň ýekeligine şeklenen, öz janyna kast eden, bilkastlaýyn adam öldüren özüne zulum edýändir. Allatagala olaryň günäsini hiç haçan geçmez» diýýär.

* * *

Bir gezek Abu Hureýra iki adamyň gürleşip durandygyny eşidýär. Olaryň biri beýlekisine:

— Zalym adam başgalara zyýansyzdyr. Ol diňe özüne zulum edýär — diýýär.

Bu gürrüňi eşiden Abu Hureýra:

— Ýalan aýtma. Zalym beýlekilere-de zyýan ýetirip bilýändir. Hatda, höwürtgedäki guş hem zalymyň zulum etmegi bilen ölýändir — diýýär.

* * *

Abu Zer Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Allatagala: «Men özüme zalymlygy haram etdim we şonuň üçin meniň bendäme-de zulum etmek haramdyr. Zulum etmekden daşda duruň» diýdi» diýýär.

* * *

Ýene-de ol Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Zalymyň yzyna düşüp ýedi ädim ýöremek günädir» diýýär.

* * *

Ýusup ibn Esbat: «Kim-de kim zalym hökümdaryň uzak ýaşamagyny dilese, onda ol adam Allanyň garşysyna gitmegi halaýandyr» diýýär.

* * *

Musa alaýhyssalama wahy gelýär. Ol: «Eý, Musa! Beni ysraýylyň zalym adamlaryna aýt, goý, olar meni ýatlamasynlar, maňa sena aýtmasynlar. Olar meni ýatlanda tä sesini kesýänçäler men olara lagnat aýdýaryn» diýýär.

* * *

Apbaslylar halypasy Mamunyň weziri Muhammet ibn Ýezdat ibn Suweýt: «Ýaşaýyş zulumdan diňe gije azatdyr. Meger zulum hem gije uka batýandyr» diýýär.

* * *

Ibn Mesgut Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Kyýamat güni gopanda bir ses eşidiler. Ol ses: «Zulum eden, zulum edene ýardam beren, zalyma meňzejek bolanlar nirede?» diýip gygyrar we olaryň ählisi demir tabyda salnyp, dowzah oduna oklanar» diýýär.

* * *

Fazyl ibn Salyh ibn Abdylmälik Haşymy öz dogany Ubeýt ibn Salyhyň gyrnagyna aşyk bolýar. Ol bu gyrnaga öýlenmek üçin Ubeýde zäher içirdip öldürýär we gyrnaga öýlenýär. Ol bir gyrnak sebäpli doganyna zulum edýär.

* * *

Abu Derda: «Ýetimi aglatmaň. Ýetimiň gözýaşy oňa zulum edileniniň alamatydyr» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Allatagala Isa alaýhysalama: «Eý, Isa! Beni ysraýyla aýt. Eger olaryň ýüregi päk, tagatly, elleri gowşurylgy gelmeseler we zulum

etmeklerini bes etmeseler, jennete girmezler» diýdi diýip» gürrüň berýär.

* * *

Muhammet ibn Ýusup Yspyhana — doganyna hat ýazýar. Ol hatynda özüne patyşanyň zulum edýändigi hakynda aýdýar. Onda Muhammet ibn Ýusup: «Şalar zulum edende Allanyň özi jeza beräýmese, adam çagasy olara jeza berip bilmez» diýýär.

* * *

Günleriň birinde Hasan ibn Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!) metjitde wagyz edip otyrka, Mugawyýa onuň sözüni bölüp:

— Sen entäk ýaş — diýýär.

Hasan onuň diýenine üns bermän wagzyny dowam etdirýär. Mugawyýa ýene-de onuň sözüni bölüp:

— Sen halypalygy isleýärsiňmi? — diýip soraýar.

Onda Hasan:

— Halypa bolan Muhammediň we onuň egindeşleriniň ýolundan ýöremelidir. Olaryň eden haýyr işlerini gaýtalap, zalymlykdan, sütem bermekden daşda durmalydyr. Kim-de kim Muhammediň aýdyşy ýaly döwleti dolandyrsa, ondan raýatlary razy bolar. Bendesiniň razy bolan adamyndan Allatagala-da razydyr — diýýär.

* * *

Bir gezek apbaslylar halypasy Abu Japar Mansura onuň zyndanynda Nubanyň şasy Muhammet ibn Merwanyň[1] tussaglykdadygyny aýdýarlar. Mansur ony ýanyna getirmegi

[11] Muhammet ibn Merwan Himar ibn Muhammet ibn Hekem. Onuň terjimehaly taryh kitaplarynda ýatlanmandyr. Ol Müsüriň golaýyndaky Nubanyň şasydyr.

emr edýär. Nubanyň şasy ýüpek donly altyn-kümüş dakynan baý şady. Mansur ony görüp:

— Eý, Ibn Merwan, raýatlaryňa dogry ýoly görkezip, adyl, halal ýaşamagy ündäp, özüň Muhammet alaýhyssalamyň erkek adama altyny we ýüpegi haram edenini bilmediňmi? — diýip soraýar.

Onda Muhammet ibn Merwan:

— Ajam şalary şeýle edýär diýip, biz hem olara öýkündik — diýýär.

Mansur:

— Eý, Ibn Merwan, siz sünnetden daşlaşdyňyz, adamlara zulum-sütem etdiňiz. Allatagala-da sizi häzirki güne saldy. Seniň bar ýeriňde bereket göterilýär. Şonuň üçin men hem seni bu ýurtda saklap, nygmatdan kesilesim gelenok. Seniň dört tarapyň açyk, islän tarapyňa gidip bilersiň — diýip, ony azat edip goýberýär.

* * *

Muhajyrlardan bir adam Apbas ibn Abdyl Muttalyby görüp:

— Eý, Apbas! Allatagalanyň Abdylmuttalyp ibn Hyşamy we Gaýtala Kähinäni[1] dowzaha oklandygyny bilýärsiňmi? — diýip soraýar.

Apbas kakasyna dil ýetirenine çydaman, ol adamyň ýüzüne urýar. Ol adamyň burnundan paglap gan gidýär. Ol adam göni Muhammet alaýhyssalamyň ýanyna barýar.

Muhammet alaýhyssalam:

— Kim seni beýle ýagdaýa saldy? — diýip soraýar.

Muhajyrlardan bolan adam:

— Apbas — diýýär.

[1] Gaýtala bint Mälik ibn Harys ibn Amr ibn Sak. Ol yslam dininiň öň ýanynda özüni pygamber diýip yglan edenleriň biridir.

Resulalla Apbasy çagyrmagy emr edýär. Apbas gelenden soň Muhammet ondan näme üçin ol adamy urandygyny soraýar. Apbas bolan wakany gürrüň berýär we:

— Men ony urmakçy däldim welin, özümi saklap bilmedim — diýýär.

Onda Muhammet alaýhyssalam:

— Eden işiňizi dogry hasaplasaňyz-da, musulman doganyňyza ezýet bermäň — diýýär.

* * *

Bir gezek Abu Jähliň[1] ogly Medinä gelýär. Adamlar oňa tarap barmak çommaldyp: «Bu Abu Jähliň ogly» diýip gygyrýarlar. Ümmi Selme Muhammet alaýhyssalama bu barada aýdýar. Muhammet alaýhyssalam adamlary ýygnap: «Ölüler sebäpli dirilere ezýet bermäň» diýýär.

* * *

Fazyl: «Sen sebäpsiz ýere ne ite, ne-de doňuza ezýet bermäge hakyň bar. Musulman adam hakynda gürrüň hem ýokdyr» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Zulum etmäň! Zulum kyýamat gününiň zulmat tünüdir we gysganç bolmaň. Sebäbi sizden öňküleriň köpüsini gysgançlyk heläk edendir» diýýär.

* * *

Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Kimdir biri öz doganyna taýak bilen yşarat etse, onda ol adama perişdeler lagnat okarlar» diýýär.

[1] Abu Jähl Amr ibn Hatam Mahzumy. Resulallanyň agasydyr. Abu Jähiliň haýsy oglunyň Medinä gelendigi hakynda maglumat ýok.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Kimdir biri ýolda tikenli agaç şahasyny görüp, ony adamlara ezýet bermez ýaly ýoldan aýyrsa, Allatagala ol adamyň ähli günäsini geçer» diýýär.

* * *

Bir gezek Abu Berze Muhammet alaýhyssalama: «Eý, Resulalla! Maňa sogap getirjek işiň nämedigini aýt» diýende, ol: «Musulmanlara ezýet berjek zatlardan ýoly arassala» diýýär.

* * *

Bir gezek emewiler halypasy Süleýman ibn Abdylmälik haj edip ýörkä Tawusa duşýar. Ol Tawusa:

— Hany bir zat hakynda gürrüň bersene — diýýär.

Onda Tawus:

— Muhammet alaýhyssalam: « Alla şek eden we zalym hökümdar iň agyr jeza duçar bolar » diýen hadysyny eşidipmidiň? — diýende, Süleýmanyň ýüzi üýtgäp gidýär.

* * *

Allatagala: «Zalym adam zulum etmesini goýýança, ýüregi päklenýänçä meni ýatlamasyn. Maňa zikir aýtmasyn. Zalymyň meni ýatlamasyna men lagnat bilen jogap berýärin» diýýär.

* * *

Mujahyt[1]: «Dowzahdaky bendelere agyr jeza berilýär. Soňra bolsa olardan: «Bu jeza size ezýet berýärmi?» diýip

[1] Mujahyt Muhammet Bakyr ibn Aly Zeýnelabydyn ibn Hüseýin ibn Aly.

soralanda, olar: «Hawa» diýip, nalyş ederler. Onda olara: «Siz hem şeýdip möminlere ezýet beripdiňiz. Şonuň üçin hem jeza duçar bolduňyz» diýiler» diýýär.

* * *

Bir gün apbaslylar halypasy Muhammet Mäti kyssalar kitabyny okap otyrka, balykçynyň kyssasyna gözi düşüp:

— Bu näme hakyndaky kyssa? — diýip soraýar.

Onda Rabyga: «Seniň kakaň balyk tutup ýören adamy görüp, onuň ýanyna hyzmatkärini iberip, balygy zorluk bilen aldyrdy. Balykçy hakyny talap edende bolsa, kakaň hyzmatkärini balykçynyň öýüne iberip, onuň sandygynda näme bar bolsa getirmegi emr etdi.

Hyzmatkärler gidip balykçynyň öýünden iki gapjyk aldylar. Her gapjykda-da on müň dirhem bardy. Seniň kakaň: «Men adyl we beýik adam» diýdi we balykça aç ölmez ýaly dört ýüz dirhem berdi» diýýär. Onda Mäti gaznadan balykçynyň gapjygyny tapyp, ony eýesine gaýdyp bermegi emr etdi. Ol balykçyny ýanyna çagyryp: «Puluňy al we kakamy o dünýäniň azabyndan halas et» diýýär.

# KYRK SEKIZINJI BAP

## KÖTEKLEMEK, IGENMEK, SÖGÜNMEK, NALYŞ ETMEK, ÖÝKE-KINE, KIMDIR BIRINIŇ BAŞYNDAN INEN BELA DUÝGUDAŞLYK ETMEK WE ŞUŇA MEŇZEŞ ZATLAR HAKYNDA

Enes (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Men Muhammet alaýhyssalama Medinede on ýyl hyzmat etdim. Men ýaş oglandym we megerem ähli ýerine ýetiren işlerimi hojaýynymyň isleýşi ýaly eden däldirin. Emma Muhammet alaýhyssalam maňa: «Sen bu işi beýle etmegiň deregine beýle edipsiň» diýip, meni hiç haçan köteklemedi» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Eger bir hyzmatkär zyna etse ony gamçylaň. Emma jezasyny çekenden soň, ony bu eden işi üçin köteklemäň» diýýär.

* * *

Bir gezek Osman ibn Affan Hezreti Alyny (goý, Alla ondan razy bolsun!) mejlisde gürläňok diýip kötekleýär. Onda Aly: «Meniň gürlejek gürrüňim seniň göwnüňden turmaz diýip gürlämok» diýýär.

* * *

Isa alaýhyssalam: «Eger seniň we doganyň arasynda öýke-kine dörese, onda doganyň bilen salamlaş. Eger doganyň seniň salamyňa jogap berse, onda Allatagala saňa-da, oňa-da magfyret eder. Eger seniň salamyňy kabul etmese, onda iki-üç ýa-da dört adam töwella goýber. Eger onda-da kabul etmese, onda ol adam Allanyň ýanynda kapyrdan hem beterdir» diýýär.

* * *

Abu Derda: «Dostuňy köteklemek dost gazanmakdan ýeňildir» diýýär.

* * *

Şahyr şeýle diýýär:

Eý, dostum durmuş maňa ýaran bolsady eger,
Ony köteklemäge hiç esas bolmaz, meger.

* * *

Iýas ibn Mugawyýa: «Bir gezek sapara gidenimde bir çarwa bilen ýoldaş boldum. Ol çarwa meni agasynyň öýüne myhmançylyga alyp gitdi. Ol çarwanyň öýünde bir garry ýaşuly hem bardy. Çarwa arap dogany bilen durmuşdan nalap, ony köteklap gürrüň etdiler. Olaryň gürrüňini diňläp oturan ýaşuly: «Eý, ýigitler! Kimdir birini köteklemek nägilelige elter. Nägilelik dawa-jenjele elter. Dawa-jenjel bolsa duşmançylyga elter. Miwesi duşmançylyk bolan zatda hiç hili haýyr ýokdur. Şonuň üçin köteklemekden daşda duruň» diýýär.

* * *

Şahyr şeýle diýýär:

Köteklemek dosty şeriň, günäniň,
Gaplap alar ýüregini bendäniň.

Samsyklyk miwesi köteklemekden başlar,
Oňa tabyn bolýandyr garrylar hem ýaşlar.

* * *

Ows ibn Harysa[1] ogluna: «Adam üçin iň agyr jeza onuň dostunyň ýa-da ýakyn adamsynyň oňa igenmegidir» diýýär.

* * *

Ahmet ibn Abu Fanan şeýle diýýär:

Kimdir birine bermek isleseň jeza,
Igenmeklik oňa ýetirer yza.

* * *

Bir dana: «Kimdir birine igenmek onuň ýüregindäki ýara burç sepen ýalydyr» diýýär.

* * *

Bir şäherli adam kazy Abu Merwana:

---

[1] Ows ibn Harysa ibn Lam Taýy. Taý taýpasynyň aksakgallarynyň biri. Hatam Taýyň döwürdeşi.

— Haçan seniň gara ýyldyrymly bulutlaryň aňyrsyndan gün şöhleleri görünerkä — diýýär.

Onuň bu diýdigi: «Adamlary haçan biderek köteklemegiňi goýjak» diýdigidi.

* * *

Bir kätip dostuna: «Sen şan-şöhratly, batyr, edepli we igençsiz ýigitsiň. Eger sende bu häsiýetler bolmadyk bolsa, sen meniň dostum däl-de, duşmanym bolardyň» diýýär.

* * *

Bir şahyr şeýle diýýär:

Kalbyňdaky kiçijik igençlik ýeli,
Döreder ýüreklerde ullakan aly.

* * *

Kim-de kim igenje ýüreginden orun berse, onda ol adam mydama özüne dost gözlemeli bolar.

* * *

Fazyl ibn Rabyganyň gyrnagy bir kagyzyň ýüzüne şeýle diýip ýazýar:

Menden her kim diňe söýýän zadyn isledi,
Men bolsa birine içim dökesim geldi.

* * *

Aýdymçy gyrnak Asas[1] özüniň ýakasyna altyn sapak bilen şu beýdi ýazýar:

Bu durmuşyň lezzetini söýýänler, halaýanlar,
Durmuş girdabyna düşüp zaryn-zaryn aglarlar.

* * *

Ahnaf: «Bir gezek kakamyň dogany Sagsag ibn Mugawyýa içimde bir agyry bar diýip şikaýat etdim. Onda agam maňa: «Eý, doganymyň ogly! Ýönekeýje zat hem bolsa kişä aýtmagyn. Sebäbi dost diýeniň duşman, duşman diýeniň dosta öwrülmesi aňsatdyr. Sen içiňi dökeniň bilen seniň ýagşy günüňe begenip, ýaman günüňe gynanjak adamlar bu ýalançyda azdyr. Şonuň üçin syryňy öz ýanyňda sakla» diýdi. Soňra bolsa: «Meniň bir gözümiň ne dag, ne-de düz görmeýänine ynha indi kyrk ýyl boldy. Emma bu barada meniň ne aýalym, ne-de çagalarym bilýär» diýdi» diýýär.

* * *

Şahyr şeýle diýýär:

Ýürekde dörese igenç çyragy,
Hajaty ýok ol ýüregiň geregi.

* * *

Başga bir şahyr şeýle diýýär:

[1] Apbaslylaryň döwründe ýaşan aýdymçy. Abu Ferej «Agany» («Aýdymlar») diýen eserinde onuň adyny ýatlap geçýär.

Igenji terk etseň eger,
Dostlugyň ter miwe berer.

* * *

Bir adam başga bir garyp adama ýaşaýşyň kyndygyndan nalyş edýär. Olaryň gürrüňini diňläp oturan Fazyl ýaňky nalyş eden adama:

— Sen özüňden beter haldaky adama durmuşdan nalaýarsyň. Ol saňa raýdaşlyk edäýmese, kömek edip bilmez — diýýär.

* * *

Şahyr şeýle diýýär:

Adatdakym ýaly nalyş etdim men,
Nalyş etsem-de, hiç tapmadym hemdem.

* * *

Wahhap ibn Wart: «Adamlaryň arasynda elli ýyl ýaşap, kyn gününde kömek etjek, owratyň açylsa ýapjak, aýdan syryňy gizlin saklajak adamlaryň azdygyna çuňňur göz ýetirdim» diýýär.

* * *

Danalaryň biri: «Gündelik igenç gazaba öwrüler» diýýär.

* * *

Igenç müdimilik hasaplanýan dostlugy we söýgini duşmançylyga öwrüp biler.

* * *

Şahyr şeýle diýýär:

Dostuň ýazygyna başar göz ýumup,
Igenji ýeňersiň gaharda dymyp.

* * *

Gazawatlaryň birinde musulmanlara ýesir düşen adamlaryň biri:

— Men Muhammet alaýhyssalamyň dogany — diýýär.

Musulmanlar haýran bolup, bu habary Muhammet alaýhyssalama aýdýarlar. Muhammet alaýhyssalam gelip, ol adamy tanamaýar. Onda ol adam:

— Men seniň süýtdeş doganyň. Men seni ösdürip kemala getiren beni sagtdandyryn — diýýär.

Bu habary eşiden Resulalla ýesir düşenleriň ählisini azat etmegi emr edýär.

* * *

Mansur Nemri şeýle diýýär:

Igenmegin ynsana, söýgä borsuň mynasyp,
Söýgini gahar bilen bilmersiň hiç gazanyp.

# KYRK DOKUZYNJY BAP

## GULLAR, HYZMATKÄRLER WE OLAR BILEN ÝAGŞY GATNAŞYKDA BOLMAK, OLARA ZULUM-SÜTEM ETMEKDEN SAKLANMAK HAKYNDA

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!) Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Ilki bilen jennete girjek şehitdir. Ondan soň jennete girjek hojaýynyna päk ýürek bilen hyzmat eden hyzmatkärdir» diýýär.

* * *

Ibn Omar Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Hojaýynyna sadyklyk bilen hyzmat eden, Allatagala päk ýürek bilen ybadatyny ýerine ýetiren hyzmatkäre bir sogaba derek iki sogap ýazylýandyr» diýýär.

* * *

Zeýt ibn Harysa[1] Hatyjanyň hyzmatkäridi. Hatyja ony Ukkaz bazaryndan satyn alyp gelip, Muhammet alaýhyssalama

[1] Zeýt ibn Harysa ibn Şerähil Kelbi. Ol Muhammet alaýhyssalamyň ogullygy we egindeşi. Ol ýaş wagty Ukkaz bazarynda gul edilip satylanda Hekim ibn Hyzam Hatyja üçin satyn alýar. Ol Resulalla durmuşa çykanda Zeýdi oňa sowgat berýär. Yslam dini ýüze çykmanka, Muhammet pygamber ony azat edip, özüne ogul edinýär. Zeýt iň köp ýaşan we yslamy ilki kabul edenleriň biridir. Muhammet pygamber ony ilki gyrnagy Ümmi Eýmenä öýerýär. Ondan Asama diýen gyzy

sowgat berýär. Birnäçe wagtdan Zeýdiň kakasy pul ýygnap gelip, ogluny satyn almak isleýär. Muhammet alaýhyssalam Zeýdiň kakasyna:

— Eger ogluň razy bolsa alaý — diýýär.

Olar Zeýtden soraýarlar. Onda Zeýt Muhammet alaýhyssalama:

— Senden aýrylyp azat ýaşanymdan, seniň bilen gul bolup ýaşanym meniň üçin müň esse ýagşydyr — diýip, Muhammet alaýhyssalam bilen galýar.

Muhammet ony azat edip, gyrnagy Ümmi Eýmene, soňra bolsa Zeýnep bint Jahşa öýerýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Muhammet alaýhyssalamyň iň soňky sözleri: «Namazy berjaý kylyň, namazy berjaý kylyň we guluňyza gyýa bakmaň, oňa ezýet bermäň, Alladan gorkuň» diýipdi» diýýär.

* * *

Magrur ibn Suweýt[1]: «Bir gezek Abu Zeriň öýüne myhmançylyga baranymyzda ol öýüniň künjeginde don ýapynyp ýatyrdy. Edil şonuň ýaly don ýapynan hyzmatkär hem şol öýde ýatyrdy. Men Abu Zere:

— Hyzmatkäre başga don berseň hem bolardy — diýenimde, Abu Zer:

— Men Muhammet alaýhyssalamyň: «Eger siziň musulman doganyňyz siziň gol astyňyzda bolsa onda özi näme iýse, oňa-da şony iýdirsin. Özi näme geýse, oňa-da şony geýdirsin. Başarmajak işini buýurmasyn. Eger güýjünden artyk

dogulýar. Soňra ony Zeýnep bint Jahşa öýerýär. Zeýt 8-nji hijri ýylynda gazawatda şehit bolýar.

[1] Magrur ibn Suweýt Esedi. Muhammet pygamberiň döwürdeşi.

iş buýursa, onda özi hem ýardam bersin» diýenini eşitdim — diýdi» diýip, Magrur gürrüň berýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Hyzmatkäre geçirimlilik etmek ýagşyzadalara mahsus alamatydyr» diýýär.

* * *

Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Hiç haýsyňyz ol meniň gulum diýmesin. Sebäbi biziň ählimiz Allatagalanyň guludyrys. Goý, hojaýyn olara hyzmatkärim ýa-da gyrnagym, oglum, ýa-da gyzym diýip ýüzlensin, hyzmatkärler we gyrnaklar bolsa olara hojaýyn ýa-da eýäm diýip ýüzlensin» diýýär.

* * *

Abu Mesgut Ensary[1]: «Günleriň birinde gulumy urup durkam arkamdan: «Eý, Abu Mesgut seniň bu edýän işiň Allatagala ýaramajagyny bilgin» diýen ses eşidildi. Men yzyma öwrülip seretsem, Muhammet alaýhyssalam durdy. Men oňa: «Eý, Resulalla! Alla ýoluna bu hyzmatkär azatdyr» diýdim. Onda Resulalla: «Eýsem, şeýle etmeseň, saňa dowzah ody garaşardy» diýdi» diýýär.

* * *

Ibn Omar: «Bir adam Resulallanyň ýanyna gelip: «Eý, Resulalla! Hyzmatkäre näçe gezek geçirimlilik edip bolar?» diýip sorady. Ol bu soragyny üç gezek gaýtalandan soň, Muhammet alaýhyssalam: «Bir günde ýetmiş gezek geçirimlilik et» diýdi» diýýär.

---

[1] Ukba ibn Amr ibn Saglaba Ensary. Ol Bedr söweşine gatnaşan sahabalaryň biridir. Ol Kufa göçýär we Hezreti Alynyň egindeşleriniň biri bolýar. Ol 40-njy hijri ýylynda wepat bolýar.

* * *

Abu Hureýra: «Bir gezek Muhammet alaýhyssalam: «Kim-de kim hyzmatkärine ýagşy seretse, oňa ezýet bermese kyýamat güni ol hyzmatkär hojaýynyny dowzah odundan halas eder» diýdi» diýýär.

* * *

Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys gürrüň berýär. Ol: «Kimdir biri aýalyna ýa-da gul-gyrnagyna ezýet berse, ol adam bizden däldir» diýýär.

* * *

Zazan[1]: «Bir gezek Ibn Omaryň ýanyna bardym. Ol şol wagt özüniň guluny azat edipdir. Men onuň bu eden işiniň sebäbini soranymda, ol ýerde ýatan taýagy aldy-da: «Munuň sebäbi ynha şu taýakdadyr. Men Muhammet alaýhyssalamyň: «Kimdir biri guluna şapbat çalsa ýa-da ony ursa, ol adam günäsini diňe ol guly azat edip ýuwup biler» diýenini eşitdim» diýýär.

* * *

Günleriň birinde Abdylla ibn Japar guluny azat edip, oňa azat edenligi hakynda hat bermekçi bolanda, ol gul: «Meniň diýşim ýaly ýaz» diýýär we «Düýn meniňki hem bolsaň, bu gün men seni maňa sowgat berene gaýdyp berýärin» diýip ýazdyrýar. Emma ol azat edilenden soň hem, Abdylla ibn Japara has-da päk ýürek we sadyklyk bilen hyzmat edýär.

---

[1] Zazan Abu Abdylla Kindi. Rowaýata görä ol ýaş wagty Ibn Mesgudyň elinde eden işlerine toba edýär we yslam dinini kabul edýär. Ol 82-nji hijri ýylynda wepat bolýar.

* * *

Bir gezek Ibn Omar goýun bakyp ýören guluň deňesinden geçip barýarka ondan bir goýun satmagyny soraýar. Ol gul:

— Bu goýunlaryň eýesi men däl — diýip, goýun satmakdan boýun gaçyrýar.

Ibn Omar:

— Seniň goýun satýanyňy hojaýynyň görenok ahyryn — diýende, ol gul:

— Hojaýynym görmese-de, Alla görýär-ä — diýip jogap berýär.

Onuň jogaby Ibn Omaryň göwnünden turýar. Ol bu guluň hojaýynyny tapyp, ondan guly satyn alyp, azat edýär we:

— Eý, Allam! Guly azat etmek rysgalymda bar eken. Kyýamat azabyndan azat bolmak hem rysgalymda bolsady — diýýär.

* * *

Bir adam gyrnagyny satmak üçin bazara çykarýar. Ol gyrnak aglap başlaýar. Hojaýyny onuň aglamagynyň sebäbini soranda, gyrnak:

— Seniň maňa hojaýynlyk edişiň ýaly, men saňa hojaýynlyk eden bolsam, men seni golumdan gidermezdim — diýýär.

Ol adam şol pille gyrnagyny azat edýär.

* * *

Bir gezek emewiler halypasy Süleýman ibn Abdylmälik Ýezit ibn Muhallabyň öýünde myhmançylykda bolanda, Süleýmandan:

— Ýezidiň öýünde näme göwnüňden turdy? — diýip soranlarynda, ol:

— Maňa Ýezidiňkide iň ýaran zatlaryň biri onuň hyzmatkärleriniň biri-biri bilen gürleşmän yşarat bilen düşünişmekleridir — diýip jogap berýär.

* * *

Sähl ibn Sahr[1]: «Artykmaç puluň bolsa gul satyn al. Sebäbi guluň erkek adama köp ýerde haýry deger» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Musulman adam ölmezinden öň gul azat etse, aç adamyň nahar iýende rahatlyk tapyşy ýaly rahatlyk tapar» diýýär.

* * *

Adamyň iň erbedi adam söwdasyny edýänlerdir.

* * *

Ýunan şahyry Gomer: «Golastyňdaky goragsyz, biçäre guluňa ezýet bermek adamçylygy pes adamyň edip biljek işidir» diýýär.

* * *

Ibn Zubeýr gul satýan adama:

— Seniň injigiň örän kuwwatly bolmaly — diýýär.

Ol adam:

— Ony näme üçin diýdiň? — diýip soranda, Ibn Zubeýr:

— Adam satyp, ondan gün görüp ýaşamak üçin, soňra bolsa onuň günäsini götermek üçin gaty kuwwatly injik gerekdir — diýýär.

---

[1] Sähl ibn Sahar ibn Wakyd ibn Ysma Leýsy. Ol beni bekr taýpasyndan.

* * *

Welit ibn Buhtury köşk şahyrydy. Ol şeýle diýýär:

Azat adam hem bolsam ederin hyzmat,
Azada hyzmat etmek däldir gabahat.

* * *

Gul söwdasyny edýän bir adam: «Gyrnagyň saçyny hyna boýamak onuň bahasyna ýüz dirhem goşýar» diýýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Guluňyz bilen onuň aklyna görä gatnaşyk ediň» diýýär.

* * *

Abu Ýakzan[1]: «Araplarda eger aýaly üç çaga dogursa, adamsynyň gözüne yssy we mährem görüner. Bir gezek Ýezdigert ibn Şähriýar ibn Hysrowyň gyzlary musulmanlar tarapyndan gyrnak alynýar. Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!) olary satmak isleýär. Emma Hezreti Aly: «Şalaryň gyzlary satylýan däldir» diýýär we olary Hüseýin ibn Ala, Muhammet ibn Abubekr Syddyga we Abdylla ibn Omara durmuşa çykarýar. Olaryň her biri üç oguldan dogurýarlar» diýýär.

* * *

Bir gezek Muhammet ibn Sawwagyň hyzmatkäri onuň garşysyna girende: «Eýäňe meňzejek bolma» diýerdi.

[1] Amyr ibn Hafs lakamy Sehim. Ol hakynda Jahyz özüniň kitabynda onuň ýene-de sekiz lakamynyň bolandygyny ýatlap geçýär. Ibn Nedim ol hakynda: «Ol alym we dogry sözli adamdy. Ol 190-njy hijri ýylynda wepat boldy» diýýär.

* * *

Abdylla ibn Tahyr şeýle diýýär:

Bir gün apbaslylar halypasy Mamunyň ýanyna baranymda, ol nämedir bir zat getirtmekçi bolup:

— Eý, hyzmatkär, eý, hyzmatkär — diýip gygyrdy.

Az salymdan onuň türk hyzmatkäri gapydan girdi-de:

— Hyzmatkär hem adam. Ol hem iýmeli, içmeli, täret almaly, namaz okamaly. Sen bolsa gapydan çykdygymyz zol-zol: «Hyzmatkär, hyzmatkär» diýip gygyryp otyrsyň — diýdi.

Men Mamun şol wagtyň özünde ol hyzmatkäriň kellesini almaga emr eder öýtdüm. Emma ol:

— Eý, Abdylla eger biz ýagşy hüý-häsiýetde bolup, hyzmatkärlere zulum-sütem etmesek, olar ýaman häsiýetde bolýarlar. Eger biz ýaman häsiýetde bolup, zulum-sütem etsek, olary urmagy emr etsek, olar ýagşy gylykda bolýarlar. Emma bir guly ýagşy häsiýetli etmek üçin biz ýaman häsiýetli bolup bilmeris-ä — diýdi.

* * *

Mujahyt: «Eger hyzmatkär köpelse, şeýtan köpelen ýalydyr» diýýär.

* * *

Selim ibn Abu Jagt[1]: «Sadyk gul Allanyň ýanynda azat adamdan haýyrlydyr» diýýär.

* * *

Lukman Hekim ogluna: «Eý oglum! Aýala syr berme we hyzmata ulanmak üçin satyn alan gyrnagyň bilen är-aýal gatnaşygyny etme» diýýär.

---

[1] Selim ibn Abu Jagt Rapyg Aşjagy Gytfany. Ol ygtybarly hadys gürrüň beren adamlaryň biri. Selim emewi halypasy Omar ibn Abdyleziziň halypalyk eden döwri100-nji hijri ýylynda wepat bolýar.

* * *

Hyzmatkär köp iýmegi gowy görýär, işlemegi halamaýar. Azat adamlary ýigrenip, gykylyk-galmagaly halaýar.

* * *

Amr ibn Akaba[1] garry guluny azat edýär welin, ýaş gullaryň biri Amra:

— Meni-de azat et — diýýär.

Onda Amr:

— Sen entäk gülläňok, agaç güllemese miwe bermez, ýagny sen entek ýaş — diýýär.

Ol ýaş gul:

— Käbir agaçlar güllemezden hem miwe berýändir — diýýär.

Onuň bu jogaby Amryň göwnünden turýar we ol guluna:

— Düýn meniňki hem bolsa, bu gün Alla ýoluna sen azatsyň — diýýär.

* * *

Ýagşy gul onuň eýesi üçin nygmatdyr. Ýaman gul onuň başyndan inen musallatdyr.

* * *

Eksem: «Azat adam başyndan bela inse-de, azatlygyna galýandyr. Gul bolsa altyn düşelen ýoldan ýörese-de, gullugyna galýandyr» diýýär.

---

[1] Amr ibn Akaba (golýazmadaky Akaba sözi ýalňyşdyr, dogrusy Atabadyr). Ibn Abu Sufýan. Ol Mugawyýa ibn Abu Sufýanyň doganynyň ogludyr. Ol ibn Aşgas bilen Hajjajyň garşysyna söweşe çykýar we şol söweşleriň birinde wepat bolýar.

* * *

Halyt ibn Barmagyň Surur atly ýaş owadan gyrnagy bardy. Ol owadan hat ýazmakda, ylymda, at münmekde, gylyç-naýza oýnamakda onuň deňi-taýy ýokdy. Adamlar kä halat onuň gulmy ýa-da gyrnakdygyny bilmezdiler. Hazymanyň[1] hem Kyta atly şeýle gyrnagy bardy.

* * *

Ahmet ibn Sähl[2]: «Şalaryň gullaryna ýagşy seretmegi olaryň abraýynyň zyýada bolmagyna getirer» diýýär.

* * *

Muhammet ibn Süleýman ibn Aly ibn Abdyllanyň ibn Apbasyň elli müň guly bardy.

* * *

Kisaýy Harun Reşidiň ogullary Eminiň we Mamunyň mugallymydy. Ol ders berip otyrka, daş çyksa Mamun we

---

[1] Hazym ibn Hazyma Nehşemi Temimi. Ol beni sahr ibn nehşel taýpasyndandyr. Ol apbaslylaryň serkerdeleriniň biridir. Horasana ýöriş edilende, esasan hem Merweruz basylyp alnanda goşuna serkerdelik eden Hazymdyr. Ol Abu Müslime ýakyn adamlaryň biridir. Abu Saffahyň we Mansuryň döwründe-de ol goşun serkerdeligine galýar. 141-nji hijri ýylynda Mansur ony goşuna serkerde belläp, Tabarystany basyp almagy emr edýär. Hazym Abu Japaryň halypalyk eden döwründe Bagdatda wepat bolýar.

[2] Ahmet ibn Sähl ibn Haşym ibn Welit asly arap, ýaşan ýeri bolsa Merw bolup, goşun serkerdesi bolupdyr. Ol Samanlylar we Mawerannahr hökümdarlarynyň iň esasy serkerdeleriniň biridir. Amr ibn Leýs ony Merw welaýatyna hökümdar belleýär. Emma soňra ony Sistana getirip tussag edýär. Ol tussaglykdan gaçyp, Merwe dolanyp, ýene-de hökümdarlygyna gaýdyp gelýär. Emma Samanlylar hökümdarlary Merwe Sagyt Nasyr ibn Ahmedi hökümdar belleýärler. Ahmet ibn Sähl Jürjany we Horasany basyp alýar we Samanlylara hutba okamagy gadagan edýär. Sagyt Nasyr onuň garşysyna goşun goýberýär. Ahmet ibn Sähl Merweruzyň golaýynda olar bilen söweşip, ýeňlişe duçar bolýar we özi ýesir alynýar. Ony Buhara alyp gidip, zyndana oklaýarlar. Ol 307-nji hijri ýylynda tussaglykda wepat bolýar.

Emin onuň köwüşini arassalap goýýardylar. Bu zatlardan habarly Harun Reşit egindeşlerinden:

— Adamlardan kime tüýs ýürekden hyzmat edilýär — diýip soranda, olar:

— Möminleriň emirine — diýýärler.

Onda Harun Reşit:

— Ýok — diýip, başyny ýaýkaýar we:

— Päk ýürekden hyzmat edilýän Kisaýydyr. Emin we Mamun onuň öňünde borçly bolmasalar-da, päk çaga ýürekleri bilen oňa hyzmat edýärler — diýýär.

* * *

Bir adamyň ýalta guly bardy. Ol guluna bir iş buýursa, ol ýarysyny ýerine ýetirip, ýarysyny taşlardy. Ol adam gulundan närazy bolup ony urýar we:

— Men saňa bir iş buýranymda özüňden bilip, ýene bir iş et — diýýär.

Günleriň birinde ol adam keselleýär we guluna tebip getirmegi emr edýär. Gul gidip az wagtdan iki adamy yzyna salyp gelýär. Guluň eýesi oňa:

— Men saňa bir tebip getir diýdim ahyryn — diýýär.

Onda gul:

— Olaryň biri tebip, beýlekisi gabyr gazýan. Seniň özüň maňa: «Bir iş buýranymda beýleki bir işi özüňden bilip, ýerine ýetir» diýipdiň. Eger birden sen tebipden şypa tapmasaň, diýmek bize gabyr gazýan gerek bolar diýip, men ony hem alyp gaýtdym — diýýär.

* * *

Apbaslylar halypasy Mamun ibn Harun Reşit şeýle diýýär:

Haşymy azat adamdym,
Gyrnagy hemdem edindim.

Emirler tabyndy emrime meniň,
Şa bolup etdim men hyzmatyn onuň.

Hyzmat etdim, gul boldum,
Peselenimi duýmadym.

* * *

Mamun görk-görmekli, akylly-başly halypady. Onuň gyrnaklary hem örän owadan gyzlardy. Emma olaryň biri has owadandy we Mamun wagtynyň köp bölegini onuň bilen geçirerdi. Beýleki gyrnaklar oňa bahyllyk bilen serederdiler.

* * *

Bir baý adam guluny satmak üçin öwýär. Ol:

— Kim bu guly satyn alsa, onda ol adamyň öýüne Allanyň nygmaty ýagar — diýýär.

Geçip barýan adamlaryň biri:

— Kim-de kim etmeli işini özi edip, başganyň kömeginden ýüz dönderse, şol adamyň öýüne Allanyň bereketi ýagar — diýýär.

* * *

Wahşy Ryýah Medeni şeýle diýýär:

Musulmanyň edýän işleri ajap,
Guly azat etseň görmersiň azap .

* * *

Dawut ibn Hatym Mähldebi[1] apbaslylar halypasy Mätä gyrnak sowgat edýär. Mäti onuň bilen är-aýal gatnaşygynda bolmak isleýär. Gyrnak onuň bilen gijäni geçirmegi wada berýär. Emma gije olar är-aýal işini ýerine ýetirip bilmeýärler. Sebäbi gyrnak aýbaşy görýär. Mäti oňa şeýle diýýär:

Söýgim meniň bilen boljak diýip edipdi wada,
Wadasynda tapylmady, oklady gyzgyn oda.

Onda gyrnak oňa şeýle diýip jogap berýär:

Biraz giç hem bolsa, meger,
Söýgiň wada wepa berer.

* * *

Bir gezek Anuşirwan hyzmatkärleriniň birini ýalan gürlände tutýar we: «Iki adama ýakyn dostuňa we ynamly, sadyk hyzmatkäriňe etjek işiňi ynanyp bolýar. Emma sen ýalan gürlemek bilen meniň ynanymdan gaçdyň» diýýär.

* * *

Emewiler halypasy Mugawyýa: «Guly başardygyňyzdan gaty tutuň» diýýär.

* * *

Bir gezek emewiler halypasy Hyşam ibn Abdylmälik Zeýt ibn Ala:

---

[1] Dawut ibn Ruh ibn Hatym ibn Kabysa ibn Muhatap ibn Abu Safra Azady. Ol ilkinji bolup zyndyklyk eden adamdyr. Mäti onuň zyndyklygyny eşidip, onuň kakasyna ogluna edep bermegi emr edýär. Onuň kakasy Mansuryň hajybydy. Dawut toba edip, Mätä ýakynlaşmak maksady bilen gyrnak sowgat berýär.

— Meniň eşidişime görä, sen halypalyga dalaş edýärmişiň. Emma sen halypa bolmaga mynasyp dälsiň — diýýär.

Zeýt Hyşamdan:

— Ol näme üçin? — diýip soranda, Hyşam:

— Seniň ejeň gyrnak — diýýär.

Onda Zeýt:

— Ysmaýyl pygamber Ybraýymyň gyrnak aýalyndan, Yshak pygamber bolsa başdaş aýalyndan doglandyr. Emma Allatagala gurban etmek üçin Ysmaýyl pygamberi saýlady we soňra halas etdi — diýýär.

* * *

Guluň ýanynda altyn-kümşüň gadry ýokdur. Onuň üçin iň gymmatly baýlyk azatlykdyr.

* * *

Basraly bir adamyň edepli we ylymly gyrnagy bardy. Emma ýagdaýy kynlaşyp, ol gyrnagy satmaga mejbur bolýar. Gyrnagy satyn alan adam gelip, gyrnagy alyp gitmekçi bolanda, ol şeýle diýýär:

Pelek dönmermedik bolsady ýüzün,
Diňe ajal aýra salardy, bilgin.

Onuň bu sözlerini gyrnagy satyn alan adam eşidip, oňa gyrnagam, pulam bagyş edýär.

* * *

Bir zalym adam guluny azat edip:

— Näme iş etseň, maňa meňzejek bol — diýýär.

Onda ol gul:

— Azat bolup saňa meňzänimden, gul bolup özüme meňzänim gowudyr — diýýär.

* * *

Bir gezek Ýezit ibn Abdylmälik dört müň dinara gyrnak satyn alýar. Emma onuň gyrnagy emewiler halypasy Süleýman ibn Abdylmäligiň göwnünden turman, Ýezide gyrnagy eýesine gaýdyp bermegi emr edýär.

Haçan-da Ýezit halypalyga gelende, onuň aýaly Sagda bint Abdylla ibn Amr ibn Osman Ýezitden:

— Bu dünýäde ýaşap, heý armanyň galdymy? — diýip soraýar.

Onda Ýezit oňa:

— Men öň bir gyrnak satyn alypdym. Emma meniň doganym Süleýman ony yzyna gaýtartdy. Ol gyrnagy eýesine gaýdyp berenime entäk-entäkler hem ökünýärin — diýýär.

Sagda Ýezitden:

— Soňra ol gyrnagy kim satyn aldy? — diýip soranda, Ýezit:

— Meniň eşidişime görä, ony müsürli bir adam satyn alypdyr — diýýär.

Sagda Ýezide bildirmän Müsüre adam goýberip, ol gyrnaga dört müň dinar töläp satyn alyp Şama getirdýär. Soňra saparyň ýadawlygy çykar ýaly ony gowy ýuwup artýar we oňa iň gowy müşk-anbardan sepip, Ýezidiň otagyna eltip tutunyň aňyrsynda oturdýar. Ol Ýezit gelende:

— Bu dünýäde ýaşap, heý armanyň galdymy? — diýip soraýar.

Ýezit:

— Men bu barada saňa öň hem aýdypdym ahyryn — diýende, Sagda tutuny açyp gyrnagy görkezýär we Ýezide:

— Ynha, seniň diýýän gyrnagyň! — diýýär we olary ikiçäk goýup, otagdan çykyp gidýär.

* * *

Mahmyt ibn Merwan ibn Abu Hafsa[1] gyrnagy wasp edip şeýle diýýär:

Ol satylýan däldir, ýokdur bahasy,
Sataýsaň-da birden tutar yhlasy.

Meger şol dürleriň agramy ýaly,
Akar gözlerinden gözýaşy ganly.

* * *

Abdyrahman ibn Abu Ammara[2] gyrnak satyn almak isleýärdi. Ol bu islegi barada ähli mejlislerde aýdýandygy sebäpli adamlaryň arasynda meşhur bolupdy. Emma onuň gyrnak almaga puly ýokdy.

* * *

Bir gezek Abdylla ibn Japar haja gidýär. Ol hajdan dolanyp gelenden soňra, adamlar ony mübäreklemäge onuň öýüne myhmançylyga gelýärler. Emma Abdyrahman ibn Abu Ammara gelmeýär. Abdylla ibn Japar ony öýüne myhmançylyga çagyrýar we ony begendirmek üçin kyrk müň dinara gyrnak satyn alýar.

Abdyrahman ibn Abu Ammara gelende, Abdylla ibn Japar oňa:

— Pylan gyrnagy gowy görýärsiňmi? — diýip soraýar.

Abdyrahman:

---

[1] Ýahýa ibn Merwan ibn Abu Junup ibn Merwan ibn Süleýman ibn Abu Hafsa. Onuň Abu Merwan lakamy bardyr. Mütewekkil oňa Mahmyt adyny berýär. Ol Mütewekkiliň ýakyn adamlarynyň biridir.

[2] Abdyrahman ibn Abdylla ibn Abu Ammara beni jeşimi ibn Mugawyýanyň neslinden. Ol Mekgäniň alym we dindar alymlarynyň biridir.

— Ol meniň etimde, ganymda, beýnimde, süňkümde we damarlarymda — diýýär.

Abdylla ondan:

— Eger ol gyrnagy görseň tanarmydyň? — diýip soranda, ol:

— Ol gyrnagy jennetiň hüýrleriniň arasyna goşup goýsalar hem ony tanardym we şol gyrnagy saýlardym — diýýär.

Onda Abdylla gyrnagy getirmegi buýurýar. Dürli zynatlar bilen bezelen gyrnagy getirýärler. Abdylla Abdyrahmana:

— Bu gyrnak seniňki — diýýär we ol gyrnagyň ýany bilen Abdyrahmana ýüz müň dirhem bermegi emr edýär.

Abdyrahman aglap goýberýär we:

— Seni Alla ýalkasyn we seni öz penasynda aman saklasyn! Seniň maňa eden ýagşylygyň üçin seniň öýüňe egsilmez nygmat ýagdyrsyn! — diýip dileg edýär.

* * *

Juweýriýa ibn Asma[1]: «Bir gezek Ibn Sirin ýaş gyrnak satyn almakçy boldy. Men oňa:

— Seniň gözleýän gyrnagyň nirede bardygyny men bilýärin. Emma onuň dodaklary uludyr — diýdim.

Onda Ibn Sirin:

— Dodagy uly bolsa, diýmek tiz wagtda azat bolar — diýdi» diýýär.

---

[1] Juweýriýa ibn Asma ibn Ubeýt ibn Muharyk Basry. Ol Basranyň hadys gürrüň beren alymlarynyň biri. 173-nji hijri ýylynda wepat bolýar.

# ELLINJI BAP

## DUŞMANÇYLYK, IÇIGARALYK, BAHYLLYK, ÝÜREKDE KITÜW SAKLAMAK, HEMLE, HAÝBAT ATMAK HAKYNDA

Abubekr Syddyk (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Duşmançylyk miras geçýändir» diýýär.

* * *

Ibn Mesgut: «Eý, Allam! Meni duşmanyň gazabyndan goramagyňy soraýaryn» diýip dileg edýärdi.

* * *

Dawut alaýhyssalam: «Bir adamyň göwnüne degip, ony özüňe duşman tutunyp, müň adamy dost tutunma» diýýär.

* * *

Harys ibn Abu Şaira Gassany: «Kim-de kim duşmanynyň sözüne ynansa, onda ol adam öz-özüne ýagydyr» diýýär.

* * *

Çarwa: «Allatagala ybadat et! Ol seniň ähli duşmanlaryňy derbi-dagyn eder. Emma içiňdäki duşmanyňa garşy özüň göreşmelisiň» diýýär.

* * *

Buzurgmehr wepat bolandan soň, Hysrow onuň gyzyna öýlenmek üçin sawçy iberýär. Onda ol gyz: «Eger sen meniň kakam bilen duşmançylygyň bolmasady, matam gününde sawçy ibermezdiň» diýýär.

* * *

Anuşirwan: «Güýçsüz duşman güýçli duşmandan howpludyr. Sebäbi güýçli duşman özüniň güýjüne daýanýandyr. Güýçsüz bolsa mekirlige ýüz urmaly bolýandyr» diýýär.

* * *

Bir gezek Hysrowdan:

— Seniň üçin iň akylly adam kim? — diýip soranlarynda, ol:

— Meniň duşmanym — diýýär.

Ondan:

— Ol näme üçin? — diýip soranlarynda, Hysrow:

— Eger ol akylly bolmasa, meniň duşmanym bolmazdy — diýýär.

* * *

Abdylla ibn Hasan ibn Hasan adamlara: «Duşmançylyk etmekden saklanyň! Sebäbi kimdir birini duşman tutunsaň, onuň mekir hilesinden, howp-hataryndan goranmak kyndyr» diýýär.

* * *

Zuýeýb ibn Habyp Hyzaýy şeýle diýýär:

Kalby päk adamyň köpdür dosty-ýarany,
Dostlaryň içinde bardyr halal-haramy.

Kyn bolýandyr tanamak gizlin duşmany,
Duşman bolup ýaşanyň ömri bimany.

* * *

Pelsepeçi: «Syr saklamany başarýan duşman aýan duşmandan howpludyr. Açyk duşmanyň näme etjegi dilindedir. Emma syrly duşmanyň näme etjegi näbellidir» diýýär.

* * *

Muhammet ibn Ýezdat: «Eger duşmanyň duşmançylygyny goýduryp bilmeseň, onda sen onuň elini ogşamaly bolarsyň» diýýär.

* * *

Bir dana: «Men duşmanymdan ar almak üçin ýerde ýöräp barýan garynjany onuň üstüne oklap, garynjanyň ony dişlemegini isleýärin» diýýär.

* * *

Merwan Hymar[1] Dehhak ibn Kaýs Şibana[2] hat ýollaýar. Ol hatynda: «Ikimiz edil daş bilen çüýşe ýalydyrys. Eger sen

---

[1] Iň soňky emewi halypasy Merwan ibn Muhammet Hekim.

[2] Dahhak ibn Kaýs Şeýbany öz döwrüniň batyr serkerdeleriniň biri. Ol öz töweregine dört müň atly ýygnap Mosuly we Şährizury basyp almagy niýet edinýär. Emma Kufa gidýär we ol ýeri eýeleýär. Soňra Mosula gidýär we galalaryny gabawa salýar. Mosulyň halky oňa boýun bolýar. Şeýdip onuň esgerleriniň sany ýüz müňe ýetýär. Soňra ol emewi halypasy Merwan Hymaryň ýurduna ýöriş etmek isleýär. Olaryň goşuny Kefer Tusanyň ýanynda çaknyşýarlar we 129-njy hijri ýylynda Dahhak öldürilýär.

maňa boýun bolmasaň, daşyň çüýşäni döwüşi ýaly çym-pytrak ederin» diýip ýazýar.

* * *

Emewiler halypasy Abdylmäligiň guly onuň garşysyna çykýar. Abdylmälik oňa edep bermegi emr edýär. Onuň egindeşleriniň biri ol guluň doganyna-da jeza bermegi soraýar. Onda Abdylmälik:

— Men onuň doganyna jeza bersem, onda men olara duşmançylyk etdigim bolar — diýýär.

* * *

Duşmanyňa hormat goý, sebäbi ol seniň kemçilikleriňi görkezýändir.

* * *

Içigaralyk adamyň ömür tanapyny gysgaldýandyr.

* * *

Duşmançylyk ýeli öwsen ýerinde täze gabyrlar peýda bolýandyr.

* * *

Pyrgaunyň Musa, Nemrudyň Ybraýyma, Abu Jähliň Muhammede ýagy bolşy ýaly, her bir adamyň duşmany bardyr.

* * *

Duşmanyň öýüne iki zat üçin ýa-ha oňa duşmançylygyňy goýup, dost bolmagy teklip etmek üçin, ýa-da duşmanyňy öldürmek üçin barylýar.

* * *

Akylly adam dost tutunar, nadan duşman.

* * *

Jahyz şeýle diýýär:

Adamlar durmuşda haýwandyr misli,
Kim ýolbars, kim tilki, kim şagal tüýsli.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Eý musulmanlar! Adamy ýigrenmek iň şer işleriň biridir» diýýär.

* * *

Hajjaç bir adama:

— Men seni ýigrenýärin — diýende, ol adam:

— Seniň meni ýigreneniň meniň üçin haýyrlydyr. Allatagala zulum edilen, ýigrenilen adamlary jennete salýandyr — diýýär.

* * *

Wakyg: «Bir gezek Agmaşyň öýüne myhmançylyga bardyk. Ol bizi görüp, öýüne girip gitdi. Biraz wagtdan ol dolanyp gelip: «Men sizi görüp halamadym we has ýigrenýän adamymyň öýüne girip, şondan soňra siziň ýanyňyza çykdym» diýýär.

* * *

Bir gezek Anuşirwan ogly Hurmuzy tagt mirasdüşeri bellemek isleýär. Ol döwletiň abraýly adamlaryny ýygnap, bu mesele babatynda maslahatlaşýar. Onda maslahata gelen adamlaryň biri:

— Onuň häsiýeti biziň halkymyza gabat gelmez — diýýär.

Hurmuzyň ejesi türkmendi. Onda Anuşirwan:

— Ogul ejesine däl-de, kakasyna çekýändir — diýýär.

Maslahata gelenlerden başga biri:

— Onuň aýagy gysga, aýagy gysga şa haýbatsyz bolýar — diýýär.

Anuşirwan:

— Aýagy gysgalygy at münende ýa-da oturanda görnäýmese bildirenok — diýýär.

Ýene biri:

— Ol adamlary halanok — diýýär.

Onda Anuşirwan uludan dem alyp:

— Eý, Allam! Bular-a meniň oglumy ýere sokdular — diýýär.

* * *

Bir dana: «Eger kimdir biri ýekeje haýyr iş edip, onuň bu eden işi adamlaryň halamaýan işi bolsa, onda ol adamyň eden haýyr işinden hiç hili nep ýokdur. Eger kimdir biri erbet iş etse, emma adamlar onuň bu eden işini erbet iş diýip hasap etmese, onda bu iş erbet däldir» diýýär.

* * *

Aýdymy biljek bolsaň diňle sazyny,
Ýigit tanajak bolsaň, diňle owazyny[1].

* * *

Şahyr şeýle diýýär:

[1] Bu ýerde gürrüňüni diňle diýmekçi bolýar.

Aýyp gözlemekdir duşmançylyk çeşmesi,
Aýyp ýapmak bolar her bir dostuň pişesi.

* * *

Ibn Omar: «Eý, Allam! Kalbymda bahyllyk duýgusynyň kök urmagyndan özüň gora» diýýär.

* * *

Bir gezek Aristotelden:

— Içigara adam näme üçin iki esse gaýgy-gamda bolýarka? — diýip soralanda, ol:

— Içigara ähli adamlar ýaly bu dünýäniň gaýgy-gamy paýlananda öz paýyny alýar. Emma ol beýleki adamlaryň şatlygyna-da gamlanmaly bolýar — diýip jogap berýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Ýagşy işleriňizi ýaşyryň. Sebäbi ähli ýagşy işlere bahyllyk edilýändir» diýýär.

* * *

Mejlisde bir adam:

— Adamlara kimdir birini dardan asýarlar diýseň, şoňa-da içigaralyk ederler — diýende, adamlar oňa garşy çykýarlar.

Onda ol adam birnäçe gün geçenden, soň bir üýşmeleňe baryp:

— Halypa Ahnafy, Mälik ibn Masmagy[1], Kaýs ibn Haýsamy[1] we Hemedan ibn Hyjamy dardan asmagy emr etdi — diýýär.

---

[1] Mälik ibn Masmag ibn Şeýban Bekri Rabygy Abu Gassan. Ol taýpasynyň ýolbaşçysy we serkerdesi. Ol Muhammet pygamberiň ýaşan döwründe doglandyr.

Onda adamlar:

— Hemedan ibn Hyjam dagy beýle adamlar bilen asylmaga mynasyp däl ahyryn — diýýärler.

Onda ol adam:

— Men adamlar dara asylýana-da içigaralyk edýärler diýmänmidim — diýýär.

* * *

Mansur Fakyh şeýle diýýär:

Ýigit bahyllyk etse,
Ejizlik etdigi, bilse.

Ýetmez oňa dünýäň, altyn-tyllasy,
Gelmez oý-pikrine eziz balasy.

* * *

Osman ibn Affan (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Seniň şatlanýan wagtyň seniň duşmanyň gamgyndyr» diýýär.

* * *

Enes Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Oduň oduny ýakyşy ýaly içigaralyk, bahyllyk adamyň gazanan sogaplaryny iýýändir» diýýär.

* * *

Allatagala: «Bahyl adam meniň nygmatymyň duşmany, meniň edýän işlerime garşy çykýan we adamlaryň arasynda paýlan kysmatyma närazy bolýan adamdyr» diýýär.

---

[1] Kaýs ibn Haýsam ibn Kaýs ibn Salt ibn Habyp Selim. Basranyň tanymal adamlarynyň biri we emewi halypasy Abdylmälik ibn Merwanyň egindeşi. 85-nji hijri ýylynda Basrada wepat bolýar.

* * *

Arap danalary: «Bahyllyk keseldir. Içigara adam başga ýetiren zyýanyndan beter özüne köp zyýan ýetirýändir» diýýärler.

* * *

Asmagy: «Çarwalardan bir ýüz ýigrimi bäş ýaşan adamy gördüm. Men ondan: «Sen nähili beýle uzak ýaşap bildiň?» diýip soranymda, ol: «Içigaralygy terk etdim» diýip jogap berdi» diýýär.

* * *

Çarwa: «Içigara öz-özüne zulum edýändir. Içigaranyň özüne edýän zulumyny hiç bir zalym edip bilmez» diýýär.

* * *

Mutanebbi:

Bu dünýäniň iň bir geň-täsin ýeri —
Bahylyň nalyşy diňleder keri.

* * *

Ibn Hajjaç:

Bahyllyk etseler şatlandym, güldüm,
Bu dünýäde ornum bardygyn bildim.

* * *

Baý adam ýalan öwgüden we içigaralykdan gaçyp gutulyp bilmez.

* * *

Bir gezek Ibn Mesgut:

— Allanyň beren nygmatyna duşman gözi bilen seretmäň — diýende, bir adam:

— Allanyň nygmatyna duşmançylyk edýän kim? — diýip soraýar.

Onda Ibn Mesgut:

— Bahyllar — diýip jogap berýär.

* * *

Ibn Mesgut: «Içigara bolmaň, onuň zyýany içigaralyk edýän adamyňyza däl-de, özüňize zyýan eder» diýýär.

* * *

Dana: «Içigaralyk haramzadalaryň işidir. Şonuň üçin içigara adam ýakyny, dogan-garyndaşy, dost-ýary bilýän däldir» diýýär.

* * *

Içigaralyk ýazgyda garşy gitmekdir. Ýazgyda garşy giden bolsa, Allanyň duşmanydyr.

* * *

Bir gezek Abdylmälik ibn Salyh Apbasly apbaslylar halypasy Harun Reşidiň ýanynda otyrka, bir adam gapydan girip demi-demine ýetmän Harun Reşide:

— Olaryň köşkleri, bagy-bakjasy we köp baýlygy bar — diýýär.

Harun Reşit hiç zada düşünmän Abdylmäligiň ýüzüne seredip:

— Ol näme diýýär? Heý bir zat düşündiňmi? — diýip soraýar.

Onda Abdylmälik:

— Ol kimdir birine içigaralyk edýär — diýýär.

Harun Reşit ol adama jeza bermekçi bolanda, Abdylmälik:

— Eý, möminleriň emiri! Eger onuň diýýän adamlarynyň rysgalyny has-da köpeltseň bular ýaly adamlara iň agyr jezadyr — diýýär.

Eý, aňsat ýaşaýşy gözleýän ynsan,
Ýürekdäki gara ylgadar her ýan.

Bahyl adam ile görüner myrdar,
Şeýtan ol adama bolar hyrydar.

* * *

Emewiler halypasy Abdylmälik Ahnafa hat ýazýar. Ol hatynda: «Meniň Şamy dolandyrmagymy soraýarlar. Men bolsa olar bilen meniň aramda otdan dag bolmagyny we meniň ýanymdan olara barýanyň we olaryň ýanyndan meniň ýanyma gelýänleriň bu otda ýanmagyny islärdim» diýýär.

* * *

Lukman Hekim: «Agyr daşlary, uly demirleri göterdim, emma din ýaly agyr zat görmedim. Ýagşy tagamlar, süýji miweler iýip gördüm, emma geçirimlilik ýaly lezzetli zat görmedim. Men ähli zatlardan duşmançylygy erbet häsiýet hasap etdim. Esasanam, dost-ýaryň, goňşyň we garyndaşyň bilen duşmançylykda bolmak erbetdir» diýýär.

* * *

«Eý, Allam! Günä iş etmekden, ýaman gümandan we duşmançylyk etmekden özüň gora!».

* * *

Eýýup alaýhyssalamdan:

— Seniň başyňa iň uly bela getiren zat nämedir? — diýip soranlarynda, ol:

— Duşmanlaryň göripligi — diýip jogap berýär.

* * *

Wasyla ibn Askag: «Eger seniň ýüregiňde musulman doganyňa duşmançylyk peýda bolsa, onda Allatagala oňa rehim etsin we seniň günäňi geçsin» diýýär.

* * *

Ibn Abu Uýeýne şeýle diýýär:

Ýigit başyndan geçer gowga her hili,
Duşmançylyk etmek hem şolaryň biri.

* * *

Eflatundan:

— Ynsan duşmanyny nädip ýeňmelidir? — diýip soranlarynda, ol:

— Ondan artykmaç häsiýetliligi bilen — diýip jogap berýär.

* * *

Muhammet alaýhyssalam: «Mömin adama iň esasy berlen zat ýagşy häsiýetlilikdir. Zandyýaman adama bolsa gara ýürek berlendir. Ol ähli ýaman işlerini ýüreginiň emr edişi ýaly edýändir» diýýär.

* * *

Hasan Basrydan:

— Heý, mömin doganyna bahyllyk edermi? — diýip soralanda, ol:

— Ýakubyň ogullarynyň kyssasyny ýadyňdan çykarma — diýýär.

* * *

Eger duşmançylyk bir agaç bolsa, onda ol agaç diňe daş miwe getirerdi.

* * *

Kimdir biri bilen jedelleşmek onuň bilen duşmançylykda bolmakdan bir ädimde durmakdyr.

* * *

Jedel duşmançylyk kitabynyň birinji sahypasydyr.

* * *

Şahyr şeýle diýýär:

Wagt geçse, duşmançylyk-da geçer,
Bahyl ynsan dostdan tiz ara açar.

* * *

Bir gezek adamlaryň arasyna Muhammet alaýhyssalamyň ölendigi hakyndaky habar ýaýraýar. Bu habary eşiden Kinde we Hadramutyň aýallary çapak çalyp, dep kakypdyrlar. Olaryň gürrüňi Abubekre baryp ýetende, ol şol ýerdäki häkimi

Muhajyr ibn Abu Ümmiýa[1] ol aýallaryň ellerini kesmegi emr edýär.

* * *

Kätip dostuna: «Pylany seniň daşyňa tor gurýar. Seniň erbet günüňe begenýär. Şatlygyňa gynanýar. Ol seniň diňe masgaraçylykly ýagdaýa düşmegiňi isleýär» diýýär.

* * *

Içigaralyk duşmançylygyň bir şahasydyr. Içigaralyk gizlin bolsa, duşmançylyk aç-açan bolýandyr.

* * *

Bir gezek apbaslylar halypasy Abdylla ibn Salyh Haşymy weziri bilen gürleşip otyrka, ol wezire:

— Sende bahyllyk häsiýeti bar — diýýär.

Onda wezir oňa:

— Eý, bagtyýar şahym! Bahyllyk iki hilidir. Eger men ýagşy gününe bahyllyk edip, onuň derejesine ýetmäge çalyşsam, onda meniň bahyllygym zyýansyz we ýagşy bahyllykdyr. Eger men kimdir birine bahyllyk edip, oňa zyýan ýetirmäge çalyşsam, onda meniň erbet niýet bilen bahyllyk etdigimdir — diýýär.

---

[1] Muhajyr ibn Abu Ümmiýa Sehl ibn Mugyra Mahzumy. Muhammet pygamberiň aýaly Ümmi Selmäniň süýtdeş dogany. Yslam dinini kabul etmezden öň ady Welitdi. Muhammet pygamber oňa Muhajyr adyny dakdy. Ol birnäçe gazawatlara gatnaşýar we gazawatlaryň birinde kapyrlar bilen bir hatarda söweşip duran doganlary Mesgudy we Hyşamy öldürýär. Emma ol Tebuk söweşine gitmekden ýüz dönderýär. Muhammet pygamber onuň bu etmişinden närazy bolýar we Ümmi Selme onuň günäsini geçmegini sorandan soň günäsini geçýär. Abubekr ony dinden dönenleriň garşysyna söweşmäge goýberýär. Taryhy çeşmeleriň hiç birinde onuň haçan wepat bolandygy habar berilmeýär.

* * *

Eger bahyllyk döwletiň ösüşine, adamyň ýagşy adamlara deňleşmegine getirse, onda ol bahyllyk zyýansyzdyr.

* * *

Mugyn ibn Zaýyda şeýle diýýär:

Bahyllyk etdim, Alla bahyllygym zyýada etdi,
Bahyllykdan ýaňa, durmuşdan alýan lezzetim ýitdi.

* * *

Hasan Basry: «Bahyllyk tamdyrdaky oduň tutaşyşy ýaly tutaşyp bilýändir» diýýär.

* * *

Apbaslylar halypasy Abu Japar Mansur: «Eger duşmanyň saňa elini uzatsa, onuň elini kesip taşla. Sebäbi bu mümkinçilik onda bolsa, ol hem şeýle eder» diýýär.

* * *

Bir gezek apbaslylar halypasy Saffah Sedife şeýle diýýär:

Utanç-haýany bize pederler goýdy miras,
Ybadat et Allaga, şerden bolarsyň halas.

Häsiýetler içinde gowularyn saýlagyn,
Galanlaryny ganym duşmanlarňa paýlagyn.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!) Basranyň ilatyna nesihat edip hat ýollaýar. Ol hatynda: «Eý, musulmanlar! Biri-biriňiziň malyňyza göz dikmäň. Gözüňizi,

diliňizi we kalbyňyzy bahyllygyň alyna aldyrmaň. Bahyllyk etmek adamlaryň arasynda närazylyga, närazylyk bolsa duşmançylyga, duşmançylyk bolsa urşa, ölüm-ýitime elter. Allanyň ýazgydyna garşy bolmasaňyz içigaralykdan, bahyllykdan daşda duruň» diýýär.

* * *

Gadymy kitaplaryň birinde: «Bahyllyk hem duýgudyr. Oňa özüni aldyran heläkçilige uçrar» diýilýär.

* * *

Nasyr ibn Seýýar şeýle diýýär:

Bahyllyk häsiýeti däldir adama boýun,
Ol hem ýüze çykýandyr misli degişme, oýun.

# ELLI BIRINJI BAP

## ADYLLYK, YNSAP, DEŇLIK, ADYLLYGA ÇAGYRMAK HAKYNDA

Muhammet alaýhyssalam: «Allatagala asmana üç zat bilen: güni, aýy we ýyldyzlary döredip bezeg berdi. Ýeri hem üç zat bilen: ýagyş, ylymly ulamalar we adyl soltan bilen zynatlady» diýýär.

* * *

Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!) halypalyga geçip, ilkinji gezek münbere münüp hutba aýdanda: «Eý, musulmanlar! Alladan ant içýärin, özlerini güýçli saýyp, ejiz adamlaryň hakyny iýýänler meniň bilen iş salyşsalar, men ejiziň tarapdarydyryn» diýýär we münberden düşüp gidýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Hökümdarlara üç zat — ähli ýagdaýda Alla öwgi aýtmak, raýatlara deň göz bilen seretmek we ynsabyňa buýurmak wajypdyr» diýýär.

* * *

Bir gezek Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!) Abu Musany häkimlikden aýyrmak üçin ýörite Kufadan Syffyna[1]gitjek bolanda, Ibn Apbasa we ogly Hasana beýtul maldan ähli pullary getirmegi emr edýär. Gaznada elli iki müň dirhem bardy. Aly Mujaşyg ibn Mesgudy[2] ýanyna çagyryp:

— Sizden öňküleriň ýygnap bilmedik puluny siz nädip ýygnadyňyz? — diýip soraýar.

Onda Mujaşyg ibn Mesgut:

— Alladan ant içýärin! Bu pullar raýatlardan diňe adyllyk ýoly bilen we Allanyň emrini ýerine ýetirip ýygnalandyr — diýýär.

* * *

Isgender Zülkarneýn: «Eý, Allanyň bendeleri siziň Allaňyz birdir. Ol adyl işleri gowy görüp, zulum edýänleri ýigrenýändir. Men hem Allanyň halaýan işini edip, ýigrenýän işinden daşda durjak. Kim-de kim meni adalatsyzlykda aýyplasa, goý, ol adam hiç zatdan çekinmän gije bolsun, gündiz bolsun, günüň islendik wagtynda gelip maňa arzyny aýtsyn. Raýatlaryna adyllyk edip, zulum edýänden goramak, olara deň göz bilen seretmek Allanyň emrini ýerine ýetirmekdir» diýýär.

* * *

Eger hökümdar ynsapsyz bolsa, ýurt harap bolar.

---

[1] Syffyn – Fyrat derýasynyň boýunda ýerleşýän ýer. 37-nji hijri ýylynyň sapar aýynda bu ýerde Aly bilen Mugawyýanyň arasynda uly söweş bolup geçdi.

[2] Mujaşyg ibn Mesgut ibn Saglaba ibn Wahhap ibn Abyt Silmi. Ol Muhammet pygamberiň egindeşi we ondan ygtybarly hadys gürrüň beren adamlaryň biri. Ol Omar ibn Hattabyň halypalyk eden döwründe Basra häkim bellenýär. Ol 36-njy hijri ýylynda şehit bolýar.

* * *

Bir gezek pars şasy Anuşirwandan:

— Iň esasy goramaly zat nämedir? — diýip soranlarynda, ol:

— Diniňizi goraň — diýýär.

Ondan:

— Iň ýagşy häsiýet nähilidir? — diýip soranlarynda, ol:

— Adyllyk — diýip jogap berýär.

* * *

Japar ibn Ýahýa Barmakynyň bir häkiminiň üstünden arza-şikaýat gelýär. Ol häkimine hat ýollaýar. Ol hatda: «Ýa-ha adyl bol, ýa-da işiňden git» diýip ýazýar.

* * *

Ynsaply adamdan ähli adamlar razydyr. Onuň özi hem özünden razydyr.

* * *

Ynsaply adam halkyň ýüzüne arkaýyn seredip biler. Sebäbi onuň hiç hili aýby ýokdur.

* * *

Bir adam emewiler halypasy Süleýman ibn Abdylmäligiň ýanyna gelip:

— Eý, möminleriň emiri! Zalymlara Allanyň lagnat aýdýandygyny bileňokmy? — diýip soraýar.

Onda Süleýman:

— Sen näme diýmekçi bolýarsyň? — diýip soranda, ol adam:

— Seniň bize gözegçi goýan wekiliň meniň mülk ýerimi alyp, pylanynyň mülk ýerine goşdy — diýýär.

Onda Süleýman:

— Şol ýerdäki meniň mülk ýerim seniňki bolsun we seniň mülk ýeriňi hem gaýdyp bererler — diýýär we şol günüň özünde wekilini wezipesinden boşadýar.

* * *

Bir gezek Hysrowyň ýokary wezipeli adamlary onuň käbir edýän işinden närazy bolýarlar. Onda Hysrow:

— Men sizi razy edip, halka zulum edenimden sizi närazy edip halka adyl bolanym ýagşydyr — diýýär.

* * *

Bir adam Hezreti Alynyň (goý, Alla ondan razy bolsun!) ýanyna gelip, birnäçe gün onuň öýünde myhman bolýar. Günleriň birinde ol Hezreti Ala:

— Men bir adam bilen terleşdim we senden kömek sorap geldim — diýýär.

Hezreti Aly ondan:

— Ilki gaharlanan senmi? — diýip soraýar.

Ol adam:

— Hawa — diýýär.

Onda Hezreti Aly:

— Muhammet alaýhyssalam zulum eden adama ýardam bermegi gadagan etdi — diýýär we ol adamy öýünden çykaryp goýberýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Adyl ýaşan musulman adama dowzah odundan gorkmagyň geregi ýokdur» diýýär.

* * *

Hysrow şalarynyň biri wepar bolanda onuň ýanyndan bir gutujyk tapýarlar. Ol gutynyň içinde nar däneleri we bir hat bardy. Ol hatda: «Adamlara şu nar däneleriniň deň bolşy ýaly, deň göz bilen serediň» diýip ýazylgydy.

* * *

Bir Kufaly adam Mamunyň ýanyna gelip oňa Kufanyň häkiminiň üstünden arz-şikaýat edýär. Mamun ol adama:

— Men ol adamy iň adyl we ynsaply häkimim hasaplaýardym. Ol raýatlaryna deň göz bilen seredýändir öýdýärdim — diýýär.

Ol adam:

— Eý, möminleriň emiri! Senden adyl we ynsaply hökümdar ýokdur. Eger sen ol adamy şeýle sypatda göz öňüne getirýän bolsaň, onda ony seniň golastyňdaky ähli welaýatdyr şäherlere häkim goýup gör. Goý, beýleki şäherdir welaýatlar hem biziňki ýaly «Adyl soltanly bolup görsünler» — diýýär.

Mamun onuň diýenine gülüp goýberýär we Kufanyň häkimini işinden boşadýar.

* * *

Yda ibn Arta emewiler halypasy Omar ibn Abdylezize: «Adamlar zorluk görkezmeseň salgyt tölänoklar» diýip hat ýollaýar.

Omar bu hata jogap edip: «Sen maňa beýle hat ýollap adamlara ezýet bermäge menden rugsat soraýarsyňmy? Meniň olara azap berip, salgyt al diýmegim seni Allanyň gazabyndan we dowzah odundan halas eder öýdýänsiň. Adamlar näme berse, şony hem al. Tölemekden boýun gaçyrýany öz gününe goý. Ähli zatlara Alla şaýatdyr. Alladan ant içýärin, jebir-

sütem halkyň gözýaşy bilen doldurylan gaznadan meniň üçin boş gazna haýyrlydyr» diýip hat ýazýar.

* * *

Müsürden bir adam Omar ibn Hattabyň (goý, Alla ondan razy bolsun!) ýanyna gelip:

— Eý, möminleriň emiri! Men senden haraý gözläp geldim — diýýär.

Omar ol adama:

— Haraý isläp gelen bolsaň, sen ony tapdyň. Aýt, kim seniň göwnüňe degdi? — diýip soraýar.

Ol adam:

— Men Amr ibn Asyň ogly bilen ýaryşyp, ondan üstün çykdym. Ol: «Sen meniň iň hormatlanýan adamyň ogludygymy bileňokmy?» diýip, meni gamçy bilen saýgylady we seniň ýanyňa goýbermejek bolup tussaglykda saklady. Men eýdip-beýdip gaçyp, seniň ýanyňa geldim — diýýär.

Omar Amr ibn Asa hat ýollaýar. Ol hatda: «Eý, Amr! Şu haty alanyňdan ogluňy alyp, derhal ýanyma gel» diýip ýazýar.

Amr ogly bilen Omaryň ýanyna gelende, Omar müsürli adama gamçy berip:

— Iň hormatlanýan adamyň ogluny ur — diýýär.

Müsürli adam Amr ibn Asyň ogly:

— Eý, möminleriň emiri! Hata iş etdim — diýip gygyrýança, urmagyny dowam etdi.

Soňra Omar müsürli adama:

— Galan jezany Amryň özi berer — diýýär we Amra:

— Eý, Amr, siz haçandan bäri enesinden azat bolup doglan adamlary gul edip başladyňyz? — diýýär.

* * *

Fazyl: «Diňe söz bilen däl-de, iş ýüzümde-de adyl bolmalydyr» diýýär.

* * *

Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!) halypalyk eden döwründe raýatlara ýagşy nahar berip, özi gury çörek iýerdi. Ile don ýapyp, özi ýamaly geýnerdi. Adamlaryň hakyny berende zyýadasy bilen bererdi.

* * *

Bir gezek emewiler halypasy Süleýman ibn Abdylmälik Abu Hazymdan:

— Bu dünýäden ýagşy işler edip gitmek üçin näme etmeli? — diýip soranda, ol:

— Kişiniň hakyny iýme ýa-da onuň hakyna zyýan berme — diýýär.

Süleýman:

— Kimler şeýle ýaşap bilýär? — diýip soranda, Abu Hazym:

— Jenneti isleýän we dowzah odundan gaçýan adamlar — diýip jogap berýär.

* * *

Adyl soltanyň höküm sürýän ýurdy ýumrulmaz.

* * *

Adyllyk — dagyň çür başynda gurlan galadyr. Ony sil hem almaz, manjanyk[1] hem harap eýlemez.

[1] Manjanyk – daş atýan söweş guraly.

* * *

Adyllyk — Allanyň terezisidir. Zulum şeýtanyň ölçeg daşydyr.

* * *

Adyl soltanyň ýardamçysam, penakärem Alladyr.

* * *

Erdeşir: «Soltan adyl bolanda, raýatlaryň özi oňa boýun bolmak islärler» diýýär.

* * *

Erdeşir: «Soltan bolmak üçin wezipeli egindeşleriň bolmalydyr. Wezipeli bolmak üçin baýlyk bolmalydyr. Baýlyk gazanmak üçin işleriňi dogry dolandyrmagy başarmalydyr. Işiňi dogry dolandyrmak üçin adyl we ýagşy syýasatçy bolmalydyr» diýýär.

Erdeşirden soňra pars şalarynyň içinde özüniň adyllygy bilen şan-şöhrat gazanan Anuşirwandyr. Hysrowly şalaryň köpüsi sirkä ýatyrylan et iýmekden we ýüpek don geýip dynç alyp ýatmakdan, at münüp ogluna edep bermekden başga iş bilen meşgul bolmadylar.

* * *

Amr ibn Musgyda[1] Mamuna at sowgat berýär we şeýle diýýär:

---

[1] Amr ibn Musgyda ibn Sagyt ibn Sul ibn Sul. Ol Mamunyň weziri we şol döwrüň dana adamlarynyň biridir. Mamunyň weziri bolandan soň, onuň abraýy artyp, iň baý adamlaryň birine öwrülýär. Ol Mamun bilen rumlylara garşy söweşe gidende 217-nji hijri ýylynda wepat bolýar.

Hojaýyna ýaraşýan we gerekli zat,
Guluna haramdyr beýle ýyndam at.

* * *

Anuşirwan: «Raýatlara adyllyk eden soltan Allanyň bereketine ýeter. Onuň döwleti müň ýyllap gülläp öser. Eşkanylar adyl döwran sürdiler. Şonuň üçin hem olaryň hökümdarlygy uzaga çekdi. Döwletiň gülläp ösmegi onuň şasynyň adyllygyna baglydyr. Hökümdarlar ýaşan ömrüni adyl ýaşasa rahat ýaşarlar we mundan hem haýyrly ýaşaýyşa — jennete geçerler» diýýär.

* * *

Aristotel: «Iň ýagşy amal adyllykdyr. Ol ähli haýyr işleriň seresidir. Adyllyk edýänem, adyllyk edilýänem ýagşy işiň başyny tutýan adamlardyr. Zulum iň erbet işdir. Ol ýaman işleriň seresidir. Zulum edýänem, zulum etmäge ýardam berýänem ýaman işleriň başyny tutýan adamlardyr» diýýär.

* * *

Sokrat: «Adyl ýürek adamlaryň şatlyk çeşmesidir. Adyl soltan ähli ýer ýüzüniň şatlygynyň gözbaşydyr. Zalym ýürek adamlara gaýgy-gam getirýän çeşmedir. Zalym soltan ähli ýer ýüzüniň gaýgy-gamynyň gözbaşydyr.» diýýär.

* * *

Bir gezek Abdylla ibn Zymga[1] Hezreti Alynyň (goý, Alla ondan razy bolsun!) halypalyk eden döwründe onuň ýanyna gelip pul soraýar. Onda Hezreti Aly:

---

[1] Abdylla ibn Zymga ibn Eswet ibn Mutallyp ibn Eset ibn Abdyluzza. Ol Muhammet pygamberiň aýaly Ümmi Selmäniň aýal doganynyň ogludyr. Ýaş

— Gaznadaky pul meniň pulum hem däl, seniňki hem däl. Bu pullar yslam üçin gylyç syryp uruşýan esgerleriň puly. Eger sen ol puldan nesibäňi almak isleseň olar bilen deň gazawata gidip söweşmeli bolarsyň. Men bu puldan saňa diňe olar öz dilleri bilen razylyk berseler, berip bilerin — diýýär.

* * *

Bir gezek bir adam Omar ibn Hattabyň (goý, Alla ondan razy bolsun!) ýanyna gelýär. Omar bu wagt çyra ýakyp musulmanlaryň gaznadaky puluny hasaplap otyrdy. Omar ol adamdan:

— Sen şahsy işiň bilen geldiňmi ýa-da umumy musulmanlaryň işi bilen? Eger sen umumy musulmanlaryň işi bilen gelen bolsaň, onda çyra ýanyp durubersin. Eger şahsy işiň bilen gelen bolsaň, çyrany öçürjek. Sebäbi oňa ýakylýan ýangyç musulmanlaryň puluna alnandyr — diýýär.

* * *

Danalar: «Adyl soltan höküm sürende, wagtyň geçmezligini islärsiň» diýdiler.

* * *

Ýere adyllyk tohumyny ekseň, şer hasyl ýygnamaly bolmarsyň.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!) özüniň ähli ýerlerdäki häkimlerine: «Allatagala tagat ediň. Musulman doganlaryňyza zulum etmäň. Olara güýji ýetmejek ýük ýüklemäň. Salgyt ýygnanyňyzda Allany ýatlaň we onuň emr

---

wagty yslamy kabul edýär we Medinä hijret edýär. Ol birnäçe ynamly hadys gürrüň beren adamlaryň biridir. Ol 35-nji hijri ýylynda şehit bolýar.

eden salgydyny alyň. Ähli işleriňizde adyllygy we ynsaby ýaran tutunyň» diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!) Mälik ibn Harysy Müsüre häkim bellände: «Halkyň hal-ýagdaýyna seret. Olar bilen mejlis gurap ýagdaýlaryny bil. Ähli işleriňde Alla bil bagla. Adyllyk ýoluny tutup, Alla bil baglan adamyň işi rowaç alar» diýýär.

* * *

Azat adamlary adyllyk bilen, duşmanyňy gylyç bilen özüňe boýun edip bolýandyr.

* * *

Bir gezek Omar ibn Hattaba (goý, Alla ondan razy bolsun!) köp pul getirýärler. Hafsa[1] onuň ýanyna gelip, ondan bu puldan oňa-da berilmegini soraýar we:

— Eý, möminleriň emiri! Her bir adam başardygyndan dogan-garyndaşyna ýardam bermelidir — diýýär.

Omar oňa:

— Eý, gyzym! Garyndaşlaryma ýardam bermeli bolsam, men öz pulumdan bermelidirin. Bu pul bolsa musulmanlaryň puludyr. Öz bähbidiň sebäpli ähli musulmanlaryň bähbidini ýadyňdan çykardyňmy? — diýýär.

Hafsa utanyp, hiç zat diýmän çykyp gidýär.

---

[1] Omar ibn Hattabyň gyzy Hafsa. Ol Muhammet pygamberiň aýalydyr. Ol ilki Hanys ibn Hazafa Sehmä durmuşa çykýar we yslamy kabul edip, Medinä hijret edýär. Medinede onuň adamsy wepat bolýar. 2-nji hijri ýylynda Muhammet pygambere durmuşa çykýar we Pygamber wepat bolandan soň hem Medinede ýaşamagyny dowam etdirýär. Altmyş ýaşynyň içinde 45-nji hijri ýylynda wepat bolýar. Hafsa altmyş hadysy gürrüň berýär.

## ELLI IKINJI BAP

## BIKÄRLIK, ÝADAWLYK, ÝALTALYK, IŞ BAŞARMAZLYK, NÄMEDIR BIR ZADA ŞEKLENMEK, HAÝAL-ÝAGALLYK ETMEK HAKYNDA

Sagdy Wakgas Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär: Muhammet pygamber:

— Sizden kimdir biri oturan ýerinde müň sogap gazanasy gelýärmi? - diýip soraýar.

Onda adamlardan biri:

— Ol nähili? — diýip soranda, Muhammet alaýhyssalam:

— Ýüz gezek tesbi sanana müň sogap ýazylýandyr — diýýär.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Bikärlige endik eden durmuşda hor bolar» diýýär.

* * *

Eksem ibn Seýfi:

— Dünýäniň ähli işlerini men edýän bolsadym — diýende, ondan:

— Näme üçin? — diýip soranlarynda, ol:

— Şeýtsem maňa hiç hili ýaltalyk howp salmazdy — diýýär.

* * *

Dana: «Men bu işi başaramok» diýmek ýaltalygyň alamatydyr.

* * *

Sasanlylar döwletiniň düýbüni tutan Sasan özüniň elinde göterýän taýagyna: «Hereket — bereketdir. Işsizlik heläkçilikdir. Ýaltalyk bolsa betbagtlykdyr. Bikärlik ejizlige eltýändir. Ýatan ýolbarsdan seňkildäp ýören it haýyrlydyr» diýen sözleri ýazdyrýar.

* * *

Bikärlik we ýaltalyk garyplygyň ýakyn ýardamçylarydyr.

* * *

Abu Mugafy şeýle diýýär:

Haýal-ýagallyk bilen durmuş gursa ýaltalyk,
Dokuz aýdan olardan dünýä iner garyplyk.

* * *

Bir gezek apbaslylar halypasy Mugtasym gezelenje çykanda öňünden ýolbars çykýar. Ol ýanyndaky göwresi daýaw egindeşine:

— Häzir seniň haýryň degermi? — diýip ýüzlenende, ol çaltlyk bilen:

— Eý, möminleriň emiri! Menden kömege garaşma — diýýär.

Onda Mugtasym gülüp:

— Öýüň köýsün, bir haýwanyň öňünde ejizleseň, duşman gelse näme etjek? Haçan senden kömege garaşmaly — diýýär.

* * *

Bir çarwa: «Bikärligi halaýan ýigit hilegärlilik etmegi gowy görýändir» diýýär.

* * *

Şeýtana tagat edýän adam ýaltalygy söýýändir.

* * *

Hasan Basry: «Ýalňyş ýoly dogry hasaplap, daşyna adamlary toplan we Allanyň beren nygmatyny haýyr işe däl-de, haram işlere sarp eden adamlar kyýamat güni çirkin ses ederler» diýýär.

* * *

Bir gezek Sehl ibn Haruna[1]:

— Käbir adamlar hojaýynlaryna it ýaly hyzmat edýärler — diýenlerinde, ol:

— Bu sözleri diňe ýalta adam aýdyp biler — diýýär.

* * *

Lübeýt: «Emr edilen işi etmeseň ýaltalyga duçar bolarsyň» diýýär.

---

[1] Sehl ibn Harun ibn Rahybun Abu Amr asly Pars ýurdundandyr. Ol Basra we Ahwaz şäherleriniň arasynda ýerleşen Destimeýsan obasyndandyr. Ol ilki Harun Reşide soňra bolsa Mamuna hyzmat edýär. Harun Reşide hyzmat edende abraýy galyp, Harun Reşit ony Ýahýa ibn Barmakynyň ýerine diwanyň ýolbaşçysy edip belleýär. Mamunyň halypalyk eden döwründe oňa döwlet işlerini dolandyrmagy ynanýar. Ol dana, pelsepeçi we şahyr adam bolupdyr. Şol sebäpli oňa: «Yslamyň Buzurgmehri» diýip at berýärler. Ol özüniň gysgançlygy bilen meşhurdy. Onuň ýazan we beýleki dillerden terjime eden kitaplary örän köpdür.

* * *

Bikärligiň we ýaltalygyň soňy betbagtlylykdyr.

* * *

Ýaltalyk bilen edilen işiň soňy minnetdir.

* * *

Ýaltalyk gedaýçylyk etmäge mejbur eder.

* * *

Bedeniň gowşaklygy we dürli keseller ýaltalyk daragtynyň miwesidir.

* * *

Ýalta adamy nämedir bir zat üçin bir ýere ibermekçi bolsaň, ol saňa akyl satyp başlar.

* * *

Bikärlik ýaltalygyň netijesidir.

* * *

Lukman Hekim: «Eý, oglum! Ýaltalyk we bikärlikden daşda dur. Sebäbi bu iki häsiýetli bolan adam maksadyna ýetip bilýän däldir» diýýär.

* * *

Tahyr ibn Fazyl: «Ýalta adam müneçjim, gysganç adam tebip bolýandyr» diýýär.

* * *

Apbasly halypasy Mamun: «Göwün elmydama rahatlyk isleýändir. Emma işläp ýadandan soňky rahatlygyň lezzeti başgaçadyr» diýýär.

* * *

Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Bu dünýäsiniň we ahyretiniň amalyny etmän boş gezip ýören adam meniň üçin iň ýigrenji adamdyr» diýýär.

* * *

Zähmet adamyň abraýyny galdyrar. Bikärlik onuň zaýalanmagyna getirer.

* * *

Kimdir biri bikär gezse, oňa: «Sabat Hajjam» ýaly diýerdiler.

Sabat atly bir adam bolupdyr. Ol adamdaky hapa gany alýan eken. Emma ol bu işi bilen hiç hili meşgul bolmazdy.

Günleriň birinde Ebrewiz oňa gan aldyrýar we oňa köp pul peşgeş berýär. Şondan soň ol onuň goşunynyň ähli esgerlerini hajm edýär. Emma şondan soň bir-iki hepde geçýär welin, hiç kim oňa gan aldyrmaga gelmeýär. Ol bikärlikden ejesiniň ganyny alýar.

Birnäçe gün geçýär welin, hiç hili müşderi gelmänden soňra, ýene-de ejesiniň ganyny alýar. Onuň ejesi köp gan giderip wepat bolýar. Şondan soňra Sabat hajm etmesini goýup, bikärlige ýüz urýar.

* * *

Enes Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Kyýamat güni ýalta we bikär boş gezen adamlardan has güýçli sorag ediler» diýýär.

* * *

Eger bir adam başga birine: «Seniň sözleriň meniň gulagymdan asylan gulakhalka ýalydyr» diýse, onda onuň bu sözleri: «Men seniň aýdanlaryňy ýatdan çykarmaryn» diýdigidir.

* * *

Jabyr ibn Abdylla Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Bäş zat: alma iýmek, galak-gaçak iýmek, gözüň aşagyndan gan aldyrmak, köp gamlanmak we akar suwa buşugmak ýatkeşligiňe zyýan edýär» diýýär.

* * *

Gadymy kitaplaryň birinde: «Aýallara we doňýürek adamlara huşsuzlik mahsusdyr» diýilýär.

* * *

Bir baý adam gullarynyň adyny hiç ýatda saklap bilenokdy. Ol özüniň iş dolandyryjysyna:

— Indi maňa gul satyn alsaň, ady meşhur atlysyny satyn al — diýip sargaýar.

Ol gidip, gul satyn alyp gelýär we hojaýynyna:

— Ynha seniň diýşiň ýaly etdim. Onuň ady Wakytdyr — diýýär.

Onda ol baý:

— Indi onuň ady ýadymdan çykmaz. Hany, şu ýere geç, Farkat! — diýýär.

* * *

Abdylkaýs taýpasyndan bir adam ölüm ýassygynda ýatyrka, onuň dogan-garyndaşy:

— Bize näme wesýet etjek? — diýenlerinde, ol:

— Bu dünýäni ýadyňyz ýerindekä terk ediň — diýýär.

* * *

Arap dilinde «zeker» erkek adam diýmekdir. Ol «zekere» ýatlamak işliginden ýasalandyr. Şonuň üçin erkek adama ýatkeşlik mahsusdyr.

«Nisä» aýal diýmekdir. Ol «nesä» ýatdan çykarmak işliginden ýasalandyr. Şonuň üçin hem käbir aýallara huşsuzlyk mahsusdyr.

# ELLI ÜÇÜNJI BAP

## PÄK GÖWÜNLI BOLMAK, HUDAÝDAN GORKMAK, HAÝYR IŞ ETMEK, HALAL-HARAMY ÝATLAMAK, AÝAL WE ERKEK ADAMLARA DEGIŞLI MESELELER HAKYNDA

Hezreti Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Päkgöwünlilik garyp adamyň baýlygydyr» diýýär.

* * *

Bir gezek Dawut alaýhyssalam beni ysraýyla:

— Eý, beni ysraýyl! Hemmäňiz bir ýere jemleniň, size iki agyz diýjek zadym bar — diýýär. Beni ysraýylyň adamlary Dawudyň öýüniň gapysyna üýşýärler. Dawut olaryň ýanyna gelip:

— Eý, beni ysraýyl! Iýeniňizde halal iýiň we şol iýmiti iýen agzyňyzdan paýyş söz çykarmaň — diýýär.

* * *

Eger hakyky ylym öwrenip, ony kalbyň jümmüşine ornaşdyrjak bolsaň, onda bu durmuşyň aýşy-eşreti bilen kalbyň arasyna demir haýat bina et.

* * *

Süleýman alaýhyssalam: «Özüňdäki aýşy-eşrete bolan islege garşy göreşmek bütin goşuna garşy durmakdan kyndyr» diýýär.

* * *

Bir aýalyň owadan, uzyn saçlary bardy. Günleriň birinde ol saçyny syrdyrýar. Adamlar ondan munuň sebäbini soranlarynda, ol:

— Bir gün öýde otyrkam gapyny ýel açdy. Men öýde kelleýalaňaç otyrdym we gapyny ýapmaga ýönelenimde ýoldan geçip barýan bir adam meniň saçymy gördi. Maňa mährem bolmadyk adamyň gören saçlary gerek däl diýip, men saçymy syrdym — diýýär.

* * *

Päkgöwünli adam hemme kişä ynanýandyr. Sebäbi ol hemme kişini özi ýalydyr öýdýär.

* * *

Halallyk bilen gelen baýlyk ýagyş damjasy kimin damja-damjadan ýygnanýandyr. Emma haram baýlyk sil kimin özi üstüňe akyp gelýändir.

* * *

Bir adam Hajjaçdan gaçyp, dostunyň öýüne gelýär. Myhman alan adamyň nämedir bir işi çykyp gitmeli bolýar. Ol aýalyna:

— Meniň myhmanyma edip bildigiňden haýyr iş etgin we oňa ýagşy seretgin — diýip sargaýar.

Ol adam bir aýdan gaýdyp gelip:

— Meniň myhmanym nähili? — diýip soranda, ol adamyň aýaly:

— Ol kör öýdýän — diýýär.

Ol myhman adamsy ýok aýala seretmezlik üçin gözüni ýumup ýere seredip oturar eken.

* * *

Beni nemirden bir adam ýoldan geçip barýan bir aýala seredip:

— Bu aýal hor eken — diýýär.

Onda ol aýal:

— Eý, beni nemirliler! Siz ne Allanyň, ne-de şahyryň diýenini edýärsiňiz. Allatagala: «Eý, Muhammet! Möminlere aýt, goý, gözlerini gorasynlar» diýdi — diýýär.

Şahyr bolsa şeýle diýýär:

Zenanyň ak topugyna seredenden,
Seret ite, bolmaz günäň artyk çenden.

Ol aýal bu goşgyny aýdyp, ýoluny dowam etdirýär.

* * *

Ähli rowaýatçylar we taryhçylar Omar ibn Abu Rabygany iň päkgöwünli adam hasaplaýardylar.

* * *

Bir gezek Hasan Basra:

— Pylanynyň on müň dinary bar — diýenlerinde, ol:

— Ony halal ýol bilen ýygnandyr öýdemok — diýýär.

* * *

Halal iýeniňizde doýup iýmäge endik etme, sebäbi halaldan doýmadyk günüň harama ýüz urmagyň mümkin.

* * *

Bir gezek Kahmas ibn Hasan Hanapy[1] bir dinar ýitirýär. Ol egindeşleri bilen ol bir dinary gözläp-gözläp tapýarlar. Emma Kahmas: «Mümkin bu dinar meniňki däldir» diýýär we ol dinary almakdan ýüz dönderýär.

* * *

Ibn Sirin düýşünde-de zenan maşgala görse ýüzüni sowardy.

* * *

Käbir adamlar: «Ibn Siriniň düýşündäki takwalygy biziň huşumyzda bolsady» diýip arzuw edýärdiler.

* * *

Bir gün Ýunus ibn Ubeýdiň öýünde mejlis bolýar. Ol mejlisde her kim: «Dinde we durmuşda iň esasy zat näme?» diýip jedel edýärler. Biri namaz diýse, ýene-de biri oraza diýýär. Biri sadaka bermek diýse, ýene-de biri haj etmek diýýär. Onda Hasan ibn Abu Sennan[2]:

— Adam üçin dinde-de, durmuşda-da iň esasy zat Hudaýdan gorkýan ýürekdir. Ol bolmasa ol adam namazam, orazanam, hajam, sadakanam bilmez — diýýär.

---

[1] Kahmas ibn Hasan Hanapy. Beni hanypa taýpasyndan bolup, örän salyh adamlaryň biri. Ol azan aýdýardy. 149-njy hijri ýylynda wepat bolýar.

[2] Abu Abdylla Hassan ibn Abu Sennan Basry. Ol dindar, sadyk we Basranyň baý täjir adamlarynyň biri bolupdyr. Ahwaza söwda üçin köp giderdi. Ol köp ybadat edýän adamdy.

* * *

Mahmyt Warrak şeýle diýýär:

Ynsan ýüregini baýlyk söýgüsi gaplasa,
Ol ýürekde Hudaýa gorky galarmy, eýse.

* * *

Ibn Mübärek: «Abu Hanypa özüne gyrnak satyn almak isledi. Ol gyrnak alsam gowumy ýa-da almasam diýip, on ýyl oýlandy we adamlar bilen maslahatlaşdy» diýýär.

* * *

Bir gezek Kufadaky iki obanyň goýun sürüsi goşulýar. Bu habary eşiden Abu Hanypa goýun çopanlarynyň birinden:

— Goýun näçe ýyl ýaşaýar? — diýip soraýar.

Onda ol çopan:

— Ýedi ýyl — diýip jogap berýär.

Abu Hanypa kişi malyny iýmezlik üçin ýedi ýyllap goýun etini iýmeýär.

* * *

Bir gezek apbaslylar halypasy Mansur Abu Hanypa bir gapjyk pul goýberýär. Abu Hanypa ol gapjygy öýüň künjegine zyňyp goýberýär. Abu Hanypa wepat bolandan soňra onuň ogly Hammat Hasan ibn Kahtamanyň[1] ýanyna baryp, oňa:

---

[1] Hasan ibn Kahtama Taýy. Apbaslylar döwletiniň ilkinji serkerdeleriniň biri. Ol 98-nji hijri ýylynda eneden dogulýar. 136-nji hijri ýylynda Mansur ony Ermenistana, 137-nji hijri ýylynda bolsa, Sana häkim belleýär. Soňra ony Abu Müslim Horasana Abdylla ibn Alyny öldürmek üçin kömekçi edip belleýär. 140-njy hijri ýylynda Mansur ony we Abdylwahhap ibn Ybraýymy ýetmiş müň goşuna baş edip, Malatyýa ýörişe ugradýar. Ol Malatyýada uly meşhurlyga eýe bolýar. 181-nji hijri ýylynda Bagdatda wepat bolýar

— Kakam maňa şu amanady gaýdyp bermegi wesýet edipdi — diýýär we Mansuryň gapjygyny gaýdyp berýär.

Onda Hasan ibn Kahtama:

— Amanada hyýanat etmeýän kakaňa Alla rehim etsin we seni öz penasynda aman saklasyn — diýýär.

* * *

Sufýan Söwri: «Eliňdäki dirhemiňe seret, ony nähili gazananyňy ýadyňa sal. Sebäbi owal-ahyr sen ol dirhem üçin hasabat bermeli bolarsyň» diýýär.

* * *

Jabyr Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Haram iýip tenine et biten adam jennete girmez. Onuň bu eti dowzahda ýanmaga mynasypdyr» diýýär.

* * *

Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär. Ol: «Şeýle wagt geler adamlar gazanan maly-mülki halaldanmy, haramdanmydygyna pitwa berip durmazlar» diýýär.

* * *

Abubekr Syddyk (goý, Alla ondan razy bolsun!): «Allatagala haram iýip ýaşan bedene jenneti haram etdi» diýýär.

* * *

Huzeýfa Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edýär: Muhammet pygamber: «Käbir adamlar dag ýaly sogaplary bolsa-da, Allatagala bu sogaplary biderege çykaryp, ol adamy dowzaha oklar» diýýär.

Selman Parsy:

— Eý, Resulalla! Ol näme sebäpden? — diýip soraýar.

Onda Muhammet alaýhyssalam:

— Ol adamlar namaz hem okadylar, oraza hem tutdular, haýyr-sogap hem etdiler. Emma haram baýlyk görseler, oňa-da açgözlük bilen topuldylar — diýýär.

* * *

Eýmen ibn Hadym şeýle diýýär:

Ýaş wagtyň haram iýip, döwran sürdüň sen,
Haýry ýokdur garranyňda toba etseň hem.

* * *

Abu Süleýman Darany: «Kim-de kim bu dünýäniň haram aýşy-eşretini terk edip bilse, onda ol adama dowzah ody haramdyr» diýýär.

* * *

Bir gezek Süleýman Hawwas bilen Ybraýym ibn Edhem saparda gidip barýarkalar, bir kowum olary myhmançylyga çagyrýar. Onda Süleýman Hawwas: «Eý, Abu Yshak! Eger olaryň bize hödür edýän zatlary halal gazanylan bolsa, myhman bolmak iň ýagşy zatdyr» diýýär.

* * *

Merwan ibn Mugawyýa[1]: «Sufýan Söwriniň dogany bardy. Onuň Sufýana pul bergisi bardy. Sufýan doganynyň bergiden çykyp, başy dynç ýaşamagyny islärdi. Ol doganyny

[1] Merwan ibn Mugawyýa ibn Harys ibn Esma ibn Haryja Fezary. Mekgede we Damaskda ýaşan ygtybarly hadys aýdan adamlaryň biri. Ol 193-nji hijri ýylynda aradan çykýar.

özüniň dükanyna getirip, harytlaryny satdyrardy we bergisini geçerdi» diýýär.

* * *

Iň lezzetli zat Allatagala päk ýürek bilen ybadat etmekdir.

* * *

Eger baý bolsaň, adamlara haýyr-yhsan bilen kömek et. Eger garyp bolsaň, päk ýürekli bol.

* * *

Dana: «Meniň üçin päkgöwünli bolmak iň uly lezzetdir. Kimdir biri kyn ýagdaýda saňa kömek edip soňundan minnet edeninden, şol kynçylyga sabyr edip başyndan geçir» diýýär.

* * *

Bir gezek Ibn Museýýibe:

— Hajjaja lagnat aýt! — diýenlerinde, ol:

— Hemmeler Hajjaçdan zulum görüp, Hajjaç hem menden zulum görsünmi? Ählimiziň günä-sogabymyzy Allatagala ölçeýändir — diýýär.

* * *

Hasan Basry: «Eger halal çörek tapsam, men ony üwäp, täzeden una öwürerdim we derdime derman ederdim» diýýär.

* * *

Bir adam Sufýan ibn Söwrä:

— Meniň eşigimden Käbä sepilen atyryň ysy gelip dur — diýende, Söwri:

— Eşigiňi ýuw. Bu atyryň ysy üçin örän köp musulmanlaryň gany dökülendir — diýýär.

* * *

Fazylyň ogly Aly: «Biziň bir goýnumyz bardy. Günleriň birinde ol goýun ýatagyndan çykyp, bir baý emiriň mellegindäki otdan iýipdir. Bu barada kakama aýdanymdan soň, kakam bu goýnuň süýdüni hiç haçan içmedi» diýýär.

* * *

Ybraýym ibn Edhem: «Men Şamda ýigrimi dört ýyldan bäri ýaşaýaryn. Men bu ýere jyhat üçin ýa-da aňsat ýaşaýyş gözläp gelmedim. Men Şama halal çörek iýmek üçin geldim» diýýär.

* * *

Göwni päk adam zandy ýaman işlerden, pyssy-pyjurlykdan daşdadyr.

* * *

Günleriň birinde Ibn Möwla Medeni emewiler halypasy Abdylmälik bilen päk ýüreklilik we ýagşy gylyk-häsiýet hakynda gürleşip oturýarlar. Şonda Ibn Möwla[1] şeýle diýýär:

Men agladym, emma Leýla aglamady,
Ol ok atdy, emma beden tyglanmady.

Onda Abdylmälik:

---

[1] Muhammet ibn Abdylla ibn Müslim. Emewileriň we apbaslylar diwanynyň köşk şahyry. Ol Medinede doglup, şol ýerde önüp-ösýär. Medinede Abdylmäligi öwüp goşgy ýazýar. Soňra apbaslylar döwleti dörände Medinäniň emiri Japar ibn Süleýman Haşymyny we Ýemäme emiri Kasam ibn Apbasa bagyşlap goşgy ýazýar. Soňra Yraga gidip, Mätä bagyşlap goşgy goşýar. Iň soňunda-da Müsüre gidip, Ýezit ibn Hatym ibn Kabysa Mehlebini öwüp goşgy goşýar we oňa hyzmat edýär. Ol akylly we päk ýürekli adam hasaplanypdyr.

— Seniň Leýla diýeniň kim? Eger ol biriniň gyzy bolsa, men oňa seni öýereýin. Eger ol gyrnak bolsa, onda men ony saňa satyn alyp bereýin — diýýär.

Ibn Möwla:

— Eý, möminleriň emiri! Olaryň ikisi hem däl. Men kimdir biriniň gyzyny ýa-da gyrnagyny wasp edip bilmezdim. Meniň Leýla diýenim meniň ýaýymdyr. Men Leýla diýip öz ýaýyma at berdim we ony goşgymda wasp edýärin — diýýär.

* * *

Bir gezek Äşe (goý, Alla ondan razy bolsun!) Muhammet alaýhyssalamdan:

— Eý, Resulalla! Mömin adam nähili bolmalydyr? — diýip soranda, ol:

— Ir bilen turup, eline iýjek çöregini alyp, ony nähili gazanandygy hakynda oýlanýan adam mömindir — diýýär.

Äşe:

— Eý, Resulalla! Olar hem gün görmelidir we ýagşy ýaşaýyşa ymtylmalydyr ahyryn — diýende, Muhammet alaýhyssalam:

— Hawa! Olar zähmet çekip gün görmelidir. Emma bu dünýäniň maly-mülküne aşyk bolman, halal ýaşaýyşa ymtylmalydyrlar — diýip jogap berýär.

* * *

Ybraýym ibn Mäti apbaslylar halypasy Mamundan gaçyp, daýzasy Zeýnep bint Abu Japaryň[1] öýüne gelýär. Zeýnep oňa hormat etmek üçin bir Melek atly gyrnagy berýär. Ol gyrnak diýseň edepli we owadan gyzdy. Ybraýym ibn Mäti oňa aşyk

[1] Zeýnep bint Abu Japar Mansur Mätiniň gyz doganydyr. Ol hakynda başga maglumat ýokdur.

bolýar. Günleriň birinde ol gyrnaga seredip goşgy aýdýar. Ol şeýle diýýär:

Oňa gazal aýdýaryn, diňe ol meň şypadarym,
Ak gollaryn uzatsa, arzuwym — golun ogşaryn.

Emma men bu ýerde myhman,
Myhmanyň ýagşysy — edebin saklan.

Ybraýym ibn Mäti bu ýerden gidenden soň, ol gyrnak Ybraýymy küýseýär. Gyrnak bikesiniň ýanyna baryp, Ybraýymy söýýändigini aýdýar. Onda Zeýnep:

— Bar, onuň ýanyna git we meniň seni oňa bagyş edendigimi habar ber — diýýär.

Ol Ybraýymyň ýanyna baryp:

— Ahyrynda maksadymyza ýetdik. Meniň bikäm meni saňa bagyş etdi. Men hem bagyş edilen hem bu habary saňa ýetirýän ilçidirin — diýýär.

Onda Ybraýym:

— Men öň saňa ýakynlaşan bolsam, onda amanada hyýanat etdigim bolardy. Indi bolsa sen meniňki bolduň — diýýär.

* * *

Muberret şeýle diýýär:

Aýşy-eşret meni erbetlige çagyrdy,
Emma utanç-haýam meni ýazgardy.

Haramdyr şer işe uzatsam elim,
Şolbada kesilsin iň soňky demim.

* * *

Isa alaýhyssalam: «Hiç bir adama erbet göz bilen seretmäň. Gözüňi erbet niýet bilen seretmekden gorasaň, owratyňy günä işden gorarsyň. Eger sen haram aýalyň köýnegine seretmän oňup bilýän bolsaň, onda şoňa seretme. Eger başarmasaň, Allanyň şerigatyny ýerine ýetirip, soňra seret» diýýär.

* * *

Bir gezek emewiler halypasy Omar ibn Abdyleziz hyzmatkärleriniň birine rihl[1] getirmegi emr edýär. Birnäçe wagtdan ol hyzmatkär owadan ýasalan rihl getirýär. Omar ibn Abdyleziz bu rihli görüp, haýran galýar we ol hyzmatkärden:

— Muny nireden aldyň? — diýip soraýar.

Ol hyzmatkär:

— Beýtil malyň hazynalarynyň birinde agaç bölejigi ýatan eken. Men ol agajy alyp rihl ýasadym, ynha-da şol — diýýär.

Onda Omar ibn Abdyleziz ol hyzmatkäre:

— Rihli bazara alyp git-de sat. Düşen puly agajy alan ýeriňe eltip goý — diýip emr edýär.

[1] Rihl – Gurhanyň aşagyna goýulýan agaç.

## MAZMUNY

**Otuz birinji bap.** Atlar, lakamlar we künýeler hakynda..........8

**Otuz ikinji bap.** Sapara gitmek, seýil etmek, gaýdyp gelmek, ara daşlyk, ýakynlyk we şuňa meňzeşler hakynda ..................34

**Otuz üçünji bap.** Çagalyk, ýaşlyk, garrylyk ýa-da ýaş hakynda..........................................................................45

**Otuz dördünji bap.** Watany, dogan-gardaşy, dost-ýary küýsemek, watany wasp etmek hakynda..................................60

**Otuz bäşinji bap.** Şer, günä, pyssy-pyjur işler hakynda .........63

**Otuz altynjy bap.** Şepagat, geçirimlilik, alada etmek, duşmançylygy aýyrmak, araçy bolmak hakynda .....................74

**Otuz ýedinji bap.** Sabyr etmek, ýaman işlerden özüňi saklamak, dogry sözlemek hakynda..........................................80

**Otuz sekizinji bap.** Hünärmenlik, senetçilik, işewürlik, senetçi, işewür adamlar hakynda..............................................92

**Otuz dokuzynjy bap.** Gurhanyň, goşgynyň harplaryny dogry okamak we aýdymyň halaldygy, haramdygy hakynda ..........103

**Kyrkynjy bap.** Dogruçyllyk, dogryňy aýtmak, hak işler etmek hakynda .......... 125

**Kyrk birinji bap.** Saglyk-salamatlyk, bedeniň kuwwwatlylygy we ony gorap saklamak hakynda .......... 147

**Kyrk ikinji bap.** Dileg, talap, haýyş etmek, onuň ýerine ýetmegi, oňa jogap berilmegi ýa-da gaýtarylmagy we tutanýerlilik hakynda .......... 156

**Kyrk üçünji bap.** Tagam we onuň görnüşleri, tagam taýýarlamak, myhman almak, açlyk we dokluk hakynda...... 189

**Kyrk dördünji bap.** Tama, haýyş, arzuw, wada etmek, islemek; bularyň ýerine ýetmegi we ýerine ýetmezligi hakynda .......... 228

**Kyrk bäşinji bap.** Allatagala, Onuň Resulyna, hökümdarlaryna tagat etmek we boýun bolmak hakynda ..... 237

**Kyrk altynjy bap.** Güman etmek we parasatlylyk, çekinmek we töhmet etmek, pikir etmek we syrly gürlemek hakynda .. 241

**Kyrk ýedinji bap.** Zulum etmek, ezýet bermek we doňýüreklillik hakynda .......... 250

**Kyrk sekizinji bap.** Köteklemek, igenmek, sögünmek, nalyş etmek, öýke-kine, kimdir biriniň başyndan inen bela duýgudaşlyk etmek we şuňa meňzeşler hakynda .......... 263

**Kyrk dokuzynjy bap.** Gullar, hyzmatkärler we olar bilen ýagşy gatnaşykda bolmak, olara zulum-sütem etmekden saklanmak hakynda ........................................................................270

**Ellinji bap.** Duşmançylyk, içigaralyk, bahyllyk, ýürekde kitüw saklamak, hemle, haýbat atmak hakynda ...............................287

**Elli birinji bap.** Adyllyk, ynsap, deňlik, adyllyga çagyrmak hakynda...................................................................................303

**Elli ikinji bap.** Bikärlik, ýadawlyk, ýaltalyk, iş başarmazlyk, nämedir bir zada şeklenmek, haýal-ýagalllyk etmek hakynda...................................................................................314

**Elli üçünji bap.** Päk göwünli bolmak, Hudaýdan gorkmak, haýyr iş etmek, halal-haramy ýatlamak, aýal we erkek adamlara degişli meseleler hakynda.....................................321

**Abulkasym Mahmyt ibn Omar
Jarulla Zamahşary**

## Ýagşyzadalaryň bahary

**III jilt**

**Tehredaktor S. Abaýew
Çeperçilik redaktory A. Muhammedow
Sahaby bezän D. Mämejikow
Korrektor Z. Abdyllaýewa**

Çap etmäge rugsat edildi 26.07.2004 ý.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Çap kagyzy 21.
Ofset kagyzy.
Ofset çap usuly.
Nusgasy 20 000 sany.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt № .
A-14570

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

---

Türkmen döwlet neşirýät gullugy,
744004, Aşgabat, 1995-nji (öňki Galkynyş) köçesi, 20.

Türkmenistanyň Metbugat merkezinde çap edildi.